MEKDEP KITAPHANASY

D. Baýsähedow

# IŇLISÇE–TÜRKMENÇE SÖZLÜK

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2009

UOK 82. 0 (0. 38)
B 33

D. Baýsähedow
B 33 **Iňlisçe-türkmençe sözlük.** Mekdep kitaphanasy– A. : Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

TDKP № 130, 2009 KBK 81. 2 inl+92

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzyň garaşsyz bitarap bolup, halkara sahnasyna özbaşdak çykmagy netijesinde daşary ýurtlar bilen syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary ösdi. Bu bolsa öz gezeginde daşary ýurt dillerini, ylaýta-da iňlis dilini öwrenmäge bolan islegi artdyrdy.

Eliňizdäki sözlük "Iňlisçe-türkmençe sözlükler" toplumynyň birinji basgançagy bolmak bilen mekdep okuwçylaryna, talyplara, mugallymlara niýetlenendir. Bu sözlükde häzirki zaman iňlis dilinde giňden ulanylýan 2250 söz jemlenendir.

Sözlügiň esasyny ýurdumyzda çap bolan okuw kitaplaryndan dykgat bilen saýlanyp alnan 1400 söz düzýär. Bu sözler soň dürli ýyllarda çap bolan sözlükler bilen deňeşdirilip, üsti ýetirildi. Deňeşdirmede ulanylan sözlükleriň arasynda düzümi ýörite kompýuter programmalary arkaly saýlanan sözlükler-de bar.

Sözlükde söz sanynyň azlygyna garamazdan, adybir beýleki sözlüklerden tapawutlylykda sözleriň manylarynyň doly terjimesini bermäge we olary mysallar bilen berkitmäge çalşyldy. Şonuň üçin-de, bu sözlük terjime işinde-de ulanylyp biler.

Biziň maksadymyz terjimeçi ulanar ýaly sözlük taýýarlamak däl-de, öwrenijini sözler bilen tanyşdyrmak we olaryň manysyny öwretmekdir. Beýleki sözlerden has köp ulanylýanlygy sebäpli, bu sözleri bilmek dil öwrenýänleriň wagtyny tygşytlap, zähmetini ýeňilleşdirer.

Sözlügiň maksadyna laýyklykda onda grammatik meseleler agzalman, fonetika we iň zerur bolan leksika köp üns berildi.

## SÖZLÜGI ULANMAK BARADA

Sözlükdäki ähli iňlis sözleri elipbiý tertibinde ýerleşdirilip, ýazylyşy birmeňzeş sözler rim sanlary bilen bellendi: **fine I** [fain]; **fine II** [fain].

Şol bir sözüň her manysynyň sinonimleriniň arasynda otur, aýry-aýry manylarynyň arasynda nokatly otur, başga söz toparlary hökmündäki manylarynyň arasynda bolsa ýata çyzyk ( / ) goýuldy, meselem: **ache** [eik] agyry; / agyrmak; **advance** [əd´vɑ:ns] öňe gitme(k), ilerleme(k); hüjüm etme(k); üstünlik (ösüş) gazanmak; deslapdan tölemek; / öň; öňe gidişlik.

Baş sözüň hem at, hem işlik ýa-da hem täsirini geçirýän, hem täsirini geçirmeýän işlik bolan ýagdaýynda biz tygşytlylyk üçin olary aýry-aýry söz hökmünde ýazman, bile ýazdyk: **brush** [brʌʃ] çotga(lamak); **damage** [´dæmidʒ] zyýan (ýetirmek), zelel (ýetirmek), zeper (ýetirmek); şikes (ýetirmek); **fine** [fain] jerime (etmek).

Her iňlis sözi halkara fonetika ulgamyna laýyklykda transkripsiýa bilen üpjün edildi, ýagny dörtburç ýaý içinde sözüň okalyşy berildi, emma praktiki ähmiýeti bolmansoň, şeýle hem manysyndan bilip bolýandygy sebäpli, biz sözleriň hemmesini grammatik maglumatlar bilen üpjün etmän, diňe manysyndan bilip bolmaýan ýagdaýlarda olaryň haýsy söz toparyna degişlidigini görkezmegi makul bildik.

Esasy sözler iňlis ýazuw düzgüni bilen ýazylyp, tapawut edýän ýerinde amerikan ýazuw düzgüni ýaý içinde berildi. Mysal üçin, iňlis ýazuw düzgüni boýunça **colour, centre, metre**, amerikança bolsa **color, center, meter** ýazylýar.

Terjimede sözüň gaýtalanmagyndan gaça durmak üçin, biz tilda alamatyny (~) ulandyk. Mysallarda nakyllar, atalar sözi, rowan sözler ulanylanda, olary tapawutlandyrmak maksady bilen ✧ alamatyndan peýdalandyk we başardygymyzdan olar bilen

manydaş türkmen nakyllaryny, atalar sözüni, rowan sözleri, şeýle hem düşünjeleri ulandyk: **cow** [kau] sygyr; ✧ *when the ~s come home ýagyş ýagan gijesi.*

Maksadymyz şu sözlük arkaly söz öwretmek bolansoň, biz has köp ulanylýan sözleri, ýagny çalyşmalary, sanlary, sorag sözlerini, hepdäniň günlerini, aý atlaryny, ölçeg birliklerini, şeýle hem nädogry işlikleriň sanawyny kitabyň ahyrynda aýratyn berdik. Şunda nädogry işlikleriň öten zaman şekili bilen öten zaman ortak işligi şekilleriniň arasynda nokatly otur, şol bir şekiliň iki görnüşiniň arasynda bolsa otur goýduk. Mysal: **do** [du:] **(**did; done**)**; **beat** [bi:t] **(**beat; beat, beaten;**)**. Nädogry işligiň öten zamany bilen öten zaman ortak işlik şekilleri birmeňzeş bolan ýagdaýynda biz ony gaýtalaman, bir gezek ýazmagy ýeterlik hasapladyk: **bend** [bend] **(**bent**)**. Bu şekiller söz birligi hökmünde gelende, biz olaryň haýsy işlige degişlidigini < alamaty arkaly aňlatdyk: **began** [bi´gæn] past < begin, **begun** [bi´gʌn] p. p. < begin; **bent** [bent] past we p. p. < bend.

Kitabyň başynda iňlis diliniň harp we sesleri barada gysgaça düşündiriş berdik, britan iňlis dili bilen amerikan iňlis diliniň ýazylyş we okalyş tapawutlary barada durup geçdik.

# Iňlis diliniň okalyşy barada

Iňlis diliniň esasy kynçylygy onda sözleriň ýazylyşy bilen okalyşynyň gabat gelmezligindedir. Şonuň üçin-de adatça sözlüklerde sözleriň okalyşyny görkezýän transkripsiýa ulanylýar.

Fonetik transkripsiýada basym belgisi basym düşýän bognuň öň ýanynda, esasy basym ýokardan [ˊ...], ikinji derejeli basym bolsa aşakdan [ˏ...] goýulýar. Mysal: [ˏkɔmbiˊneiʃən]; [ˏdekəˊreiʃən].

Bir bogunly sözlerde basym goýulmaýar. Iňlis dilinde deň derejeli iki basymly sözler-de bolýar, mysal: **undo** [ˊʌnˊdu].

Transkripsiýadaky iki nokat [:] uzynlygy aňladýar: **meet** [mi:t], **beat** [bi:t].

Iňlis dilinde-de türkmen dilindäki ýaly, sesleriň uzynlyk-gysgalygy sözüň manysynyň üýtgemegine getirip bilýär, şonuň üçin-de muňa dykgat edilmelidir.

## Iňlis diliniň sesleri:

### I. Çekimliler

**a. Uzyn çekimliler:** [a:] - aa; [i:] - ii; [ɔ:] - oo; [u:] - uu; [ju:] - ýuu; [æ] - ä; [ə:] - ö; [ɔ:] - oo;

**b. Gysga çekimliler:** [ʌ] - a; [i] - i; [e] - e; [u] - u; [ə] - ə;

**II. Diftoňlar (goşa sesler):** [ei] - eý; [ai] - aý; [iɔ] - oý; [ou] - öü; [uə] - uə; [ɜɛ] - eə; [iə] - iə;

**III. Triftoňlar (üçli sesler):** [aiə] - aýə; [auə] - auə;

### IV. Çekimsizler:

[b] - b; [d] - d; [ʤ] - j; [g] - g; [l] - l; [m] - m; [n] - n; [ŋ] - ň; [r] - r; [ʒ] - ž; [v] - v; [w] - w; [j] - ý; [z] - z; [f] - f; [h] - h; [k] - k; [p] - p; [s] - s; [t] - t; [ʃ] - ş; [ʧ] - ç; [θ] - c; [ð] - з.

**Bellik:**

1. Gysga sesler uzyn seslerden takmynan 4 esse gysga aýdylýar.
2. [ə] sesi [æ] sesi bilen [e] sesiniň aralygyndaky gysga sesdir.
3. [r] sesiniň aýdylyşy türkmen dilindäkiden tapawutlydyr.
4. [v] sesi aşaky dodak bilen ýokarky dişleriň arasynda döreýän süýkeş sesdir.

5. [s] we [z] sesleri dilujy-kentlewük süýkeş seslerdir.
6. [θ] we [ð]sesleri dilujy-dişara süýkeş seslerdir.

## Amerikan iňlis dilinde sözleriň aýdylyş tapawudy

Sözlükde amerikan iňlis dilinde britan iňlis dilindäkiden ýazylyşy, aýdylyşy we ulanylyşy tapawutlanýan sözler (amer.) gysgaltmasy bilen bellendi.

Esasy tapawut aşakdakylardan ybaratdyr:

| | Britan iňlis dilinde [ɑ:] | Amerikan iňlis dilinde [æ] |
|---|---|---|
| ask | [ɑ:sk] | [æsk] |
| castle | [kɑ:sl] | [kæsl] |
| grass | [grɑ:s] | [græs] |
| past | [pɑ:st] | [pæst] |
| can't | [kɑ:nt] | [kænt] |
| | [ɔ] | [ʌ] |
| common | [kɔmən] | [kʌmən] |
| on | [ɔn] | [ʌn] |
| rock | [rɔk] | [rʌk] |

## Amerikan iňlis dilinde sözleriň ýazylyş tapawudy

Amerikan iňlis diliniň ýazylyşynda-da britan iňlis dilindäkiden tapawutly ýerleri bar. Esasy tapawut aşakdakylardan ybaratdyr:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| ...our – colour | ...or – color |
| ...re – centre | ...er – center |
| ...ce – licence | ...se – license |

Mundan başga-da soňy **l, p** harplar bilen gutarýan sözlere goşulma goşulanda, britan iňlis dilinde soňky harp goşa ýazylýar, amerikan iňlis dilinde bolsa, üýtgewsiz galýar:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| travel – travelled – traveller – travelling<br>worship – worshipped – worshipping. | travel – traveled – traveler – traveling<br>worship – worshiped – worshiping. |

Şeýle hem, amerikan dilinde käbir sözlerdäki goşa ýazylýan harplaryň biri düşürilýär:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| waggon<br>woollen | wagon<br>woolen |

Amerikan iňlis dilinde kä ýagdaýda okalmaýan «e» harpy ýazylmaýar:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| *abridgement*<br>*acknowledgement*<br>*judgement*<br>*good bye*<br>*axe* | *abridgment*<br>*acknowledgment*<br>*judgment*<br>*good by*<br>*ax* |

Käbir ýagdaýda «en» sözöňi kömekçisiniň ýerine «in» ýazylýar:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| *enclose*<br>*ensure* | *inclose*<br>*insure* |

Iňlis diline fransuz dilinden geçen sözleriň okalmaýan ahyrky bogny amerikan dilinde ýazylmaýar:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
|---|---|
| *catalogue*<br>*programme*<br>*prologue* | *catalog*<br>*program*<br>*prolog* |

Amerikan iňlis dilinde käbir başga ýagdaýlar-da gabat gelýär:

| Britan iňlis dilinde | Amerikan iňlis dilinde |
| --- | --- |
| *staunch* | *stanch* |
| *mould* | *mold* |
| *moult* | *molt* |
| *grey* | *gray* |
| *plough* | *plow* |
| *skillful* | *skilful* |
| *tyre* | *tire* |

## Ulanylan gysgaltmalar

amer. – American English.
smb. – somebody.
smth. – something.
past – past tense
pl. – plural
p. p. – past participle
sing. – singular
ş.m. – şuňa meňzeşler.

## IŇLIS ELIPBIÝI

| Harplaryň ýazylyşy | Harplaryň atlary | Harplaryň ýazylyşy | Harplaryň atlary |
|---|---|---|---|
| **A a** | [ei] | **N n** | [en] |
| **B b** | [bi:] | **O o** | [ou] |
| **C c** | [si:] | **P p** | [pi:] |
| **D d** | [di:] | **Q q** | [kju:] |
| **E e** | [i:] | **R r** | [ɑ:] |
| **F f** | [ef] | **S s** | [es] |
| **G g** | [ʤi:] | **T t** | [ti:] |
| **H h** | [eiʧ] | **U u** | [ju:] |
| **I i** | [ai] | **V v** | [vi:] |
| **J j** | [ʤei] | **W w** | [dʌblju:] |
| **K k** | [kei] | **X x** | [eks] |
| **L l** | [el] | **Y y** | [wai] |
| **M m** | [em] | **Z z** | [zed] |

# A

**a (an)** **[ə]** **([ən])** nämälim artikl, kä ýagdaýda "bir" sözi arkaly terjime edilýär: ~ *book (bir) kitap; ~ apple alma; ten dollars ~ dozen on iki sanysy on dollar; ~ few birnäçe.*

**ability** [ə´biliti] ukyp; başarnyk; *he has much ~ for mathematics onuň matematika ukyby güýçli.*

**able** [´eibl] ukyply; *to be ~ başarmak, edip bilmek* (adatça, geljek hem öten zamanlarda *"can"* işliginiň deregine ulanylýar); *I shall not be ~ to come here tomorrow men ertir bu ýere gelip bilmerin; he hasn't been ~ to help us ol bize kömek edip bilmedi.*

**about** [ə´baut] barada, hakynda; / daş-töwerekde, ähli ýerde; ýanynda, golaýda; / takmynan, tas; *this article is ~ Turkmenistan bu makala Türkmenistan barada; to walk ~ the room otagda gezmelemek; I have no money ~ me meniň ýanymda pul ýok; ~ 100 pages takmynan 100 sahypa; to be ~ to do etmekçi bolmak; What ~ the coffee? Kofe içermisiňiz?*

**above** [ə´bʌv] ýokary, ýokarda, ýokaryk; ~ *all ilkinji nobatda; she lives on the floor ~ ol bir gat ýokarda ýaşaýar; there was ~ two hundred people in the hall zalda iki ýüzden gowrak adam bardy.*

**abroad** [ə´brɔːd] daşary yurt(da), serhet daşy(nda); çar ýan(da); *from ~ daşary ýurtdan; a trip ~ daşary ýurda syýahat.*

**absence** [´æbsəns] ýokluk, bolmazlyk, ýetmezçilik; *in my ~ men ýokkam; ~ of mind aljyraňňylyk.*

**absent** [´æbsənt] ýok; *who is ~ today? bu gün kim ýok?; Maral is ~ today bu gün Maral ýok.*

**accept** [ək´sept] kabul etmek; razy bolmak; *to ~ an invitation çakylygy kabul etmek.*

**accident** [´æksidənt] tötänlik, atanlyk; betbagtçylykly hadysa; *by ~ tötänden, atanlykda; to meet with an ~ betbagtçylykly hadysa uçramak.*

**accordance** [ə´kɔːdəns] laýyklyk; *in ~ with smth. bir zada laýyklykda.*

**according** [ə'kɔ:diŋ] laýyklykda, görä; ~ *to the newspapers gazetleriň ýazmagyna görä; ~ to him onuň aýtmagyna görä; ~ to law kanuna laýyklykda.*

**account** [ə'kaunt] hasap; hasaplama; habar, hasabat, balans; *on no ~/not on any ~ asla, hiç bir ýagdaýda; on ~ of ... sebäpli; to take into ~ göz öňünde tutmak; to make little ~ of köp ähmiýet bermezlik; to give an ~ of smth. bir zat barada hasabat bermek.*

**accurate** ['ækjurit] jür, dykgatly; takyk, dogry; ~ *within 0,001 mm 0,001 mm takyklygynda; are your scales ~? Siziň tereziňiz dogry çekýärmi? He is always ~ in use of words ol hemişe ulanýan sözlerine dykgat edýär.*

**ache** [eik] agyry; / agyrmak; *my head ~s (I have headache) kelläm agyrýar.*

**achieve** [ə'tʃi:v] ýetmek, gazanmak; *to ~ success üstünlik gazanmak; to ~ one's purpose (aim) maksadyňa ýetmek.*

**achievement** [ə'tʃi:vmənt] yetilen sepgit, gazanylanlar; ... gazananlary, *great economic ~s ägirt uly ykdysady üstünlikler.*

**acid** ['æsid] kislota; turşy; ~ *salt wodorod duzy; ~ proof /~ resistent kislota çydamly; ~ test kislota çydamlylygynyň barlagy; ~ value turşulyk derejesi.*

**across** [ə'krɔs] içinden, üstünden; / atanaklaýyn, çapraz; kese(ligine); garşylykly tarapa; garşylykly tarapda; *to go ~ a bridge köprüden geçmek; he lives ~ the field ol meýdanyň aňry tarapynda ýaşaýar; a bridge ~ the river derýanyň üstündäki köpri; with arms ~ gol gowşuryp.*

**act** [ækt] iş, hereket; karar, perman, kanun; resminama; görnüş (teatrda);/hereket etmek, herekete geçmek, özüňi alyp barmak; işlemek; (teatr.) oýnamak; ~ *of bravery edermenlik; an ~ of kindness sogap iş; ~ of God Allanyň işi, tebigy hadysa; a play of four ~s dört görnüşli oýun; to ~ a part rol oýnamak; to ~ at once haýal etmän, işe girişmek; it is time to ~ hereket etmäge wagt boldy.*

**action** ['ækʃən] hereket, iş, özüňi alyp baryş; uruş, çaknyşyk; *a man of ~ edenli adam; out of ~ işe ýaramaýan; to put out of ~ hatardan çykarmak;* ✧ *~s speak louder than words (nakyl) ýigidi işinden tana!*

**active** ['æktiv] işjeň, işeňňir, gaýratly, armazak, gujurly, dogumly; ~ *circulation dolanyşykdaky pul; an ~ person işeňňir adam; ~ voice düýp dereje.*

**activity** [æk´tiviti] iş, hereket, işeňňirlik, janlanma; *~ in the world market dünýä bazaryndaky janlanma; social/public ~ jemgyýetçilik işi.*

**actor** [´æktə] aktýor, artist.

**actress** [´æktris] aktrissa, aýal aktýor.

**add** [æd] goşmak, artdyrmak; *to ~ up goşmak, jemlemek; ✧ to ~ oil to the fire peltesine ýag damdyrmak; to ~ two and three iki bilen üçi goşmak.*

**addition** [ə´diʃən] goşma; goşundy; garyndy, garnuw; *in ~ to üstesine, goşmaça.*

**additional** [ə´diʃənəl] goşmaça; *an ~ time goşmaça wagt; ~ charges goşmaça çykdajylar.*

**address** [ə´dres] adres, salgy; ýüzlenme, çykyş, sözlenen söz;/ ýüzlenmek, çykyş etmek; ibermek; *to ~ a meeting ýygnakda söz sözlemek; to ~ oneself to the audience diňleýjilere ýüzlenmek; to ~ smb. with a question birine sorag bilen ýüzlenmek; who is the letter ~ed to? bu hat kimiň adyna?*

**adjective** [´ædʒiktiv] sypat; / goşmaça, özbaşdak bolmadyk.

**admiration** [ædmə´reiʃən] geň (täsin, haýran) galma, (geň, täsin, haýran) galdyrýan zat; *to be the ~ of everyone her kesi özüňe haýran etmek; to be struck with ~ geň galmakdan ýaňa doňup galmak.*

**admit** [əd´mit] kabul etmek; ýol bermek; goýbermek; ygtyýar etmek; razylaşmak, ylalaşmak; boýun almak; *he refused to ~ that he had been wrong ol ýalňyşandygyny boýun almady; it doesn't ~ of doubt şübhesiz; it is generally ~ted that ... hemmeler tarapyndan kabul edilendir; to be ~ted to college kolleje kabul edilmek.*

**admittance** [əd´mitəns] kabul bolma, ygtyýar, giriş; *no ~ girmek gadagan.*

**adult** [´ædʌlt] uly adam.

**advance** [əd´vɑ:ns] öňe gitme(k), ilerleme(k); hüjüm etme(k); üstünlik (gazanmak), ösüş (gazanmak); deslapdan tölemek;/öň; öňe gidişlik; *in ~ öňünden, deslapdan; be in ~ öňde bolmak; they couldn't ~ any more olar şondan artyk öňe gidip bilmediler.*

**advantage** [əd´vɑ:ntidʒ] üstünlik, artykmaçlyk; *mutual ~ iki tarapa-da bähbit; to gain an ~ over smb./to take ~ of smb. birinden üstün bolmak; to take ~ of smth. bir zatdan peýdalanmak.*

**adventure** [əd´ventʃə] başdan geçirme; hatarly iş, howp, töwekgelçilik, awantýura; / töwekgellik etmek, howply işe baş goşmak; bognuň ysmak, het (milt) etmek, edip bilmek; *to ~ one's life janyňy howp astynda goýmak.*

**adverb** [ˊædvə:b] hal.

**advertise** [ˊædvətaiz] bildiriş bermek, mazamlamak; *~ for smb./smth. biri (bir zat) barada bildiriş bermek.*

**advice** [ədˊvais] maslahat, geňeş; öwüt, nesihat; *to get (take) ~ maslahat almak; to give ~ maslahat bermek; to ask smb. for ~/to ask smb.'s ~ birinden maslahat soramak;/ birine geňeşmek; to follow one's ~ biriniň maslahatyna eýermek; to take medical ~ lukmana geňeşmek; to take smb's ~ biriniň maslahatyny almak.*

**advise** [ədˊvaiz] maslahat (nesihat, öwüt) bermek; maslahatlaşmak, geňeşmek; habardar etmek; *to ~ smb. to do smth. birine bir zat etmegi maslahat bermek; to ~ with smb. on (about) smth. bir zat barada birine geňeşmek; to ~ with smb. of smth. birini bir zat barada habardar etmek.*

**affair** [əˊfɛə] iş, mesele; *it is my ~ bu meniň işim; mind your own ~s öz işiň bilen bol; an ~ of honour ar-namys meselesi; the minister of Foreign (Home) ~s Daşary (Içeri) işler ministri.*

**afford** [əˊfɔ:d] gurbuň ýetmek, edip bilmek, ýagdaýyň bolmak; *I can't ~ it meniň muňa ýagdaýym ýok; can you ~ the time? wagtyňyz barmy?; I can not ~ the time meniň wagtym ýok.*

**afraid** [əˊfreid] gorkan, gorkuly; *to be ~ of smth.,smb. bir zatdan, birinden gorkmak; to make smb. ~ birini gorkuzmak; I'm ~ I'm late gijä galaýdym öýdýän; to be ~ for smb. biri üçin gorkmak.*

**after** [ˊɑ:ftə] soň; yzy bilen, yzysüre; -yň/-iň; adyndaky; *~ dinner nahardan soň; ~ that ondan soň; day ~ day gün-günden; ~ all ahyrsoňy; soon ~ köp wagt geçmänkä; the day ~ tomorrow birigün; it is ~ one o'clok sagat birden geçipdir; one ~ another biri-biriniň yzyndan; time ~ time gaýta-gaýta; do it ~ you come home muny öýe geleniňden soň et; to come ~ smb. birinden soň gelmek.*

**afternoon** [ˊɑ:ftəˊnu:n] öýle; *in the ~ öýlän; late in the ~ günüň ahyrynda; in the ~ of one's life ýaşyň soňunda; Good~! Salam! öýlän salamy.*

**afterwards** [ˊɑ:ftəwədz] soňundan, ondan soň.

**again** [əˊgein] ýene, täzeden, gaýtadan, ýaňadandan; *as much ~ ýene şonça; as far ~ iki esse uzak; ~ and ~ gaýta-gaýta; come ~ gelip duruň!; now and ~ käte-käte; time and ~ ençeme gezek.*

**against** [əˊgeinst] garşy, garşysyn(d)a; -a/-e, -na/-ne; ✧ *~ a rainy day kyn gün üçin;*

*the car struck ~ the wall maşyn diwary urdy; to be ~ smb./ smth. birine / bir zada garşy bolmak; to run ~ smb. birine gabat gelmek; she leaned ~ the fence ol diwara söýendi.*

**age** [eiʤ] ýaş, ömür; uzak wagt, asyr; *~d ýaşuly; at the ~ of seven ýedi ýaşda; for ~s uzak wagtlap; awkward ~ ýetginjeklikden kämillige geçiş döwri; middle ~ orta ýaş; to be of ~ kämillik ýaşynda bolmak; to be under ~ kämillik ýaşyndan kiçi bolmak.*

**ago** [ə´gou] (mundan) öň; *a year ~ bir ýyl mundan öň; not long ~ bir az wagt mundan öň; long ~ bir wagtlar; long long ~ bireýýäm.*

**agree** [ə´gri:] razy bolmak, razylaşmak, ylalaşmak (with — biri bilen, to — bir zat bilen); dilleşmek, gürleşmek; şertleşmek; *to ~ to do smth. bir zat etmäge razy bolmak; we ~ed to meet at five o'clock biz sagat bäşde duşuşmagy dilleşipdik.*

**agreement** [ə´gri:mənt] razylyk, ylalaşyk, şertnama; *a gentleman's ~ erkek sözi; to come to an ~/to reach an ~ ylalaşyga gelmek; to make an ~ şertnama baglaşmak; to break an ~ şertnamany bozmak.*

**ahead** [ə´hed] öňe, öňde; *~ of time möhletinden öň; straight ~ göni öňe; to get ~ of smb. birini öňürtmek; to go ~ öňe gitmek; go ~! dowam ediň!*

**aid** [eid] kömek, ýardam; *first ~ ilkinji kömek; training ~s okuw gollanma esbaplary; visual ~s görkezme esbaplar.*

**aim** [eim] maksat, niýet; nyşana (alma); / ymtylmak, maksat edinmek; çenemek, göz öňünde tutmak; ýönelmek; *~less maksatsyz; to take ~ nyşana almak; to miss the ~ nyşana degmezlik.*

**air** [ɛə] howa, atmosfera; ýel, görnüş; uçujylyk, uçar...; howa bilen işleýän; / ýelejiretmek, howasyny çalyşmak; *clear ~ arassa howa; fresh ~ sergin howa; in the ~ howada; in the open ~ daşarda, seleňlikde; to go by ~ uçarda gitmek; to clear the ~ dartgynlylygy gowşatmak; to be on the ~ efirde bolmak; Air Forces harby-howa güýçleri; to take the ~ açyk howada gezmelemek.*

**aircraft** [´ɛəkrɑ:ft] uçar(lar).

**alike** [ə´laik] meňzeş, birmeňzeş; hut özi; *they are very much ~ olar bir-birine gaty meňzeş; ✧ ~ as two peas bir almany iki bölen ýaly meňzeş.*

**alive** [ə´laiv] diri, janly; hereket edýän; *any man ~ (içinde jany bolan) her kes, no man ~ hiç kim; to remain ~ diri galmak.*

**all** [ɔ:l] hemme, ähli, tutuş, düýpden, doly; / hemme zat, hemmeler; *above ~ ilki bilen; after ~ ahyrsoňy; ~ day uzynly gün; ~ but tas; ~ the time hemişe; ~ the year around tutuş ýyl; ~ of us hemmämiz; ~ over the world bütin dünýäde; ~ together bilelikde; ~ the same barybir; ~ right bolýar; örän gowy; at ~ asla, düýpden; first of ~ ilkinji nobatda; in ~ jemi, bary-ýogy; not at ~ "thank you" sözüne jogap.*

**allow** [ə´lau] rugsat (ygtyýar) etmek, ýol (mümkinçilik) bermek, ykrar (kabul) etmek; *to ~ smb. to do smth. birine bir zat etmäge rugsat bermek; smoking is not ~ed çilim çekmek gadagan; the matter ~s no delay bu işi gaýra goýup bolmaz.*

**almost** [´ɔ:lmoust] tas, diýen ýaly; *he ~ fell down ol tas ýykylypdy; it is ~ ten o'clock sagat on bolup barýar.*

**alone** [ə´loun] ýeke, ýalňyz, ýeke özi; diňe; *all ~ ýeke; ýalňyz; to be ~ ýeke (ýalňyz) bolmak; to let (to leave) ~ öz gününe goýmak; let ~ ... hasap etmäniňde-de.*

**along** [ə´lɔŋ] boýy (gyrasy, ýakasy) bilen, öňe, uzynlygyna; bilen, bile; *~ the river derýanyň ýakasy bilen; ~ the road ýol bilen; come ~! ýör! to bring smth. ~ bir zady özü bilen alyp gelmek.*

**aloud** [ə´laud] gaty ses bilen, sesli, daşyňdan; *to read ~ daşyňdan okamak; to laugh ~ gaty gülmek.*

**already** [ɔ:l´redi] eýýäm; *it is late ~ eýýäm giç; have you finished ~ eýýäm gutardyňyzmy?*

**also** [´ɔ:lsou] hem, -da/-de, şeýle hem; *she ~ came ol hem geldi.*

**although** [ɔ:l´ðou] ...sa-da / ...se-de; garamazdan.

**altogether** [ɔ:ltə´geðə] jemi, tutuş, doly; hemmesi bilelikde; asla, düýpden; *there were five of them ~ olar jemi bäş adamdy; for ~ hemişelik.*

**always** [´ɔ:lwəz] hemişe; *not ~ hemişe däl.*

**among(st)** [ə´mʌŋ(st)] arasynda, içinde, şol sanda; *~ themselves öz aralarynda; ~ you araňyzda; ~ us aramyzda; ~ other facts başga faktlar bilen birlikde.*

**amount** [ə´maunt] mukdar, möçber; jem, netije;/deň (barabar) bolmak; *a considerable ~ ep-esli; to ~ to barabar bolmak.*

**amuse** [ə´mju:z] güýmemek, şatlandyrmak, göwnüni götermek; *to ~ oneself göwün açmak.*

**amusement** [ə´mju:zmənt] güýmenje, şagalaň, göwün açma.

**ancient** [´einʃənt] gadymy, köne.

**and** [ænd, ənd] we, hem, -da/-de; *I shall go and you stay here men gitjek, ýöne sen bu ýerde gal; two ~ a half iki ýarym; two ~ two iki ikiň; a hundred ~ twenty ýüz ýigrimi; three ~ four is seven üçe dördi goşsaň, ýedi bolyar; ~ so on /~ so forth we ş. m.*

**anger** [ˈæŋgə] gahar; / gaharlandyrmak.

**angle** [ˈæŋgl] burç; nukdaý nazar; *acute ~ ýiti burç; oblique/obtuse/right ~ egri/kütek / göni burç; from the ~ of ... ... nukdaý nazaryndan.*

**angry** [ˈæŋgri] gaharly; azan (ýara barada); *to get ~ gaharlanmak; to be ~ gaharly bolmak; to be ~ with smb. / about smth birine/bir zada gahar etmek; to become (get) ~ with smb./at smth. birine/bir zada gaharlanmak; to make ~ gaharyny getirmek.*

**animal** [ˈænimәl] haýwan; mal, haýwan üçin, mal üçin; *domestic ~ öý haýwany; wild ~ ýabany haýwan; ~ kingdom haýwanat dünýäsi; ~ breeding /~ husbandry maldarçylyk, ~ products maldarçylyk önümleri.*

**announce** [əˈnauns] yglan etmek; *to ~ over the television bir zady telewizorda yglan etmek.*

**another** [əˈnʌðə] başga; üýtgeşik; täze, ýene bir; *~ place başga ýer; ~ time başga wagt; ~ way başga ýol bilen; one ~ biri-birini; one after ~ biri-biriniň yzyndan; in ~ ten years ýene on ýyldan; will you have ~ cup of tea? ýene bir käse çaý içermisiňiz?*

**answer** [ˈɑːnsə] jogap; / jogap bermek; seslenmek; *in ~ jogabynda, jogap hökmünde; to ~ a question soraga jogap bermek; to ~ the door (the bell) (kakylanda) gapyny açmak; to ~ the call çagyryşa seslenmek; to ~ the phone (the call) telefona jogap bermek; to ~ back gyňyr jogap bermek; to get an ~ jogap almak; to give an ~ jogap bermek.*

**anxiety** [æŋˈzaiəti] howsala, alada;

**anxious** [ˈæŋkʃəs] aladaly, gaýgyly; howsalaly; agyr (döwür barada); *to be (to feel) ~ bir zady alada etmek; to be ~ to arzuw etmek, jan etmek.*

**any** [ˈeni] bir, islendik; her; / biraz, azajyk; hiç, asla; köplenç sorag we inkär ediji sözlemlerde gelende, terjime edilmeýär; *~ longer mundan uzak; ~ more ýene; ~ time islendik wagt; in ~ case her näme bolsa-da; have you ~ butter (water, bread)? ýagyň (suwuň, çöregiň) barmy?; not ~ asla.*

**anybody** [ˈenibɔdi] biri, bir kimse, islendik adam; (ýokluk sözleminde) hiç kim; *has ~ come? gelen boldumy? I haven't seen ~ men hiç kimi görmedim;*

*is there ~ in the room? otagda adam barmy?*

**anyhow** [ˊenihau] her edip, hesip edip, her hili ýol bilen; her zat edip; zordan; asla, hiç; *to work ~ zordan işlemek; we'll come ~ her näme bolsa-da, biz geleris.*

**anything** [ˊeniθiŋ] bir zat, islendik zat, her bir zat; hiç zat; *~ else ýene bir zat; ~ new täze bir zat.*

**anywhere** [ˊeniwɛə] islendik ýer(d)e, her ýer(d)e, dumly-duşda, ähli ýerde; hiç ýer(d)e; *does he live ~ near here? ol şu ýerlerde bir ýerde ýaşaýarmy?; did you go ~ yesterday? düýn bir ýere gitdiňizmi? You can buy it ~ muny islendik ýerden alyp bilersiňiz.*

**apart** [əˊpɑ:t] gyrada, aýry; *~ from gyrada dursun; mundan başga.*

**appear** [əˊpiə] görünmek; peýda bolmak; ýüze çykmak; sahnada çykyş etmek; çykmak, neşir edilmek.

**appearance** [əˊpiərəns] peýda bolma; daş sypat, keşp, daşky görnüş; çykyş (etme); çap bolma, neşir edilme.

**apple** [ˊæpl] alma, alma agajy; ✧ *~ of discord belanyň kölügi; ~ of the eye gözüň garasy;* ✧ *the rotten ~ injures its neighbours gazana ýanaşsaň, garasy ýokar.*

**appoint** [əˊpɔint] bellemek; *to ~ the time wagt bellemek; he was ~ed director ony müdir bellediler.*

**approval** [əˊpru:vəl] oňlama; makullama; tassyklama; *the decision was met with ~ karar oňlandy.*

**approve** [əˊpru:v] oňlamak, makullamak; tassyk etmek, tassyklamak; ygtyýar etmek; *to ~ the plan maksatnamany makullamak.*

**April** [eipril] aprel.

**area** [ˊɛəriə] meýdan, giňişlik; etrap, sebit; ýer; *~ under crop galla meýdany; ~ of a triangle üçburçlugyň meýdany; ~ of bearing basyş meýdany; residential ~ ilatly ýerler; wide ~ of thought giň gözýetim.*

**argue** [ɑ:gju:] jedel etmek; çekişmek, ara alyp maslahatlaşmak, garamak; subut etmek; *to ~ against ... garşy çykmak; to ~ in favour of smth. bir zadyň peýdasyna delil getirmek; why ~? jedel nämä gerek?*

**argument** [ˊɑ:gjumənt] delil, subutnama; jedel, çekişme; *a matter of ~ jedelli mesele; to make up an ~ jedeli çözmek.*

**arm I** [ɑ:m] gol; *~ in ~ el-ele berip; in ~s gujakda; to take smb. by the ~ biriniň elinden tutmak; within ~'s reach elýeterde.*

**arm II** [ɑ:m] ýarag; goşun görnüşi;/ýaraglan(dyr)mak;~

*ed resistance ýaragly garşylyk; ~ed forces ýaragly güýçler; small ~s kiçi ýaraglar; in ~s ýaragly, ýaraglanan; to be ~ed with information doly maglumat bilen ýaraglanmak.*

**armament** [ˈɑːməmənt] ýarag, ýaragly güýç; ýarag esbaplary; ok-ýarag; *an ~ factory ýarag kärhanasy; ~s drive (race) ýaraglanyşygyň haýdadylmagy.*

**army** [ˈɑːmi] goşun; *to enter (to go into, to join) the ~ goşun gullugyna gitmek.*

**around** [əˈraund] daş-töwerekde, ähli ýerde; / töweregi(nde); daşy(ndan); takmynan, golaý; *all ~ çar ýanda(n); ~ the corner burçuň aňyrsynda; ~ the house öýüň töwereginde; ~ a thousand müňe golaý; to look ~ daş-töweregiňe göz aýlamak.*

**arrange** [əˈreindʒ] düzetmek, tertibe getirmek, ýerleş(dir)mek, ýerbe-ýer etmek; gepleşmek, dilleşmek; ylalaşmak; uýgunlaşdyrmak, öňünden taýynlamak; täzeden işlemek; oturtmak, gurmak; *everything is ~ed hemme zat taýyn; we ~d to meet at six biz sagat altyda duşuşyk belleşdik.*

**arrangement** [əˈreindʒmənt] düzetme, tertibe getirme; şertleşme, dilleşik; ylalaşyk; taýýarlyk; täzeden işleme; oturtma, dakma; *to come to an ~ ylalaşyga gelmek; to make ~s bir zat barada dilleşmek; the payment by ylalaşyk esasyndaky töleg.*

**arrival** [əˈraivəl] gelme, geliş.

**arrive** [əˈraiv] gelmek; üstünlik gazanmak; *to ~ in Turkmenistan Türkmenistana gelmek; to ~ at a conclusion netijä gelmek; to ~ at a decision karara gelmek; to ~ at an idea pikire gelmek.*

**arrow** [ˈærou] peýkam; sagadyň dili.

**art** [ɑːt] sungat; senet; ussatlyk, başarjaňlyk; çeperçilik; *~ exhibition sungat sergisi; ~ gallery çeperçilik galereýasy; a work of ~ sungat eseri; applied ~ s amaly haşam; ~ s and crafts senetler we el işleri; ~ school çeperçilik mekdebi; state-of-the-art iň täze; the Museum of Art şekillendiriş sungaty muzeýi.*

**article** [ˈɑːtikl] makala; madda; önüm; haryt; artikl; *leading ~ baş makala; the ~ says (that) makalada ... diýilýär; in the ~ makalada; ~s of general consumption halkyň sarp edýän harytlary; ~ s of daily necessity gündelik zerur zatlar; the definite ~ mälim artikl; the indefinite ~ nämälim artikl.*

**as** [æz, əz] ýaly, meňzeş; hökmünde; üçin, -ka/-kä, -ça/ -çe, -dygy/-digi üçin, sebäpli, çünki; nähili; *~ cold ~ ice buz*

*ýaly sowuk; ~ much ~ şonça; ~ a child çagakam; ~ a result netijede; ~ soon ~ dessine; ~ you like nähili isleseňiz; ~ you know bilşiňiz ýaly; ~ if göýä; ~ well şeýle hem; ~ well ~ hem ... hem; such ~ ... ýaly; to work ~ a teacher mugallym bolup işlemek; ~ I was walking in the street I met him köçede gezmeleýärkäm, oňa duşdum; the same car ~ you have siziňki ýaly maşyn.*

**ash** [æʃ] kül; *to burn to ~es ýakyp, kül etmek.*

**ashamed** [əˈʃeimd] utanan, uýalan; *to be ~ of smth. bir zatdan utanmak.*

**aside** [əˈsaid] bir tarapa (gapdala, ýana, gyra), aýry; *~ from hasaba almanyňda; to put ~ aýry goýmak; to set ~ (karary) ýatyrmak; to stand ~ bir gyrada durmak.*

**ask** [ɑːsk] sora(ş)mak; haýyş etmek; talap etmek; dilemek; çagyrmak; *to ~ after a person's health biriniň saglygyny soramak; to ~ for haýyş (talap) etmek; to ~ smb. a question birine sorag bermek; he ~s for troubles ol şer agtarýar; to ~ smb. for advice/to ~ smb.'s advice birinden maslahat soramak; to ~ smb. to dinner birini nahara çagyrmak.*

**asleep** [əˈsliːp] ukuda(ky); ýatan; *to be ~ uklap ýatmak; to fall ~ uklamak.*

**assist** [əˈsist] kömek (ýardam) etmek, goldaw bermek, goldamak.

**association** [əˌsousiˈeiʃən] birleş(dir)me; jemgyýet, birleşik; pikir baglanyşygy; aragatnaşyk, arabaglanyşyk.

**at** [æt, ət] -da/-de, ýanynda; -a/-e/-na/-ne; -dan/-den; görä; *~ home öýde; ~ dawn dańdan; ~ night gije; ~ present häzir; ~ the window penjiräniň öňünde; ~ two o'clock sagat ikide; ~ dinner (breakfast, supper, table) nahar (ertirlik, agşamlyk, saçak) başynda; ~ all asla, düýpden; ~ first ilki bilen; ~ last ahyrsoňunda; ~ once derrew; ~ any rate her edip, hesip edip; ~ least iň bolmanda; not ~ all «Sag bol» sözüne jogap; to laugh ~ smb. birine gülmek; to look ~ smb. birine seretmek; to shout ~ smb. birine gygyrmak.*

**ate** [et] past < eat.

**attack** [əˈtæk] hüjüm, çozuş; tutgaý, tutma;/çozmak, hüjüm etmek; tutmak (kesel barada).

**attempt** [əˈtempt] synanyşyk; jana kast etme; / synanyşmak; jana kast etmek; *to make ~s synanyşmak; an ~ on smb.'s life biriniň janyna kast etme.*

**attend** [əˈtend] gitmek, gatna(ş)mak; üns bermek, göz-gulak bolmak; hyzmat etmek, seretmek; ugratmak, ýoldaş bolmak; *to ~ lessons sapaklara gatnamak; you are not ~ing siz*

*hiç üns bereňizok; I will ~ you to the theatre men teatra çenli size ýoldaş bolaýyn.*

**attention** [əˊtenʃən] dykgat, üns; alada; ideg; *to attract (to call, draw) smb's ~ biriniň ünsüni (özüňe) çekmek; to give ~ üns bildirmek; to pay ~ üns bermek; to pay no ~ üns bermezlik; to attract one's ~ to biriniň dykgatyny ...-a/-e çekmek.*

**attract** [əˊtrækt] çekmek; bendi etmek.

**attractive** [əˊtræktiv] özüne çekiji, bendi ediji; görmegeý; dartyş ...; dartyjy; *an ~ girl görmegeý gyz; ~ force dartyş güýji.*

**aunt** [ɑ:nt] daýza; ... eje, bibi.

**autumn** [ˊɔ:təm] güýz; *by the ~ güýze çenli; in the ~ güýzde.*

**average** [ˊævəridʒ] orta, ortaça, orta hasap, orta ululyk, orta san; *on an ~ orta hasap bilen; the ~ temperature ortaça ýylylyk; to strike an ~ ortaça ululygy (sany) çykarmak.*

**avoid** [əˊvɔid] gaça durmak, gaçmak; sypmak, halas bolmak; boýun gaçyrmak (towlamak); *he ~ed paying his debts ol bergilerini bermekden boýun towlady.*

**awake** [əˊweik] oýa; hüşgär, ägä, ederini bilýän; / (awoke; awoken) oýatmak; *to be ~ oýa bolmak; to be ~ to smth. bir zada aýdyň göz ýetirmek.*

**away** [əˊwei] (uzaklygy, uzaklaşmagy, ýitip gitmegi, weýran bolmagy, üznüksiz hereketi aňladýar): *~ from home öýden uzakda; far ~ daş; five miles ~ bäş mil uzaklykda; to be ~ öýde bolmazlyk; to go ~ gitmek; to run ~ gaçmak; to put ~/to take ~ aýyrmak; to boil ~ gaýnap guramak; to pass ~ ýogalmak, ölmek.*

**awoke** [əˊwouk] past < awake.

**awoken** [əˊwoukn] p.p. < awake.

# B

**baby** [ˊbeibi] bäbek, kiçi çaga, kiçijik; *~'s formula çaga iýmiti; to have a ~ çaga dogurmak.*

**back** [bæk] arka, art; yzky; / yza, tersine, mundan öň; / goldamak, arka bolmak; yza ýöremek, yza çekilmek; *at the ~ of the room otagyň töründe; ~ of a head ýeňse; ~ entrance arka gapy; ~ and forth öňe-yza; to be ~/to come ~ gaýdyp gelmek; to give ~ gaýtaryp bermek; to go ~ yza gitmek, gaýtmak.*

**background** [ˊbækgraund] yzky görnüş, düşek, assar, arka tarapyň bezegi; fon; döreme-

gine sebäp bolan zat; *on / against the ~ bir zadyň fonunda; in the ~ (suratyň) yz tarapynda; to keep in the ~ gyrada galmak; ~ music fon sazy; ~ noise fon gürrüldisi.*

**backward(s)** [ˊbækwəd(z)] yza, yzlygyna; tersine, tersligine.

**bad** [bæd] (*sypat*) ýaman, erbet, pis, ýaramaz, myrtar; zaýalanan; azgyn; güýçli, erbet; *a ~ headache erbet kelle agyry; ~ language paýyş söz; to go ~ zaýalanmak; things (matters) go from ~ to worse işler barha beterleşýär.*

**badly** [bædli] (*hal*) ýaman, erbet; güýçli; *~ wounded agyr ýaraly; he is ~ off onuň işleri pyrryk; to want ~ gaty islemek; to need smth. ~ bir zada gaty mätäç bolmak.*

**bag** [bæg] halta, torba, sumka, çemodan; ✧ *to let a cat out of the ~ sözi diliňden sypdyrmak.*

**bake** [beik] bişi(r)mek; günde guratmak; gatamak, berkemek; güne ýanmak.

**baker** [beikə] çörekçi; *~ 's shop çörekhana.*

**bakery** [beikəri] çörekhana.

**balance** [ˊbæləns] terezi; deňagramlylyk; garşylykly agram; balans/deňagramlaş(dyr)mak; deňagramlylygy saklamak, (agramyny) çekmek; ölçermek; deňeşdirmek; yrgyldamak; balans taýynlamak; *~ed durnukly; ~ of forces güýçleriň deňligi; ~ of power syýasy deňlik; to keep one's ~ deňagramly1ygyňy saklamak; to lose one's ~ deňagramlylygyňy ýitirmek; ~ of trade söwda deňlemesi.*

**ball** [bɔ:l] top, togalak zat; şar; bal, tans agşamy; / düýrle(n)mek; *~ of the eye gözüň göreji; ~ of the knee dyzçanak; to keep the ~ rolling, to keep up the ~ gürrüňi goldamak; to start the ~ rolling söhbete başlamak; the ~ is with you siziň gezegiňiz.*

**banana** [bəˊna:nə] banan.

**band I** [bænd] bag, bagjyk; jähek; gurşaw, guşak, kemer, tasma; lenta; / baglamak, daňmak; *~ conveyer lentaly daşaýjy; ~ filter lentaly süzgüç; ~ brake lentaly tormoz.*

**band II** [bænd] topar; orkestr; esger topary, banda; / birleşdirmek; üýşmek, ýygnanmak; *string ~ kirişli saz gurallary orkestri.*

**bank I** [bæŋk] (derýa) kenary; tümmek, depe; gaçy; / syrgyn; ykgyn (döretmek); seňňer (gaçy, bent) galdyrmak; syryp getirmek, böwet basmak; *~ of snow gar syrgyny; ~ of clouds lemmer-lemmer bulutlar; the left (right) ~ çep (sag) kenar.*

**bank II** [bæŋk] bank; ätiýaçlyk saklanýan ýer, hazyna; /bankda pul goýmak; ýygnamak; *central ~ merkezi bank; merchant ~ täjirçilik banky; saving ~ süýşürintgiler banky.*

**bar I** [bɑ:] germew; böwet, päsgelçilik; dörtgyraň zat; tokga; guýma (metal); syh, sokma, sürgi; penjire;/böwet basmak, päsgelçilik döretmek; ~ *of soap bir tokga sabyn; to let down the ~s päsgelçilikleri ýok etmek; to ~ in üstünden gulplamak; ~ out içinden gulplamak.*

**bar II** [bɑ:] bar, bufet.

**bar III** [bɑ:] (the ~, the B.) aklawçy; aklawçylyk; *kazyýet; to be at the B. aklawçy bolmak; the ~ of conscience wyždan azaby; the ~ of public opinion jemgyýetçilik pikiri sudy; to practice at the ~ kazyýetde aklawçy bolup işlemek.*

**bare** [bɛə] ýalaňaç, çyplak; boş;/açmak, ýalaňaçlamak; çyplak etmek; ~ *faced utançsyz; ~ foot aýak ýalaňaç; ~ trees ýapragy dökülen agaçlar.*

**barrel** [ˊbærəl] çelek, barel (suwuklyk ölçeg birligi); nil; silindr, baraban; wal;/çelege guýmak; ✧ *to sit on a ~ of gunpowder därili çelegiň üstünde oturmak; double ~ ed goşa nilli.*

**base** [beis] esas; daýanç nokady; binýat; / esasyny goýmak; esasynda goýmak; *to ~ oneself on bir zada esaslanmak; conclusions are ~d on facts netijeler faktlara esaslanýar.*

**basket** [ˊbɑ:skit] sebet; / sebede atmak; sebet örmek; *~ball basketbol.*

**bath** [bɑ:θ] öý hammamy;/ ýuwun(dyr)mak, suwa düş(ür)mek; ~ *tub hammam legeni; to take a ~ suwa düşünmek; swimming ~s ýüzüş howzy.*

**bathe** [beið] suwa düşürmek; suwa düşünmek; ýuwmak, ýuwun(dyr)mak; *to have a ~ suwa düşünmek;* ✧ *to ~ one's hands in blood eliňi gana bulamak.*

**battle** [ˊbætl] söweş(mek), uruş(mak); göreş(mek); ~ *alarm harby dowul;* ✧ *a good beginning is half the ~ ýagşy niýet ýarym döwlet; to win a ~ ýeňiş gazanmak.*

**be** [bi:] *(am, is, are, was, were, been)* bolmak, bar bolmak; ýaşamak, oturmak, ýerleşmek; (goşma habarda kömekçi işlik bolup, türkmen diline terjime edilmeýär; kömekçi işlik hökmünde dowamly zamany we işligiň gaýdym derejesini ýasamaga gatnaşýar; modal işlik hökmünde hökmanylyk, mümkinlik, niýet aňladýar): *I am here men şu ýerde; I am cold men üşeýärin; he is a teacher ol — mugallym; to ~ about ... makçy / ... mekçi bolmak; to ~ away bolmazlyk; to ~ off gitmek; to ~ back gaýdyp gelmek; to ~ in öýde bolmak; to ~ out öýde bolmazlyk; to ~ gone gutarmak; to ~ up turmak; how are you? gurgunmysyňyz? to ~ going to ... makçy/...mekçi bolmak.*

**beam** [bi:m] ýalkym (atmak) şöhle (saçmak), ýaldyrama(k), uçganak(lamak); pürs, kese agaç.

**bean** [bi:n] kösük, noýba; *not to have a ~ gara şaýysyz bolmak; not worth a ~ gara şaýa degmezlik; full of ~s mes (at barada);* ✧ *to know ~s nämäniň nämedigini bilmek.*

**bear I** [bɛə] aýy; gödek, aýy ýaly; Ýedigen; *Great (Little) B. Uly (Kiçi) Ýedigen; polar ~ ak aýy;* ✧ *to sell the ~'s skin before one has caught the ~ awlanmadyk aýynyň derisini paýlaşmak.*

**bear II** [bɛə] (bore; born, borne) götermek, saklap durmak; daşamak, çekmek; döz gelmek, çydamak; dogurmak, döretmek; *to ~ in mind ýadyňda bolmak; to ~ down ýeňip geçmek; to ~ away utmak; to ~ up goldamak; to ~ with çydamak; I can't ~ him men onuň bolşuna çydap bilemok*

**beard** [biəd] sakgal; *~ ed sakgally.*

**beast** [bi:st] haýwan, mal; *~ of burden ýükçi mal; ~ of prey wagşy haýwan.*

**beat I** [bi:t] (beat; beat, beaten) urmak, kakmak, ýençmek; utmak, ýeňmek;/urgy; deprek sesi; heň; *to ~ the breast döşüňe kakmak; to ~ the enemy duşmany derbi-dagyn etmek; to ~ back urup gaýtarmak; to ~ down (bahany) aşak düşürmek; to ~ into urup salmak.*

**beat II** [´bet] past < beat;

**beaten** [´bi:tn] p.p. < beat;

**beautiful** [´bju:təful] owadan, gözel; ajaýyp.

**beauty** [´bju:ti] gözellik, ajaýyp zat.

**became** [bi´keim] past < become.

**because** [bi´kɔz] çünki, sebäbi; *~ of sebäpli, zerarly.*

**become** [bi´kʌm] (became; become) bolmak, ýüze çykmak; öwrülmek; gelişmek, ýaraşmak, mynasyp (laýyk) bolmak; *to ~ a teacher mugallym bolmak; to ~ cold sowamak; to ~ angry gaharlanmak; to ~ nervous gaharyň gelmek; to ~ poor garyp düşmek; to ~ rich baýamak; this dress ~s you well bu geýim size gaty gowy gelişýär.*

**bed** [bed] düşek, krowat; joýa, atyz; düýp; *to go to ~ düşege geçmek, ýatmak; to make the ~ düşek salmak; to stay in ~ düşekde galmak;* ✧ *to get out of ~ on the wrong side çepiňe ýatyp turmak; to put to ~ ýatyrmak.*

**bee** [bi:] bal arysy; (göçme) işeňňir adam; *as busy as a ~ garynja ýaly işli.*

**beef** [bi:f] sygyr eti.

**beer** [biə] piwo.

**before** [bi´fɔ:] öň; owal, ir, eýýäm; -ka/-kä; *~ long tizden; long ~ bireýýäm; ~ now häzire çenli; the day ~ yesterday öňňün; to be ~ öňde bolmak.*

**beg** [beg] haýyş etmek, ýalbarmak; dilemek, sadaka soramak, gedaýlyk etmek; *to ~ leave rugsat soramak; to ~ pardon ötünç soramak.*

**began** [bi´gæn] past < begin.

**begin** [bi´gin] (began; begun) başla(n)mak; *to ~ at the wrong end ters tarapdan başlamak; to ~ over täzeden başlamak; to ~ with birinjiden; ✧ well begun is half done (nakyl) ýagşy niýet ýarym döwlet.*

**beginner** [bi´ginə] täze başlaýan.

**beginning** [bi´giniŋ] başlangyç, baş(y); *at the ~ başda; from ~ to end başdan aýaga; ✧ a good ~ is half the battle, a good ~ makes a good ending (nakyl) ýagşy niýet ýarym döwlet; a bad ~ makes a bad ending (nakyl) arpa eken bugdaý ormaz; in every ~ think of the end (nakyl) her işiň soňuny saý.*

**begun** [bi´gʌn] p.p. < begin.

**behave** [bi´heiv] özüňi alyp barmak; *~ yourself! edebiňizi elden bermäň!*

**behaviour** [bi´heivjə] (**amer. behavior**) edep-ekram; tertip, özüňi alyp baryş.

**behind** [bi´haind] yzda, yza, yzdan; soň; *~ the house öýüň yzynda; ~ the back arkasyndan; ~ me yzymda; to be ~ yza galmak, ýetişmezlik; to lag ~ / to fall ~ yza galmak; to leave ~ özüňden soň goýup gitmek; from ~ aňyrsyndan.*

**belief** [bi´li:f] ynanç, ynam, düşünje, pikir; iman; *to the best of my ~ meniň bil-şimçe.*

**believe** [bi´li:v] ynam bildirmek, ynanmak; güman etmek, öýtmek, oýlanmak; *I ~ you men size ynanýaryn; I ~ in you size ynam bildirýärin; I ~ so men şeýle pikir edýärin; to make ~ ýalandan ynandyrmak.*

**bell** [bel] jaň, düwme; okarajyk; *the ~ rings jaň kakylýar; to answer the ~ gelene gapyny açmak; to ring a ~ jaň kakmak; to ring the ~ uly üstünlik gazanmak.*

**belong** [bi´lɔŋ] degişli bolmak; -ly/-li bolmak; -dan/-den bolmak, gelip çykmak; *I ~ here meniň aslym şu ýerli; the book ~s on that shelf bu kitap ol tekjeden; who these things ~ to? bu zatlar kimiňki?*

**below** [bi´lou] aşak(da); aşagynda; *as it will be said ~ aşakda beýan edilişi ýaly; ~ zero noldan aşakda; ~ the average orta derejeden aşakda; on the floor ~ bir gat aşakda.*

**belt** [belt] guşak, kemer; guşaklyk, zolak; çeki / guşak dakmak; kemer bilen ýençmek.

**bend** [bend] egrem; öwrüm; düwün; / (bent) egrel(t)mek, ýemşer(t)mek, epmek; egmek; (pikiriňi, ünsüňi) jemlemek; öwürmek; *to ~ the knee dyza çökmek; ✧ to ~ one's neck boýun egmek.*

**bent** [bent] past we p.p. < bend.

**berry** [´beri] iýmiş;/miwe getirmek, ir-iýmiş ýygmak.

**beside** [bi´said] ýanynda, golaýynda; *~ the river derýanyň kenarynda; ~ the purpose*

*maksada laýyk däl; to be ~ oneself özüňi bilmezlik.*

**besides** [bi´saidz] ondan başga, üstesine; ~ *me menden başga; ~ being a singer aýdymçylygynyň üstesine.*

**best** [best] iň gowy; iň köp; iň, aňrybaş, barypýatan; ~ *of all hemmeden beter; the ~ part of the week hepdäniň agramy; to do (to try) one's ~ eliňden gelenini etmek; to send one's ~ salam ibermek; to the ~ of my belief meniň bilşimçe; which song do you like ~? iň gowy görýän aýdymyňyz haýsy?*

**better** [´betə] gowurak, -dan/ -den gowy; ...a/...e garanda gowy; / gowulaşdyrmak; gutul(t)mak; *a ~ future gowy gelejek; a ~ life has gowy ýaşaýyş; the ~ part aglabasy; for ~ for worse näme bolsa, bolsun.*

**between** [bi´twi:n] arasynda, ortasynda, aralygynda; ~ *six and seven o'clock sagat alty bilen ýediniň arasynda; ~ two chairs iki oturgyjyň arasynda; ~ ourselves öz aramyzyň gürrüňi; ~ times, ~ whiles arasynda.*

**beyond** [bi´jɔnd] ol tarapynda, arkasynda, uzakda, daşda;/ ýokary, köp; ~ *compare deňi-taýy ýok; ~ doubt şübhesiz; ~ hope umytsyz; ~ measure ölçegsiz; it is ~ me muňa meniň akylym ýetenok.*

**bicycle** [´baisikl] welosiped (sürmek).

**big** [big] uly, iri; *a ~ harvest bol hasyl; a ~ repair düýpli bejergi; to talk ~ uly gürlemek.*

**bill** [bil] kanun taslamasy; hasap; afişa, bildiriş; ~ *of credit akkreditiw; ~ of entry gümrük beýannamasy; ~ of lading ýük haty; ~ of parcels faktura; a five dollar ~ bäş dollarlyk pul.*

**bind** [baind] (bound) daňmak, bogmak; jiltlemek; *to ~ the loose sand çägäni berkitmek; to ~ over to do smth. bir zat etmegi boýnuna goýmak.*

**bird** [bə:d] guş; ~ *of Jove bürgüt; ~ of Juno tawus;* ✧ *a ~ in the hand is worth two in the bush (nakyl) öli arslandan diri syçan; ~s of a feather flock together (nakyl) pis pisi tapar, suw — pesi; (it is) the early ~ (that) catches the worm (nakyl) ir turan işinden dynar; to kill two ~s with one stone bir okda iki towşan urmak.*

**birth** [bə:θ] dogluş, dogulma; *by ~ doga; to give ~ to dogurmak; bir zadyň başlangyjy bolmak; two at a ~ ekiz çaga.*

**birthday** [´bə:θdei] doglan gün; *to have a ~ party doglan günüňi bellemek; a ~ present doglan günüňe sowgat; happy ~ to you! doglan günüň gutly bolsun!*

**bit I** [bit] bölejik, zerre; *a (little) ~ bir zerre (az); every ~ düýpden; not a ~ asla; ~ by ~ ýuwaş-ýuwaşdan; wait a ~ bir dem sabyr ediň!*

**bit II** [bit] past we p.p.< bite.

**bite** [bait] (bit; bit, bitten) dişlemek; / diş yzy, dişlenen ýer; çeňňege düşme(k); *without ~ or sup iýmän-içmän; to have a ~ garbanmak; to ~ the ground agzyň gum garbamak.*

**bitten** [ˈbitn] p.p. < bite; / once ~ *twice shy (nakyl) süýtde agzy bişen suwy üfläp içer, gorkana goşa görner.*

**bitter** [ˈbitə] ajy; ~ *as gall öt ýaly ajy; ~ enemy ganym duşman; it was ~ cold şatlama aýazdy.*

**black** [blæk] gara(lamak); *to turn ~ garalmak; things look ~ işler pyrryk; to know ~ from white agy-garany saýgarmak;* ✧ *to swear ~ is white aga "gara" diýmek; to ~ boots ädik garalamak.*

**blackboard** [ˈblækbɔ:d] okuw tagtasy.

**blade** [bleid] almaz, päki; tyg.

**blame** [bleim] käýinç, ýazgarma; igenç;/käýemek, ýazgarmak, aýyplamak; *to ~ smb. birini günälemek; to take the ~ upon oneself günäni öz üstüňe almak; to lay the ~ on (upon) smb. günäni biriniň boýnuna atmak.*

**bled** [bled] past we p.p. < bleed.

**bleed** [bli:d] (bled) ganjarmak, gan akmak (öýmek); gan dökmek; *my heart ~s ýüregime gan öýýär; to ~ white ganyny dökmek, ganyny sormak.*

**bless** [bles] pata bermek; *to ~ one's stars Hudaýa şükür etmek.*

**blew** [blu:] past < blow.

**blind** [blaind] kör;/perde, tuty;/kör etmek; gözüňi gamaşdyrmak; *~ of an eye bir gözi kör;* ✧ *to be ~ to smth. bir zada baha berip bilmezlik; to apply (to turn) the ~ eye bir zada göz ýummak.*

**block** [blɔk] töňňe, togalak agaç; şäher kwartaly, mikroraýon; blok; / öňüni tutmak, böwet goýmak; saklamak; *to ~ up ýoly ýapmak; to ~ the access girelgäni ýapmak.*

**blood** [blʌd] gan; *bad ~ duşmançylyk; cold ~ sowukganlylyk; hot ~ ganygyzgynlyk.*

**blow I** [blou] urgy; *at a ~, at one ~ bir uranda; to strike a ~ urmak; to strike a ~ against garşylyk görkezmek.*

**blow II** [blou] (blew; blown) öwüsmek; galgatmak; çişirmek; / öwüsgin; öwüsme; *to ~ about, to ~ abroad ýaýratmak, ýaýmak; to ~ off howa bilen arassalamak; to ~ out üfläp söndürmek; to ~ up çişirmek; partlatmak; to ~ one's nose sümgürinmek.*

**blown** [bloun] p.p. < blow II.

**blue** [blu:] mawy; gök; *dark ~ goýy gök; light ~ açyk gök; things look ~ işler pyrryk; ~ water açyk deňiz.*

**board I** [bɔ:d] tagta; nahar, saçak; pansion; bort; *on ~ gämide; to come (to go) on ~ gämä münmek.*

**board II** [bɔ:d] dolandyryjy topar, geňeş; departament, ministrlik; *Board of Directors dolandyryjylar topary; Board of Education Bilim Ministrligi.*

**boat** [bout] gaýyk, taýmyl; gämi; *~ race gaýyk ýaryşy; to sail one's own ~ öz ýoluň bilen gitmek.*

**body** [ˈbɔdi] beden; ten; meýit, jeset; göwre; jisim; özen; *heavenly ~ asman jisimi; diplomatic ~ diplomatiýa topary; legislative ~ kanun çykaryjy organ; the ~ of the letter hatyň özeni.*

**bodyguard** [ˈbɔdigɑ:d] janpena.

**boil** [bɔil] gaýna(t)mak; / gaýnama (nokady); *to bring to the ~ gaýnara getirmek; to ~ away gaýnap gutarmak; to ~ down gaýnap, suwy çekilmek; to ~ over gaýnap dökülmek.*

**bomb** [bɔm] bomba(lamak), bomba taşlamak; *flying (winged) ~ ganatly raketa; ~er bombalaýjy.*

**bone** [boun] süňk; özen; sudur; *to the ~ süňňüne çenli;* ✧ *to cast (in) a ~ between ara çöp atmak.*

**book** [buk] kitap; / (bilet) almak/sypary̧ş bermek; kitaba girizmek; *a picture ~ suratly kitap; a library ~ kitaphananyň kitaby; a story ~ hekaýalar ýygyndysy.*

**bookcase** [ˈbukkeis] kitap şkafy.

**book-keeper** [ˈbukˌki:pə] hasapçy.

**booking-office** [ˈbukiŋˌɔfis] bilet satylýan ýer.

**bookshelf** [ˈbukʃelf] kitap tekjesi.

**bookshop** [ˈbukʃɔp] kitap dükany.

**boot** [bu:t] botinka; ädik; *high ~, riding ~ ädik.*

**border** [ˈbɔ:də] serhet; gyra, erňek; jähek; / serhetleşmek.

**bore** [bɔ:] past < bear II.

**born** [bɔ:n] doglan;/doga, tebigy; *to be ~ dogulmak, dünýä inmek; a poet ~ doga şahyr.*

**borne** [bɔ:n] p.p. < bear II.

**borrow** [ˈbɔrou] karz almak, almak.

**both** [bouθ] ikisi-de, ikisi; *they are ~ doctors, ~ of them are doctors olaryň ikisi-de lukman; ~ ... and ... olam ..., bulam; hem ... hem ...*

**bottle** [ˈbɔtl] çüýşe; / çüýşede saklamak.

**bottom** [ˈbɔtəm] düýp; etek; / gurmak, esasyny goýmak; düýbüne ýetmek; *at the ~ düýbünde; ~ up başaşak; ~ price iň pes baha; from the ~ of the heart çuňňur ýürekden.*

**bought** [bɔ:t] past we p.p.<buy.

**bound** [baund] past we p. p.< bind.

**box** [bɔks] guty; çelek, sandyk; urgy; / urmak; ýumruklamak; *a ~ of sweets (matches) bir guty süýji (otlyçöp);*

*a ~ office teatr gaznasy; ~er boksçy; I ~ed his ear gulak çekgesine doňdurdym.*

**boy** [bɔi] oglan; *big ~, my ~ (ýüzlenme sözi) agam, inim, doganym.*

**brain** [brein] beýni; aň, düşünje, akyl; *disease of the ~ beýin keseli; ✧ to crack one's ~(s) akylyňdan azaşmak; to turn smb.'s ~ biriniň başyny-gözüni aýlamak.*

**branch** [brɑ:ntʃ] şaha; baldak; şahamça; pudak; ýol aýrydy; / şahalanmak, şaha ýaýmak, şahalara bölünmek; aýrylmak; *an important ~ of science (industry) ylmyň (senagatyň) möhüm pudagy; ~ establishment, ~ office şahamça; ~ line demirýol şahasy (aýrydy).*

**brave** [breiv] batyr, mert, edermen, gaýratly; *a ~ answer batyrgaý jogap; be ~! mert bol!*

**bread** [bred] çörek; rysk; *~ and butter ýagly çörek; brown ~ gara çörek; white ~ ak çörek; daily ~ gündelik rysk; ✧ to make one's ~ bir döwüm çörek gazanmak.*

**breadth** [bredθ] in, giňlik.

**break** [breik] arakesme; döwük; ýş;/(broke; broken) döw(ül)mek; syndyrmak; bozmak; *by the ~ of day daň atanda; after the ~ arakesmeden soň; to ~ a secret syry paş etmek.*

**breakfast** [ˈbrekfəst] ertirlik nahar; *at ~ ertirlik başynda; to have ~ ertirlik edinmek; we have eggs for ~ biz ertirlikde ýumurtga iýýäris.*

**breast** [brest] döş, göwüs, kükrek, syna; *to make a clean ~ of it bir zady ak ýürekden boýun almak.*

**breath** [breθ] dem, nepes; *to be out of ~ demiň-demiňe ýetmezlik; to take ~ demiňi dürsemek; to draw ~ dem almak.*

**breathe** [bri:ð] dem almak; demiňi dürsemek; *to ~ freely erkin dem almak; to ~ one's last demiň tükenmek; not to ~ a word jyňkyňy çykarmazlyk.*

**bred** [bred] past we p.p. < breed.

**breed** [bri:d] tohum, jyns; nesil; / (bred) saklamak, ösdürip ýetişdirmek, köpeltmek; (jüýje) çykarmak.

**brick** [brik] kerpiç;/kerpiç örmek (düşemek).

**bridge** [bridʒ] köpri, paýapyl.

**bright** [brait] ýagty, ýalkymly, nurly; açyk, parlak; *~ colours açyk reňkler; to look on the ~ side (of things) zadyň gowy tarapyny görmek.*

**bring** [briŋ] (brought) getirmek, alyp gelmek; alyp barmak, sebäp bolmak; *to ~ back ýadyňa salmak; to ~ to huşa getirmek; to ~ to an end tamamlamak; to ~ together bir ýere getirmek; to ~ to pass amala aşyrmak; to ~ up ösdürip ýetişdirmek.*

**broad** [brɔ:d] giň; ümmülmez; açyk, aç-açan; *a ~ river giň derýa; ~ shoulders berdaşly eginler; in ~ daylight gündiziň gününde.*

**broadcast** [ˈbrɔ:dkɑ:st] radiogepleşik; / radio boýunça gepleşik bermek; efire bermek; *~ appeal radioýüzlenme; ~ station radiostansiýa.*

**broke** [brouk] past < break.

**broken** [ˈbroukən] p.p. < break; / döwük; depelenen, bozulan (kanun); *~ stone çagyl, owradylan daş; ~ spirits sussupeslik; ~ numbers bütin däl sanlar.*

**brother** [ˈbrʌðə] dogan, gardaş; *a younger ~ jigi; an older ~ aga; ~ german süýtdeş dogan; ~s uterine enebir doganlar; sworn ~s dogan okaşanlar; ~ in arms söweş ýoldaşy; brother-in-law giýew, baja, ýüwürji, gaýynaga.*

**brought** [brɔ:t] past we p.p. < bring.

**brown** [braun] goňur; *~ eyes goýun göz; ~ bread gara çörek; ~ paper gaty kagyz; ~ powder gara däri.*

**brush** [brʌʃ] çotga(lamak); *the ~ şekillendiriş sungaty; to give it another ~ bir zady sünnälemek; to have a ~ çotgalamak.*

**bucket** [ˈbʌkit] bedre, gowa.

**build** [bild] (built) gurmak, bina etmek;/beden gurluşy; *to ~ a house öý gurmak; to ~ into içine oturtmak; to ~ up galdyrmak; to ~ upon bir zada esaslandyrmak.*

**builder** [ˈbildə] gurluşykçy.

**building** [ˈbildiŋ] bina, jaý; *~ engineer gurluşyk inženeri; ~ yard gurluşyk meýdançasy.*

**built** [bilt] past we p.p. < build.

**bullet** [ˈbulit] ok, gülle; ✧ *every ~ has its billet (nakyl) takdyrdan gaçyp bolmaz.*

**bunch** [bʌntʃ] daňy, desse; / desselemek, desse bogmak; *~ of keys bir daňy açar; ~ of grapes bir salkym üzüm; ~ of fives penje.*

**burn** [bə:n] (burnt, burned) ýanmak, otlamak, ýakmak; *to ~ down külüni göge sowurmak;* ✧ *to ~ one's boats öz oturan şahaňy kesmek; to ~ one's fingers bir zatda agzyň bişmek.*

**burnt** [bə:nt], **burned** [bə:nd] past we p.p. < burn II; *~ child dreads the fire (nakyl) süýtde agzy bişen suwy üfläp içer.*

**burst** [bə:st] partla(t)mak, ýar(yl)mak; *to ~ kürsäp girmek; to ~ into blossom güllemek; to ~ into flame tutaşmak; to ~ into tears gözýaşy paýradyp dökmek; to ~ into laughter gaty gülüp goýbermek, pakyrda bermek.*

**bury** [ˈberi] jaýlamak; gömmek; örtmek.

**bus** [bʌs] awtobus; *to miss the ~ awtobusa gijä galmak; pursaty elden bermek.*

**bush** [buʃ] çogdam, gyrymsy agaçlyk; ~ *of hair çogdam saç.*

**business** [ˈbiznis] iş, kär; hünär; söwda, täjirlik; borç, hukuk;/işewür, işeňňir; *on ~ iş bilen; man of ~ işewür adam; ~ hours iş wagty; big ~ iri maýadarlar; mind your own ~! öz işiň bilen bol; what is your ~ here? bu ýerde näme işiňiz bar?*

**businessman** [ˈbiznismən] işewür adam; söwdagär.

**busy** [ˈbizi] işli, meşgul; eýelenen; ✧ *~ as a bee (a beaver) gaty işli; the line is ~ telefon boş däl; ~ signal "boş däl" signaly.*

**but** [bʌt, bət] emma, ýöne, weli; diňe; ondan başga, üstesine; *all ~ tas; all ~ one birinden başga ählisi; ~ just ýap-ýaňyja; the last ~ one iň soňkynyň öň ýanyndaky; she is ~ nine years old ol ýaňy dokuz ýaşady.*

**butter** [ˈbʌtə] ýag; mesge; / ýaglamak; ✧ *to know on which side one's bread is ~ed agzyň tagamyny bilmek.*

**button** [ˈbʌtn] ilik(lemek); düwme(lemek); *~hole ilik deşigi; to press the ~ düwmäni basmak.*

**buy** [bai] (bought) satyn almak; *to ~ on tick nesýe almak; to ~ in satyn almak; to ~ off boýuňy satyn almak; to ~ out yzyna satyn almak; to ~ over satyn almak, öz tarapyňa çekmek; to ~ up hemmesini satyn almak; ~er alyjy.*

**by** [bai] ýanynda, golaýynda; bilen; boýunça, görä; *~ day gündiz; ~ five o'clock sagat bäşlere; ~ plane uçarly; ~ the yard ýard ölçeginde; ~ chance tötänden; ~ the law kanun boýunça; ~ no means asla; ~ the way ýogsa-da; ~product ýany bilen çykýan önüm; to take ~ the hand elinden tutmak.*

# C

**cage** [keidʒ] kapasa; / kapasa salmak.

**cake** [keik] tort, keks, köke; çörek; *a ~ of soap bir tokga sabyn;* ✧ *life is not all ~s and ale durmuşyň ajysam bar, süýjüsem; you cannot eat your ~ and have it too (nakyl) bir elde iki garpyz tutdurmaz.*

**calculate** [ˈkælkjuleit] hasaplamak; hasaplap çykarmak.

**calculator** [ˈkælkjuleitə] hasaplaýjy; kalkulýator.

**call** [kɔːl] çagyryş; jaň; / çagyrmak, at bermek, atlandyrmak; jaň (telefon) etmek; *to pay a ~ habar tutmak; ~ of du-*

*ty borçlulyk duýgusy; to ~ smb.'s attention to smth. biriniň ünsüni bir zada çekmek.*

**calm** [kɑ:m] asuda(lyk), ümsüm(lik); rahat(lyk); / rahatlandyrmak; köşeşdirmek; *to ~ down köşeşmek.*

**came** [keim] past < come.

**camera** [ˈkæmərə] surat alýan enjam, film alýan enjam; *~man fotohabarçy, kino alyjy.*

**camp** [kæmp] lager; düşelge; orda; *a ~ of instruction (harby) türgenleşik lageri; to break ~ düşelgeden ugramak.*

**can I** [kæn, kən, kn] (could) başarmak, edip bilmek; *I ~ swim men ýüzüp bilýärin; I ~ not swim men ýüzüp bilmeýärin; you ~ go gidip bilersiňiz; ~ you tell me the time? sagat näçedigini aýdyp bilermisiňiz?*

**can II** [kæn] taňňyr; demir guty; konserwa gutusy; /konserwirlemek; *a ~ opener konserwa açýan pyçak.*

**candle** [ˈkændl] şem; ✧ *to hold a ~ to the devil ýamana ýaran bolmak.*

**cap** [kæp] papak, çöwürme; şyrdak; çür başy; *~ in hand tabynlyk bilen; hard ~ zone demir papaksyz işlemek gadagan.*

**capital I** [ˈkæpitl] maýa, mal, emläk; *floating (circulating) ~ dolanyşykdaky maýa; industrial ~ senagat maýasy; to make ~ (out of smth.) maýa toplamak; C. and Labour maýa we zähmet.*

**capital II** [ˈkæpitl] paýtagt; baş, esasy; *~ stock baş maýa; ~ letter baş harp; ~ goods önümçilik serişdeleri.*

**car** [kɑ:] (demirýol) wagony; ýeňil awtomobil.

**card** [kɑ:d] oýnalýan kart; kartoçka; poçta otkrytkasy; *calling ~ tanyşlyk kartoçkasy; Party ~ partiýa bileti; invitation ~ çakylyk haty.*

**care** [kɛə] alada; dykgat, hüşgärlik; *~ of (c/o) smb. birine gowşurmak üçin; to take ~ of smb. birine seretmek; the work needs great ~ bu iş aýratyn dykgatlylygy talap edýär.*

**careful** [ˈkɛəful] aladaçyl; yhlasly; dykgatly, ünsli; seresaply; *~ examination dykgatly derňew.*

**careless** [ˈkɛəlis] biperwaý; yhlassyz; dykgatsyz, ünssüz; seresapsyz.

**carry** [ˈkæri] daşamak; çekmek; götermek; *to ~ the conclusion netijä getirmek; to ~ on dowam etmek; to ~ out ýerine ýetirmek.*

**cart** [kɑ:t] araba; ✧ *to put the ~ before the horse ters tarapdan başlamak.*

**case I** [keis] waka, ýagdaý, ahwalat; iş; sud işi; delil, subutnama; düşüm; *in ~ ýagdaýynda; in any ~ her näme bolsa-da; in that ~ bu ýagdaýda.*

**case II** [keis] guty, çelek; gap, konteýner; sumka; çemodan; daş; gapak.

**cash** [kæʃ] nagt pul; nagt hasaplaşyk; ~ *payment nagt hasaplaşyk; ~ price nagt bahasy; ~ register kassa apparaty.*

**castle** [kɑ:sl] gala; (küşt.) ruh; ~ *s in the air hyýaly zatlar.*

**cat** [kæt] pişik; ✧ *to lead a ~ and dog life it-de pişik bolup ýaşamak; to let the ~ out of the bag lakgyldap, syry paş etmek; to see which way the ~ jumps, to wait for the ~ to jump neneň-niçik bolýança garaşmak.*

**catch** [kætʃ] **(caught)** tutmak; degmek; *to ~ a person's meaning biriniň pikirine düşünmek; to ~ (a) cold sowuklamak; to ~ measles gyzamyk ýokuşmak; to ~ fire tutaşmak; to ~ the train otla ýetişmek; to ~ at bir zatdan ýapyşmak.*

**cattle** [ˊkætl] gara mal.

**caught** [kɔ:t] past we p.p. < can.

**cause** [kɔ:z] sebäp; esas, delil;/sebäp bolmak; *he ~ed me a lot of trouble ol maňa azar ýamanyny berdi; the ~ of peace parahatçylyk işi.*

**cell** [sel] öýjük, deşik; hüjre; *prison ~ türme kamerasy; ~ar ýerküme.*

**cement** [siˊment] sement(lemek); berkitmek; *to ~ a friendship dostlugy berkitmek.*

**cent** [sent] sent; ýüz(lük); *per ~ ýüzden bölek; ten per ~ ýüzden ony; ~ per ~ ýüzden ýüz.*

**central** [ˊsentrəl] merkezi; baş, esasy; ~ *idea esasy pikir; Central Asia Orta (Merkezi) Aziýa.*

**centre** [ˊsentə] **(amer. center)** merkez; orta nokat; ~ *of attraction dartyş merkezi; ~ of attention üns merkezi.*

**century** [ˊsentʃuri] ýüz ýyl; asyr.

**ceremony** [ˊseriməni] däp, dessur, resmilik, dabara.

**certain** [ˊsə:tn] belli, anyk, kesgitli; bir, ... diýilýän biri; ... atly biri; käbir; ynamly, aýgytly; *I'm ~ men ... ynanýaryn; under ~ conditions belli şertlerde; to feel ~ ynam duýmak; to make ~ of göz ýetirmek; to know for ~ anyk bilmek.*

**certainly** [sə:tnli] elbetde, hökman; şübhesiz, gürrüňsiz.

**chain** [ˊtʃein] zynjyr; hatar, ulgam;/zynjyrlamak; *a ~ of mountains dag ulgamy; a ~ of questions yzygiderli soraglar; ~ reaction utgaşykly reaksiýa; to ~ up a dog iti zynjyrlamak.*

**chair** [tʃεə] oturgyç; kafedra; *to take a ~ oturmak; to take the ~ ýygnaga başlyklyk etmek; to leave the ~ ýygnagy ýapmak.*

**chalk** [tʃɔ:k] hek; *a piece of ~ bir bölek hek; ✧ not to know ~ from cheese elipden şermende bolmak.*

**chance** [tʃɑ:ns] tötänlik, säwlik, atanlyk; pursat, maý, çem; töwekgellik (etmek); *by ~ tötänden, atanlykda; theory of ~s ähtimallyk teoriýasy; to take a ~ töwekgellik etmek.*

**change** [tʃeindʒ] üýtgeşme, özgerişlik; çalşyrma; gaýtargy, ownuk pul, şaýy; ulag çalyşma; / çalyşmak; çalşyrmak; üýtge(t)mek; özger(t)mek; *small ~ ownuk pul; to ~ one's mind pikiriňi üýtgetmek; to ~ one's note äheňiňi üýtgetmek; to ~ trains başga otla münmek; ~ able üýtgäp durýan.*

**character** [ˈkæriktə] gylyk, häsiýet; harp; belgi; *Turkmen ~s türkmen harplary.*

**charge** [tʃɑ:dʒ] zarýad; tabşyryk;/zarýad bermek; ýaraga ok sürmek; tabşyrmak; aýyplamak, günäkärlemek; *at one's own ~ öz hasabyňa; free of ~ mugt; to be in ~ of smth. bir zada ýolbaşçylyk etmek.*

**charm** [tʃɑ:m] maýyl edijilik; özüne çekiji güýç, owsun; jady, bendi edijilik; / maýyl etmek, özüne çekmek, bendi etmek, owsunlamak, jadylamak; ýesir etmek.

**chase** [tʃeis] (aw) awlamak; kowalamak, yzarlamak; / kowgy, aw.

**cheap** [tʃi:p] arzan; hümmetsiz; *on the ~ arzan bahadan.*

**cheat** [tʃi:t] galplyk, ýalan; ýalançy, kezzap;/aldamak.

**cheek** [tʃi:k] *ýaňak; ✧ to have the ~ to say smth. bir zat diýmäge ýüzüň bolmak; with one's tongue in one's ~ kiçi dilden bärde.*

**cheer** [tʃiə] makullamak, goldamak; alkyşlamak; *words of ~ alkyş sözleri; ~ful ruhubelent; ~less sussupes.*

**cheese** [tʃi:z] peýnir, syr.

**chemical** [ˈkemikəl] himiki; himiýa...; / himiki serişdeler; *~ fertilizers mineral dökünler; ~ war gases zäherleýji gazlar; ~ warfare himiki uruş.*

**chemistry** [ˈkemistri] himiýa.

**cheque** [tʃek] bank çeki; *to ~ out çek boýunça almak; to cash a ~ çek boýunça nagt pul almak; to draw a ~ çek ýazyp bermek.*

**chest** [tʃest] sandyk, guty; çekme; döş kapasasy; *a medicine ~ derman gutusy.*

**chicken** [ˈtʃikin] jüýje; gyzyletene guş; towuk (nahar ady); ✧ *don't count your ~s before they are hatched (nakyl.) jüýjäni güýz sanarlar.*

**chief** [tʃi:f] ýolbaşçy, başlyk; hojaýyn.

**child** [tʃaild] çaga; *~ ren çagalar; from a ~ çagalykdan; ~*

*welfare çagalygy gorama; ✧ a burnt ~ dreads the fire* (nakyl) *süýtde agzy bişen suwy üfläp içer.*

**childhood** [ˈʧaildhud] çagalyk; ~ *disease çaga keseli.*

**chimney** [ˈʧimni] tüsseçykar.

**chin** [ʧin] eňek, alkym.

**chocolate** [ˈʧɔkəlit] şokolad.

**choice** [ʧɔis] saýlama mümkinçiligi, seçip alma mümkinçiligi, saýlap-seçip alanyň, seçilip-saýlanyp alnan zat.

**choose** [ʧu:z] (chose; chosen) saýlamak, seçmek.

**chose** [ʧouz] past < choose.

**chosen** [ˈʧouzn] p.p. < choose.

**church** [ʧə:ʧ] ybadathana; *~yard gonamçylyk.*

**cigarette** [sigəˈret] sigaret; çilim; a ~ *case çilim gaby; to put out a ~ çilimi söndürmek.*

**cinema** [ˈsinimə] kinofilm; kinoteatr; kinematografiýa.

**circle** [ˈsə:kl] töwerek, tegelek; halka, aýlaw; topar; *business ~s işewür toparlar; ruling ~s dolandyryjy toparlar; the Earth ~s the Sun Ýer Günüň daşyndan aýlanýar.*

**circular** [ˈsə:kjulə] tegelek; aýlawly; sirkulýar...; ~ *motion aýlawly hereket.*

**citizen** [ˈsitizn] raýat; şäherli; harby däl.

**city** [ˈsiti] şäher; ~ *council şäher geňeşi; ~ planning şäher planlaşdyryşy; ~ water agyz suwy.*

**civilization** [ˌsivilaiˈzeiʃən] siwilizasiýa.

**claim** [kleim] talap; dalaş; / talap etmek; dalaş etmek; bäsdeşlik etmek; hakyň bardygyny yglan etmek; *to ~ damages zyýanyň öwezini dolmagy talap etmek; to ~ one's right hakyňy talap etmek.*

**class I** [klɑ:s] synp; gatlak; / synpy; *the working ~ işçi synpy; the middle ~ orta synp; the upper ~ ýokary synp (gatlak).*

**class II** [klɑ:s] synp otagy; okuw; topar; görnüş, hil; *the top of the ~ klasyň iň gowy okuwçysy; when is ~? okuw näçede başlanýar?; to take ~es sapak almak.*

**clay** [klei] palçyk, laý.

**clean** [kli:n] arassa(lamak), tämiz(lemek), süpürmek; sap(lamak); *~er tam süpüriji; to ~ up syryp-süpürmek.*

**clear** [kliə] açyk, aýdyň; dury; arassa, sap, päk; / saplamak, arassalamak, durlamak; tämizlemek; arçamak; aýdyňlaşmak; *to ~ one's throat ardynjyramak; to become ~ düşnükli bolmak; is it ~ düşnüklimi?*

**clerk** [klɑ:k] mürze, gullukçy; iş dolandyryjy; satyjy; ruhany; sowatly adam.

**clever** [ˈklevə] akylly; zehinli, ukyply, üşükli; ökde, başarjaň; *to be ~ at doing smth. bir zada ökde bolmak.*

**cliff** [klif] uçut, kert gaýa; dik ýapy.

**clock** [klɔk] sagat; *like a ~ sagat ýaly, jür; at ten o'clock sagat onda.*

**clock-work** [klɔkwə:k] sagat mehanizmi.

**close** [klous] ýapyk; ýakyn, golaý; ysnyşykly; dykgatly; *a ~ contact ysnyşykly gatnaşyk; a ~ friend ýakyn dost; a ~ investigation jikme-jik derňew; ~ reading dykgatly okaýyş; ~ly jebis, ysnyşykly.*

**close** [klouz] soňy, ahyry;/ ýap(yl)mak, gutarmak, soňla(n)mak; *to bring to a ~ soňlamak;* ✧ *to ~ one's eyes to smth. bir zada göz ýummak.*

**cloth** [klɔθ] mata, parça; mawut, begres.

**clothes** [klouðz] geýim, geýim-gejim, egin-eşik; örtük, daşlyk.

**clothing** [ˊklouðiŋ] geýim--gejim; *~ shop geýim dükany.*

**cloud** [klaud] bulut; *~ s of smoke tüsse burugsylary; heavy ~ goýy bulut.*

**club I** [klʌb] serdesse, degenekli taýak; hokeý taýagy.

**club II** [klʌb] klub

**coal** [koul] daşkömür.

**coast** [koust] deňiz ýakasy, deňiz kenary.

**coat** [kout] penjek; palto, don, çäkmen.

**coffee** [ˊkɔfi] kofe.

**coin** [kɔin] şaýy, teňňe; / zikgelemek.

**cold** [kould] sowuk; sowuklama; *to be (to feel) ~ üşemek; I am ~ üşeýärin; in ~ blood sowukganly.*

**collar** [ˊkɔlə] ýaka.

**collect** [kəˊlekt] ýyg(na)mak; üýş(ür)mek; ýygnanmak, jemlenmek; özüňi ele almak, özüňi dürsemek; *to ~ one's thoughts pikiriňi jemlemek.*

**college** [ˊkɔliʤ] kollej, institut; ýörite okuw jaýy.

**colour** [ˊkʌlə] (amer. **color**) reňk; öwüşgin; boýag; /reňklemek, boýamak; öwüşgin bermek.

**comb** [koum] darak; gaşaw; / dara(n)mak.

**combination** [ˏkɔmbiˊneiʃən] kombinasiýa; birleşme; utgaşma, baglanyşyk.

**combine** [ˊkɔmbain] kombaýn; / [kəmˊbain] birleş(dir)mek, birik(dir)mek, utgaş(dyr)mak; baglanyş(dyr)mak.

**come** [kʌm] (came; come) gelmek; *to ~ about bolmak; to ~ across tötänden duşmak; ~ along! ýör!; to ~ back gaýdyp gelmek; to ~ in girmek; to ~ out çykmak.*

**comfort** [ˊkʌmfət] rahatlyk, oňaýlyk, amatlyk; /köşeşdirmek, rahatlandyrmak.

**comfortable** [ˊkʌmfətəbl] rahat, oňaýly.

**command** [kə'mɑ:nd] buýruk, emir; serkerdelik, harby ýolbaşçylyk.

**committee** [kə'miti] komitet.

**common** ['kɔmən] umumy; sada, adaty; ýönekeý; ~ *interests umumy bähbit; ~ consent umumy ylalaşyk; the ~ man adaty adam; ~ factor umumy bölüji; ~ multiple umumy köpeldiji; ~ sense sagdyn pikir; it is ~ knowledge hemmä mälim.*

**companion** [kəm'pænjən] ýoldaş; şärikdeş; ~ *in crime jenaýata şärikdeş.*

**company** ['kʌmpəni] kompaniýa; firma, şereket; topar; rota; *industrial ~ senagat kompaniýasy; I'm expecting ~ men myhmana garaşýaryn; joint-stock ~ paýdarlar jemgyýeti.*

**compare** [kəm'pεə] deňeşdirmek; deňemek; *as ~d with deňeşdirilende; to ~ notes pikir alyşmak.*

**comparison** [kəm'pærisn] deňeşdirme.

**compete** [kəm'pi:t] ýaryşmak; bäsdeşlik etmek.

**competition** [ˌkɔmpi'tiʃən] bäsdeşlik; ýaryş; bäsleşik; *to be in ~ with smb. biri bilen ýaryşmak.*

**competitor** [kəm'petitə] bäsdeş.

**complain** [kəm'plein] nägilelik bildirmek; zeýrenmek; şikaýat etmek;.

**complaint** [kəm'pleint] nägilelik; arz; şikaýat; kesel, dert.

**complete** [kəm'pli:t] doly; gutarnykly;/gutarmak, jemlemek; ~ *set of works eserleriň doly ýygyndysy.*

**compound** ['kɔmpaund] düzüm; çylşyrymly; goşma.

**computer** [kəm'pju:tə] kompýuter; *PC (personal computer) şahsy kompýuter; note-book ~ göçme kompýuter.*

**concern** [kən'sə:n] alada, birahatlyk; dahyl; gyzyklanma; konsern; / dahylly bolmak, gatnaşmak; aladalanmak; meşgullanmak, gyzyklanmak; *with deep ~ uly gynanç bilen; it is no ~ of mine bu meniň işim däl; a matter of great ~ örän zerur iş; to be ~ed about the future gelejek hakda aladalanmak.*

**concerning** [kən'sə:niŋ] degişlilikde, barada, babatda.

**concert** ['kɔnsə:t] konsert.

**condition** [kən'diʃən] şert; hal, ýagdaý; *under such ~s şeýle ýagdaýlarda.*

**confidence** ['kɔnfidəns] ynam; ynamlylyk; gizlinlik; *in strict ~ örän gizlin.*

**confident** ['kɔnfidənt] ynamly; özüne göwni ýetýän.

**confuse** [kən'fju:z] garyşdyrmak, bulaşdyrmak; utandyrmak.

**congratulate** [kən'grætjuleit] gutlamak.

**congratulation** [kən͵grætju ˈleiʃən] gutlag; *a letter of ~s gutlag haty.*

**connect** [kəˈnekt] birleşdirmek; baglanyşdyrmak; *~ion baglanyşyk.*

**conscience** [ˈkɔnʃəns] wyždan, ynsap; *good ~, clear ~ arassa, päk wyždan, päk ynsap; bad ~, evil ~ wyždansyzlyk; the freedom of ~ wyždan azatlygy.*

**conscious** [ˈkɔnʃəs] akylly-başly, paýhasly, akyly ýerinde; *to be ~ of smth. bir zada akylyň ýetmek.*

**consider** [kənˈsidə] seretmek, garamak; hasap etmek; göz öňünde tutmak.

**consist** [kənˈsist] ybarat bolmak, öz içine almak; düzmek.

**consonant** [ˈkɔnsənənt] çekimsiz (ses).

**contact** [ˈkɔntækt] galtaşyk; kontakt; gatnaşyk; / galtaş(dyr)mak; gatnaşyga girmek.

**contain** [kənˈtein] özünde ýerleşdirmek; sygymy bolmak; saklamak.

**content** [ˈkɔntent] mazmun; göwrüm, içindäki zat; *the ~s of a book kitabyň mazmuny; form and ~ şekil we mazmun.*

**continue** [kənˈtinju:] dowam et(dir)mek.

**continuous** [kənˈtinjuəs] dowamly, yzygiderli, yzy üzülmeýän; *~ form işligiň dowamly görnüşi.*

**contract** [ˈkɔntrækt] şertnama, kontrakt; ylalaşyk; / [kənˈtrækt] gysmak, gysylmak; *~ price şertnama bahasy; to ~ expenses çykdajylary azaltmak.*

**control** [kənˈtroul] gözegçilik; barlag; dolandyryş; / gözegçilik etmek; barlamak; dolandyrmak, üstünden garamak.

**convenient** [kənˈvi:njənt] ýaramly, oňaýly, amatly, laýyk; *~ time amatly wagt.*

**conversation** [kɔnvəˈseiʃən] gepleşik, gürrüň, söhbet.

**cook** [kuk] aşhanaçy, aşpez; nahar bişirmek; bişmek; ✧ *too many ~s spoil the broth (nakyl) çopany köp bolsa, toklusy haram öler.*

**cool** [ku:l] salkyn(latmak), seleň(letmek); ýelejiretmek; *to get ~ salkynlamak.*

**copper** [ˈkɔpə] mis; mis şaýy pul.

**copy** [ˈkɔpi] nusga, surat;/ nusga almak, göçürmek; *~-book depder; ~right awtorlyk hukugy; rough ~ garalama.*

**cord** [kɔ:d] ýüp, sapak; bagjyk; *vocal ~s ses perdeleri; spinal ~ oňurga ýiligi.*

**corn** [kɔ:n] mekgejöwen, däne, galla; *~ failure hasylsyzlyk.*

**corner** [ˈkɔ:nə] burç(daky), çüňk(däki); *the four ~s of the Earth Jahanyň dört ýany; to drive into a ~ burça gabamak.*

**correct** [kəˈrekt] dogry; / düzetmek.

**cost I** [kɔst] (cost) baha, nyrh; çykdajy; / durmak, düşmek; nyrh kesmek, bahalamak; ~ *price özüne düşýän nyrhy; ~s of production önümçilik çykdajylary; at any ~, at all ~s islendik baha bilen, islendik ýol bilen.*

**cost II** [kɔst] past we p.p. < cost I.

**cotton** [ˈkɔtn] pagta; gowaça; nah; ~ *wool pamyk; a needle and ~ iňňe-sapak.*

**cough** [kɔf] üsgülewük; / üsgürmek.

**could** [kud] past < can.

**council** [ˈkaunsl] geňeş, şu-ra; *Security C. Howpsuzlyk Geňeşi; town ~ şäher geňeşi; ~ of war harby geňeş.*

**count** [kaunt] sanamak; hasaplamak; *to lose ~ hasabyňy ýitirmek.*

**country** [ˈkʌntri] ýurt; watan; oba, oba ýeri; *to live in a ~ bir ýurtda ýaşamak; I live in the ~ men obada ýaşaýaryn; to go to the ~ şäheriň daşyna çykmak, oba gitmek; ~ life oba durmuşy.*

**courage** [ˈkʌridʒ] batyrlyk, edermenlik; *to lose ~ gorkmak.*

**course** [kɔ:s] kurs, ugur; akym; wakalaryň barşy; nahar, tagam; *a dinner of three ~s üç tagamdan ybarat* nahar*; ~ of exchange walýuta kursy; of ~ elbetde.*

**court** [kɔ:t] howly; sud; meýdança; *Supreme C. Ýokary sud; ~ of justice adyl sud.*

**cover** [ˈkʌvə] örtük; daşlyk, ýüz; jilt, sahap; gaçybatalga, buky ýer;/örtmek; gizlemek; ~ *of the book kitabyň sahaby.*

**cow** [kau] sygyr; ✧ *when the ~s come home ýagyş ýagan gijesi.*

**coward** [ˈkauəd] gorkak.

**cowardly** [ˈkauədli] gorkaklyk bilen, gorkup.

**crack** [kræk] jaýryk, çat, moý; jaýrylma sesi; / jaýrylmak; şarpyldatmak.

**crash** [kræʃ] gümmürdi, şatyrdy; heläkçilik, batmaklyk, synmaklyk; / gürpüldäp ýykylmak; heläkçilige uçramak.

**cream** [kri:m] gaýmak; krem; *the ~ of society jemgyýetiň güli.*

**create** [kri:ˈeit] döretmek, ýaratmak, emele getirmek.

**creature** [ˈkri:tʃə] ýaradylan (döredilen) zat; jandar; mahluk.

**credit** [ˈkredit] ynam, ynanç; karz; bergi; *to give ~ to smth. bir zada ynanmak; to do smb. ~ biriniň abraýyny götermek; on ~ nesýe.*

**creep** [kri:p] süýrenmek, süýşeneklemek; *to ~ about on tiptoe aýagyň burnunda ýöremek; to ~ into smb.'s favour biriniň ynamyna girmek.*

**cricket** [ˈkrikit] kriket.

**crime** [kraim] jenaýat; *to commit a ~ jenaýat etmek.*

**criminal** [ˈkriminl] jenaýatçy, jenaýatkär; jenaýat; ~ *law jenaýat kanuny; ~ action jenaýat işi; war ~ harby jenaýatkär.*

**crop** [krɔp] hasyl; galla; ekin; *heavy ~ bol hasyl; land under ~ ekilen ýer; land out of ~ ekilmedik ýer.*

**cross** [krɔs] haç; haçja; / kesip geçmek; kes(iş)mek; *Red C. Gyzyl Haç; he is ~ with you onuň size gahary gelýär; to ~ out a word sözüň üstüni çyzmak; to ~ one's mind kelläňe gelmek.*

**crowd** [kraud] üýşmeleň, märeke; basa-baslyk, ithä-itlik; /üýşmek, toplanmak; basalaşmak, itekleşmek; *to gather a ~ märeke toplamak.*

**cruel** [kruəl] zalym, zabun, ýowuz, rehimsiz; *to become ~ ýowuzlaşmak; ~ war ganym uruş; ~ fate keç pelek.*

**cruelty** [ˈkruəlti] zalymlyk, zabunlyk, ýowuzlyk, rehimsizlik.

**crush** [krʌʃ] mynjyratmak; owratmak, üwemek, döwmek, külkelemek.

**cry** [krai] gykylyk, gygyrýan ses; agy; nalyş, dileg; gygyrmak; aglamak; *to ~ bitter tears ajy gözýaş dökmek; to ~ away gözüň ýaşy kepemezlik.*

**cultivate** [ˈkʌltiveit] bejermek; kültiwasiýa etmek; ösdürmek, ösdürip ýetişdirmek.

**culture** [ˈkʌltʃə] medeniýet; *Turkmen ~ türkmen medeniýeti.*

**cup** [kʌp] çaşka, käse; okara; kubok.

**cupboard** [ˈkʌbəd] bufet, şkaf; ~ *love bet niýetli söýgi.*

**cure** [kjuə] bejergi, bejerme(k);/gutultmak.

**curl** [kə:l] zülp; buýra saç; / buýralanmak.

**currency** [ˈkʌrənsi] pul, walýuta; dolanyşyk, ulanylyşyk; *this word is in common ~ bu giňden ýaýran söz; to give ~ to smth. bir zady dolanyşyga girizmek.*

**current** [kʌrənt] akym; elektrik akymy; dolanyşykdaky, ýöreýän; geçip barýan, şu; *against the ~ akymyň garşysyna; ~ coin dolanyşykdaky pul; ~ week şu hepde; ~ issue şu neşir.*

**curse** [kə:s] nälet(lemek), gargyş (etmek); *not worth a ~ gara şaýa degenok;* ✧ *~s come home to roost gargyş edeniň başyndan iner.*

**curtain** [ˈkə:tn] tuty, perde; *to draw the ~ perdäni götermek; to drop the ~ perdäni goýbermek; behind the ~ perdäniň aňyrsynda.*

**curve** [kə:v] egri çyzyk; aýlawly çyzyk; ýarym halka; öwrüm, aýlaw, egrem.

**custom** [ˈkʌstəm] adat, urp, däp-dessur, endik; gümrük; ~ *entry gümrük beýannamasy.*

**customer** [ˊkʌstəmə] müşderi.

**cut I** [kʌt] (cut) kesmek; / kesik, çäk; ýartmaç; tyg ýarasy, ýara ýeri; çapyk; kertik; *to ~ down azaltmak; çapmak; to ~ off kesip aýyrmak; to ~ out kesip (oýup) ýasamak; biçmek; ✧ ~ the coat according to the cloth (nakyl) ýorganyňa görä aýak uzat.*

**cut II** [kʌt] past we p.p. < cut.

**cycle** [ˊsaikl] sikl; aýlaw;

# D

**daily** [ˊdeili] gündelik, her günki; bir gije-gündizlik (azyk); gündelik gazet; *~ duty nobatçylyk; ~ bread rysk, rysgal; ~ living needs, ~ wants gündelik zerur zatlar.*

**damage** [ˊdæmidʒ] zyýan (ýetirmek), zelel (ýetirmek), zeper (ýetirmek); şikes (ýetirmek).

**dance** [dɑ:ns] tans, oýun; tans agşamy; / tans etmek, oýnamak; *to ~ for joy begençden diriň-diriň bökmek; ✧ to ~ attendance upon smb. birine ýaranjaňlyk etmek; to ~ to smb.'s tune biriniň diýeninden çykyp bilmezlik.*

**danger** [ˊdeindʒə] howp, hatar; *out of ~ howpsuzlykda; in ~ howply ýagdaýda.*

**dangerous** [ˊdeindʒrəs] hatarly, howply, töwekgelli.

**dare** [dɛə] het etmek, milt etmek, bognuň ysmak, gaýratyň çatmak; I ~ *say aýtmaga het etsem..., meniň pikirimçe.*

**dark** [da:k] gara, garaňky; garaňkylyk; nadanlyk; *after ~ garaňky düşensoň; at ~ garaňkyda; before ~ garaňky düşmänkä; it is getting ~ howa garalýar; the ~ ages orta asyrlar.*

**date** [deit] sene; möhlet; duşuşyk; *~ of birth doglan gün; out of ~ könelişen; up to ~ döwrebap; I have got a ~ meniň duşuşygym bar; what ~ is it today? şu gün aýyň näçesi?*

**daughter** [ˊdɔ:tə] gyz; *my ~ gyzym.*

**day** [dei] gün; gündiz; *all ~ long uzynly gün; ~ by (after) ~, from ~ to ~ gün-günden; every ~ her gün; every other ~ günaşa; one ~ (günlerden) bir gün; the ~ after tomorrow birigün; the ~ before bir gün öňýany; the ~ before yesterday öňňün; the other ~ ýaňy-ýakynda; so-me ~ bir gün; to~ şu gün; ~ off dynç güni; two ~s ago iki gün mundan öň; in two ~s iki gün-den; the next ~ ertesi gün; what ~ is it today şu gün näçenji gün?*

**dead** [ded] öli, ölen; jansyz; bütinleý, doly, tutuş; *he is ~ ol öldi; to be ~ with hunger ajyndan ölmek; the ~ ölüler; ~ asleep öli ýaly ýatan; ~ tired öler ýaly ýadaw.*

**deal** [di:l] mukdar; san; söwda; / iş salyşmak; çemeleşmek; iş alyp barmak; satmak; söwda etmek; *a great/a good ~ of köp, ummasyz; it costs a great ~ bu gaty gymmat; to ~ with a problem meseläni çözmek.*

**dear** [diə] gadyrly, eziz, mähriban, söýgüli; gymmat; *~ Sir! Hormatly jenap!; ~ presents gymmat sowgatlar.*

**death** [deθ] ölüm; *natural (violent) ~ tebigy (zorlukly) ölüm; worse than ~ ölümdenem beter.*

**debt** [det] karz, bergi; borç; *to get (to run) into ~ bergä batmak; ~ of gratitude minnetdarlyk borjy; he is heavily in ~ ite bir sümek bergisi bar.*

**decay** [di′kei] çüýreme(k), dargama(k); pytrama(k).

**deceit** [di′si:t] ýalan.

**deceive** [di′si:v] aldamak

**December** [di′sembə] dekabr

**decide** [di′said] karara gelmek, ýüregiňe düwmek, karar kabul etmek.

**decimal** [′desiməl] onluk; *~ fraction onluk drob.*

**decision** [di′siʒən] karar; netije; aýgyt(lylyk); *to arrive at (to come to) a ~ karar kabul etmek; a man of ~ dogumly adam; to lack ~ ýaýdanjaň bolmak; with ~ ynamly, aýgytly.*

**declaration** [ˌdeklə′reiʃən] beýanat, beýannama; yglan etme; *to make a ~ beýan etmek, beýanat bermek.*

**declare** [di′klɛə] yglan etmek; jar etmek; *to ~ war (on, upon) birine uruş yglan etmek; to ~ one's love söýgüňi äşgär (aýan) etmek.*

**decorate** [′dekəreit] bezemek, timarlamak; nyşan bilen sylaglamak.

**decoration** [ˌdekə′reiʃən] bezeme, bezeg; nyşan.

**decrease** [di′kri:s] azal(t)mak, / [′di:kri:s] azalma; *to be on the ~ azalmak bilen bolmak.*

**deep** [di:p] çuň; çynlakaý, duýpli; dok, goýy (reňk); pes (ses); *~ wound agyr ýara; ~ into the night gijäniň ýaryna çenli.*

**deer** [diə] keýik, sugun.

**defeat** [di′fi:t] ýeňliş; / ýeňmek, ýeňlişe sezewar etmek.

**defence** [di′fens] gorag, goranyş, goranma; *best ~ is offence iň gowy goranyş hüjüm etmekdir.*

**defend** [di′fend] gora(n)mak.

**degree** [di′gri:] dereje, basgançak, pelle; *by ~s pelle-pelle; in some ~ käbir derejede; to a certain ~ belli bir derejede.*

**delay** [di'lei] egleme(k), gijikdirme(k), soňa goýma(k), yza çekme(k); *without ~ haýal etmezden.*

**delicate** ['delikit] mylakatly, sypaýy, mylaýym; inçe, irnik.

**delight** [di'lait] hezil (etdirmek), lezzet (bermek).

**deliver** [di'livə] ýetirmek, eltip (getirip) bermek, gowşurmak; gutarmak, dyndarmak; *to ~ goods haryt getirmek; to ~ a message hat gowşurmak; to ~ a speech söz sözlemek.*

**demand** [di'mɑ:nd] talap, isleg; zerurlyk;/talap etmek; talap bildirmek; *payable on ~ talap boýunça tölenýän; a ~ for labour işçi güýjüne bolan isleg; supply and ~ isleg we teklip; to meet ~s talaby kanagatlandyrmak.*

**department** [di'pɑ:tmənt] bölüm; müdirlik; departament; (amer.) ministrlik; (ylmyň) pudagy; *State D. Döwlet Departamenti (ABŞ daşary işler ministrligi).*

**depend** [di'pend] bagly bolmak; garaşly bolmak; bil baglamak; *to ~ on bir zada bil baglamak; bir zada bagly bolmak.*

**dependant/dependent** [di'pendənt] bagly, garaşly.

**depth** [depθ] çuňluk; jümmüş; (reňkiň, sesiň) goýulygy; *in the ~ of one's heart çuňňur ýürekden; in the ~ of winter gyşyň örküjinde; the ~s of a forest tokaýyň jümmüşinde.*

**descent** [di'sent] eňňit, ýapgyt; gelip çykyş; nesil, nebere.

**description** [dis'kripʃən] beýan etme; şekillendirme, suratlandyrma; *beyond ~ beýan edip bolmaýan.*

**deserve** [di'zə:v] mynasyp bolmak, laýyk bolmak; *to ~ attention üns bermäge mynasyp bolmak; to ~ praise sylaga mynasyp bolmak.*

**desirable** [di'zaiərəbl] arzyly, islegli, arzuw edilýän; islenýän, gerek.

**desire** [di'zaiə] isleg, arzuw, höwes;/islemek, arzuw etmek; *at your ~ siziň islegiňiz boýunça; to leave much to be ~d gaty bärden gaýtmak.*

**desk** [desk] ýazuw stoly, parta.

**destroy** [dis'trɔi] ýykmak, ýumurmak, weýran etmek; *to ~ enemy duşmany derbi-dagyn etmek.*

**destruction** [dis'trʌkʃən] ýykma, ýumurma, weýran etme, weýrançylyk.

**detail** ['di:teil] jikme-jiklik; şaý, bölek, parça; *to go (to enter) into ~s jikme-jik çintgemek; in ~ jikme-jik; ~ drawing takyk çyzgy.*

**determination** [di,tə:mi'neiʃən] kesgitleme; anyklama; aýgytlylyk; karar, höküm.

**determined** [di'tə:mind] aýgytly, kesgitli.

**develop** [di´veləp] ös(dür)-mek; şekili çykarmak.

**devil** [´devl] melgun, iblis, şeýtan; ✧ *talk of the ~ and he is sure to appear gurt agzasaň, gurt geler; the ~ is not so bad as he is painted ady özünden uly.*

**diamond** [´daiəmənd] göwher, almaz; *black ~ gara almaz; ~ of the first water sap göwher.*

**dictionary** [´dikʃənri] sözlük.

**did** [did] past < do.

**die** [dai] ölmek; kiparlamak; sönmek; ✧ *a man can ~ but once (nakyl) bir başa bir ölum; never say ~ (nakyl) töwekgel ner bolar, endişe — maňa; to ~ down ýitip gitmek.*

**difference** [´difrəns] tapawut, parh; çaprazlyk; agzalalyk; *it makes no ~ munuň tapawudy ýok.*

**different** [´difrənt] başga hili, üýtgeşik; tapawutly; dürli; *that is quite ~ bu düýpden başga mesele; a lot of ~ things birgiden dürli-dürli zatlar.*

**difficult** [´difikəlt] agyr, kyn; *it is a ~ thing to do muny etmek kyn.*

**difficulty** [´difikəlti] kynçylyk.

**dig** [dig] (dug) gazmak; köwläp (gazyp) çykarmak.

**dinner** [´dinə] nahar; *at ~ nahar başynda; for ~ nahara; to have ~ nahar iýmek.*

**dip** [dip] bat(yr)mak, çüm-(dür)mek; sokmak; *to ~ into one's pocket eliňi jübiňe sokmak.*

**direct** [di´rekt] dogry, göni; / ugrukdyrmak, gönükdirmek; ýol görkezmek, salgy bermek; *a ~ road dogry ýol; a ~ influence gös-göni täsir; a ~ answer gönümel jogap; a ~ speech başganyň sözi; ~ current hemişelik tok.*

**direction** [di´rekʃən] dolandyrma, edara etme; ugur, tarap.

**dirt** [də:t] hapa, kir.

**dirty** [´də:ti] hapa, kirli; *a ~ conduct gelşiksiz hereket; a ~ player karamçyl oýunçy; a ~ work haramlyk; gara iş.*

**disappoint** [ˌdisə´pɔint] tamany ödemezlik, lapykeç etmek, göwnüni galdyrmak; *to be ~ed at smth. bir zatdan göwnüň galmak.*

**discourage** [dis´kʌridʒ] göwnüni böldürmek, ikirjiňletmek, höwesini gaçyrmak.

**discover** [dis´kʌvə] üstüni açmak, ýüze çykarmak; açyş etmek; *to ~ the truth hakykatyň üstüni açmak.*

**discovery** [dis´kʌvəri] açyş; *D. Day Amerikanyn açylan güni (12-nji oktyabr).*

**discuss** [dis´kʌs] garamak, ara alyp maslahatlaşmak; çekişmek.

**discussion** [dis´kʌʃən] garama, çekişme, seretme; gepleşikler; *the question is under ~ bu meselä garalýar; a direct ~ gös-göni gepleşikler.*

**dish** [diʃ] tabak, okara; gap-çanak; nahar, tagam; *a ~ washer gap-çanak ýuwýan enjam; a fish ~ balykly nahar.*

**dismiss** [dis´mis] işden çykarmak, kowmak; goýbermek; dargatmak; taşlamak.

**distance** [´distəns] aralyk; uzaklyk; *~ control uzakdan dolandyryş; at a ~ belli aralykda; in the ~ uzakda; from a ~ uzakdan.*

**distant** [´distənt] uzak(daky), alys(daky), daş(daky); daşgyn; *five miles ~ bäş mil uzakdaky; a ~ relative daşgyn garyndaş.*

**divide** [di´vaid] paýla(ş)mak, böl(üş)mek; bölünmek, paýlanmak; *to ~ into several parts birnäçe bölege bölmek; sixty ~d by twelve is five altmyşy on ikä paýlasaň, bäşden ýetýär; to ~ by three üçe bölmek.*

**division** [di´viʒən] bölüm; bölünme, bölünişik; diwiziýa; *~ of labour zähmet bölünişigi.*

**do** [du:] (did; done) etmek, ýerine ýetirmek; (Present we Past Indefinite zamanlarynda sorag we ýokluk şekillerini ýasamak, täsiri güýçlendirmek üçin ulanylýar) *to ~ a sum mysal işlemek; to ~ smb. good birine ýagşylyk etmek; to ~ harm zyýan etmek; to ~ justice adyl bolmak; Do you smoke? Siz çilim çekýärsiňizmi? No, I don't. Ýok; do come hökman geliň; How do you do? Salawmaleýkim!*

**doctor** [´dɔktə] doktor, lukman; doktor (ylmy dereje).

**dog** [dɔg] it; köpek.

**dollar** [´dɔlə] dollar; *~ diplomacy dollar diplomatiýasy.*

**done** [´dʌn] p.p. < do.

**door** [dɔ:] gapy; *a ~ to success üstünlige ýol; to answer the ~ gapy kakylanda açmak; he lives next ~ to us ol biziň duldegşir goňşymyz.*

**doorway** [´dɔ:wei] gapy ýeri, gapy gädigi.

**dot** [dɔt] nokat; köp nokat; nokat goýmak.

**double** [´dʌbl] goşa, ikigat; iki esse; ikili;/iki esse art(dyr)mak;/gaty meňzeş adam; *a ~ bed iki adamlyk krowat; a ~ game ikiýüzlülik; to play ~ ikiýüzlülik etmek; he sees ~ ol goşa görýär.*

**doubt** [daut] şübhe; güman; şübhelenmek; ýaýdanmak; *to make ~ şübhelenmek; to make no ~ asla şübhelenmezlik; no ~, without ~, beyond ~ şeksiz, şübhesiz, gürrüňsiz.*

**down** [daun] aşak(lygyna); aşakda; *the sun is ~ gün batdy; the blinds are ~ perdeler goýberilen; to write ~ýazyp almak;*

*up and ~ öňe-yza; ~fall ýykylma; ~right gönümel; ~stairs aşak; aşakda; ~ wards aşak gidýän; to go ~ aşak düşmek.*

**drag** [dræg] (zordan) süýre(n)mek, çekmek, dartmak; *to ~ on haýal geçmek; to be a ~ on a person birine ýük bolmak; to ~ one's feet zordan ýöremek.*

**drank** [dræŋk] past < drink.

**draw** [drɔ:] (drew; drawn) çekmek, süýremek; dartmak; (ünsi) çekmek; özüne çekmek; çyzgy çyzmak, surat çekmek; çyzyk geçirmek; deňe-deň gutarmak; *to ~ wire sim çekmek; to ~ the curtain perdäni syrmak; to ~ a sigh dem almak; to ~ conclusions netije çykarmak; ~back nogsan, kemçilik.*

**drawer** [drɔ:ə] çekme, çeker.

**drawn** [drɔ:n] p.p. < draw.

**dream** [dri:m] düýş; arzuw, hyýal;/(dreamt, dreamed) düýş görmek; arzuw etmek, hyýal ýüwürtmek; *to see a ~ düýş görmek; the land of ~s hyýal dünýäsi; pipe ~ boş hyýallar; bolsady.*

**dreamt** [dremt], **dreamed** [dri:md] past p. p. < dream.

**dress** [dres] köýnek; geýim; lybas; / geý(in)mek; (ýarany) daňmak; *evening ~ gezelenç lybasy; morning ~ öý lybasy.*

**drew** [dru:] past < draw.

**drink** [driŋk] (drank; drunk) içmek;/içgi; *soft ~s alkogolsyz içgiler; to have a ~ içmek.*

**drive** [draiv] (drove; driven) (mal, maşyn) sürmek; (ulagly) äkitmek; ulagly girmek; *to go for a ~ ulagly gezelenje gitmek; armament's ~ ýaraglanyşygyň haýdadylmagy; to ~ mad, to ~ crazy däliretmek; to ~ at kakdyrmak,* kakdyryp bir zat diýmek; *gepi gyşartmak.*

**driven** [ˊdrivn] p.p. < drive.

**driver** [ˊdraivə] sürüji; şofýor; maşinist.

**drop** [drɔp] damja, katra;/ dammak; gaç(yr)mak; taşlamak; *~ by ~, by ~s damja-damja, dama-dama; ~ it! bes ediň!, goýuň!; to ~ smoking çilimi taşlamak; to ~ asleep uklamak; to ~ a word in favour of smb. biri üçin agyz açmak.*

**drove** [drouv] past < drive.

**drown** [draun] bat(yr)mak, gark etmek; *to be ~ed gark bolmak; ~ed in sleep uka batan.*

**drug** [drʌg] derman; dermanlyk harytlar; neşe; *~ plants dermanlyk ösümlikler; a ~ taker neşekeş; the ~ habit neşekeşlik.*

**drum** [drʌm] deprek, nagara, dowul.

**drunk** [drʌŋk] p. p. < drink / serhoş; başy aýlanýan; *to get ~ serhoş bolmak.*

**dry** [drai] gury; gurak; gura(t)mak, çalykmak; *a ~ bread gury çörek; gatan çörek; a ~ book gyzyksyz kitap; ~ humour sowuk-sala degişme; a ~ cow süýtden çykan sygyr; ~ facts gury faktlar.*

**duck** [dʌk] ördek; / çüm(dür)mek, bat(yr)mak.

**dug** [dʌg] past we p.p. < dig.

**dull** [dʌl] körzehin, tünt; kütek; tutuk, ümürli, dumanly; ýürekgysgynç, ýürekgysdyryjy; *~ pain kütek agyry; ~ of hearing gulagy agyr; ~ sight gowşak göz.*

**during** [ˈdjuəriŋ] dowamynda; wagtynda, -da/-de; *~ holidays kanikulda.*

**dust** [dʌst] tozan; gum; kirşen; *atomic ~ radioaktiw tozan; to ~ a table stoluň tozanyny süpürmek; ✧ to throw ~ in smb.'s eyes gözboýagçylyk etmek.*

**duster** [ˈdʌstə] tozan süpürilýän esgi; tozan süpüriji; tozan sorujy.

**duty** [ˈdju:ti] borç, wezipe; töleg, hak, paç; hormat, sarpa; goşun gullugy; nobatçylyk; *to be on ~ nobatçy bolmak; to do one's ~ borjuňy berjaý etmek; off ~ işden boş wagt; out of ~ işden başga wagt; custom duties gümrük haky.*

# E

**each** [i:tʃ] her bir, her haýsy; her; *~ of us her birimiz; ~ and all hemmeler we her kes; ~ other bir-birini.*

**eager** [ˈi:gə] meýilli, maýyl; göwünjeň; höwesjeň, hyjuwly; ymtylýan; *~ for (after) fame şöhratparaz; ~ for knowledge bilime ymtylýan; who is ~? kim meýilli?*

**ear** [iə] gulak; eşidiş ukyby; deşik, göz, gulak, ildirgiç; *an ~ for music saza bolan üşük (zehin); to play by ~ notasyz çalmak; to speak in smb's ~ birine çawuş çakmak; to prick up one's ~s gulagyňy keýertmek; to turn a deaf ~ gulak gabartmazlyk.*

**early** [ˈə:li] ir, irki; *at an ~ hour ir bilen; at an ~ date ýakyn günlerde; to keep ~ hours ir ýatyp, ir turmak; ~ in the year ýylyň başynda; ~ in the day irden.*

**earn** [ə:n] gazanmak; mynasyp bolmak, laýyk bolmak; *to ~ one's living (one's daily bread) gazanç etmek; to ~ fame şöhrat gazanmak.*

**earth** [ə:θ] Ýer; toprak; ýer ýüzi, dünýä; / gömmek; ýere birleşdirmek; *on ~ ýer ýüzünde; round the ~ Ýeriň daşyndan; how on ~? nädip?; why on ~? näme üçin? ~ water talh suw.*

**east** [i:st] gündogar; *the E. Gündogar; Far E. Uzak Gündogar; Middle E. Orta Gündogar; Near E. Ýakyn Gündogar;*

*to the ~ (of) (...dan) gündogara; ✧ E. or West home is best (nakyl) towşana dogduk depe.*

**eastern** [ˈi:stən] gündogar; gündogardaky; gündogarly.

**easy** [ˈi:zi] aňsat, ýeňil; arkaýyn; rahat; *~ of access elýeterde; make your mind ~ rahatlanyň; take it ~! göwnüňize almaň.*

**eat** [i:t] (ate; eaten) iýmek; *to ~ up lak-luk atmak; ✧ to ~ one's words sözüňi gaýdyp almak.*

**eaten** [i:tn] p.p. < eat.

**economy** [iˈkɔ:nəmi] ykdysadyýet; hojalyk.

**edge** [edʒ] gyra, erňek; päkiniň tygy; *~ of a wood tokaýyň çeti; the knife has no ~ pyçak kütelipdir; to be on the ~ of doing smth. bir zady "eder-ederde" bolmak.*

**educate** [ˈedju:keit] terbiýelemek; okatmak, bilim (tälim) bermek; türgenleşdirmek.

**education** [ˌedju:ˈkeiʃən] sowat, bilim, magaryf; okatma, öwretme, tälim berme; terbiýe; *all-round ~ hemme taraplaýyn sowat; compulsory ~ hökmany okuw; free ~ mugt okuw; to get ~ bilim almak.*

**effect** [ıˈfekt] yz; netije; täsir; hereket; täsir etmek; *cause and ~ sebäp we netije; of no ~ netijesiz, peýdasyz; to have ~ täsirli (netijeli) bolmak; to come into ~, to take ~ güýje girmek.*

**effective** [ıˈfektiv] täsirli; hereket edýän; täsir galdyryjy; *he is very ~ speaker ol örän dilewar; to become ~ güýje girmek.*

**effort** [ˈefət] tagalla, çalyşma, synanyşyk; *to make an ~ çalyşmak, synanyşmak; to make ~ s tagalla etmek.*

**egg** [eg] ýumurtga; *soft-(boiled) ~, lightly boiled ~ çala gaýnadylan ýumurtga; hard-boiled ~ gaty gaýnadylan ýumurtga; to shell an ~ ýumurtgany soýmak.*

**either** [ˈaiðə] (amer.) [ˈi:ðe] ikiden biri; ol ýa-da başgasy; ikisem, bu-da, ol-da; *~ of the two boys şu iki oglanyň islendigi (ikisem); ~ will do ikisem laýyk bolar.*

**elastic** [ıˈlæstik] maýyşgak, çeýe, süýngüç; rezin bagjyk; rezin daňy.

**elbow** [ˈelbou] tirsek; *at one's ~ el ýüzünde; up to the ~s in work iş bilen başagaý.*

**elect** [ıˈlekt] (ses berip) saýlamak; *bride ~ adagly gyz.*

**election** [ıˈlekʃən] saýlaw(lar); *general ~ ähli umumy saýlawlar; to hold an ~ saýlaw geçirmek; ~ campaign saýlaw kampaniýasy.*

**electric** [ıˈlektrik] elektrik; elektrik bilen işleýän; *~ fan elektrik ýelpewajy; ~ light elektrik ýagtylygy; ~ engineering elektrotehnika.*

**electricity** [ilek´trisiti] elektrik.

**elephant** [´elifənt] pil; ~ *calf pil çagasy; ~ cow urkaçy pil; ~ trumpet pil sesi;* ✧ *to see the ~ durmuşy görmek.*

**else** [els] ýene, başga; ýogsam; başga biri; *no one ~ başga hiç kim; somebody ~ başga biri; what ~? ýene näme?; who ~? ýene kim?*

**employ** [im´plɔi] iş bermek; işe almak, hakyna tutmak; ulanmak, peýdalanmak; *to be ~ed by smb. birine işe girmek.*

**employer** [im´plɔiə] iş berýän.

**employment** [im´plɔimənt] gulluk; iş, kär; ulanma, peýdalanma; *out of ~ işsiz; full ~ doly gün işleme; ~ bureau işe ýerleşdirýän edara.*

**empty** [´empti] boş; / boşatmak; *the car is ~ of petrol maşynyň benzini ýok; ~ stomachs açlar.*

**enclose** [in´klouz] goşmak, ýanyna goşup ibermek; gurşamak; germew etmek.

**enclosure** [in´klouʒə] goşundy.

**encourage** [in´kʌridʒ] ruhlandyrmak; höweslendirmek; goldamak.

**encouragement** [in´kʌridʒ mənt] ruhlandyrma; höweslendirme.

**end** [end] soň(y), ahyr(y); yzy; / gutarmak, tamamla(n)mak; *from beginning to ~ başdan aýaga; in the ~ ahyrsoňy; to come to an ~ gutarmak; to put an ~ to smth. bir zada soň goýmak.*

**enemy** [´enimi] duşman; *the (old) Enemy şeýtan; how goes the ~? sagat näçe?*

**engine** [´endʒin] motor; lokomotiw, parowoz; gural, abzal; *~ oil maşyn ýagy.*

**engineer** [ˌendʒi´niə] inžener; mehanik; maşinist.

**English** [´iŋgliʃ] iňlis; iňlis dili; *the English Channel La Manş bogazy.*

**enjoy** [in´dʒɔi] lezzet almak, hezil etmek; eşretini görmek; *I ~d the book kitaby hezil edip okadym.*

**enough** [ɪ´nʌf] ýeterlik; *~ time ýeterlik wagt; sure ~ şübhesiz; you know well ~ siz muny gaty gowy bilýärsiňiz.*

**enter** [´entə] girmek, aralaşmak; girizmek; *to ~ the room otaga girmek; to ~ into details jikme-jik çintgemek; to ~ the University uniwersitete girmek.*

**entertain** [ˌentə´tein] myhman almak; söwüş etmek, hezzetlemek; güýmemek; *we don't ~ biz myhman alamyzok; to ~ a proposal teklibi makul-lamak; to ~ a request haýyşy ýerine ýetirmek.*

**entertainment** [ˌentə´tein mənt] güýmenje, şa-galaň.

**entrance** [ˊentrəns] giriş; girelge, gapy; *the back ~ arka gapy; ~ visa giriş wizasy; ~ fee giriş tölegi; ~ examinations giriş synaglary.*

**envelope** [ˊenviloup] bukja.

**equal** [ˊi:kwəl] deň, barabar; /deňi, taýy; / deňleşmek, deň bolmak; *twice two ~ to four iki ikiň dört bolýar; he has no ~ onuň deňi-taýy ýok.*

**equality** [i:ˊkwɔləti] deňlik.

**escape** [isˊkeip] gaçma(k); gutulmak, sypmak; halas bolmak; halas ediş; *to ~ from prison türmeden gaçmak; ~ ladder halas ediş merdiwany; it ~d me muny ünsden sypdyrypdyryn.*

**especially** [isˊpeʃəli] esasan(am), aýratynam.

**establish** [isˊtæbliʃ] döretmek, esaslandyrmak, gurmak; ýüze çykarmak; *to ~ an order tertibi ýola goýmak; to ~ a business firma döretmek; to ~ one's health saglygyňy dikeltmek.*

**establishment** [isˊtæbliʃmənt] gurama, edara; ýüze çykarma.

**even** [ˊi:vən] düz, tekiz, ýylmanak; endigan; birmeňzeş; durnukly; adyl; jübüt; / hat-da; / düzlemek, tekizlemek; *~ better gaýta gowam; ~ if hat-da; ~ though iň bolmanda; ~ with the ground ýere ýegsan.*

**evening** [ˊi:vniŋ] agşam; agşamky; *~ meal agşam nahary.*

**event** [ɪˊvent] waka, hadysa; netije; ýagdaý; *a great ~ ägirt uly waka; the course of ~s wakalaryň gidişi; in the ~ of his death ol ölen ýagdaýynda.*

**ever** [evə] hemişe; bir wagt, heý; *as ~ dessine; ~ after, ~ since şol wagtdan bäri; for~ hemişelik; ~ yours hemişe size wepaly; hardly ~ hiç wagt diýen ýaly.*

**every** [ˊevri] her, her bir; *~ day her gün; ~ time her gezek; ~ now and then, ~ now and again wagtal-wagtal; ~ other day günaşa.*

**everybody** [ˊevribɔdi] = **everyone** [ˊevriwʌn] her kes, her kim; hemmeler.

**everything** [ˊevriθiŋ] her bir zat, hemme zat; *~ is ready hemme zat taýýar.*

**everywhere** [ˊevriwɛə] hemme ýerde; *he is known ~ ony hemme ýerde tanaýarlar.*

**evil** [ˊi:vl] ýamanlyk; bela, külpet; erbet, zyýanly; ajy; *~ tongue ajy dil; ~ eye ýaman göz; an ~ genius zalym alym; to speak ~ of biriniň gybatyny etmek.*

**exact** [igˊzækt] anyk, takyk, kesgitli; *~ sciences takyk ylymlar; ~ size takyk ölçeg.*

**examination** [igˏzæmiˊneiʃən] synag; gözden geçirme; barlag, derňew; *custom-house ~ gümrükhana barlagy; to go in for an ~ synaga girmek; to*

*pass one's ~ synagdan geçmek; to fail in an ~ synagdan geçmezlik.*

**examine** [ig´zæmin] gözden geçirmek, barlamak; synamak, synagdan geçirmek; *to ~ a heart ýüregi barlamak.*

**example** [ig´zɑ:mpl] mysal, mesele; nusga; görelde; *for ~ mysal üçin, meselem; to follow the ~ göreldä eýermek; to set a good (bad) ~ gowy (erbet) görelde görkezmek; to take ~ by görelde almak.*

**excellent** [´eksələnt] ajaýyp, aňrybaş, iň ýokary; *an ~ mark iň ýokary baha.*

**except** [ik´sept] hasaba almazlyk, göz öňünde tutmazlyk, hasap etmezlik; / hasaba almasak, başga; *~ me menden başga.*

**exchange** [iks´tʃeindʒ] çalyşma(k); alyş-çalyş; böl(dür)me, owratma; birža; *in ~ for ... ýerine, deregine; rate of ~ pul çalyşma bahasy; labour ~ zähmet biržasy.*

**excite** [ik´sait] tolgundyrmak; itermek; döretmek; *~d tolgunyp; ~d crowd gazaba münen märeke; exciting tolgundyryjy; an exciting news tolgundyryjy habar.*

**excursion** [iks´kə:ʃən] ekskursiýa; gezelenç, sapar.

**excuse** [iks´kju:s] ötünç; bahana, sebäp; / [iks´kju:z] bagyşlamak, günäsini ötmek; aklamak; uzur bolmak; *~ me! bagyşlaň! in ~ of smth. bir zada delil hökmünde; that is no ~ bu sizi aklamaýar; a lame ~, a poor ~ bolgusyz bahana.*

**exercise** [´eksəsaiz] gönükme; tabşyryk; türgenleşik; türgenleş(dir)mek; *an ~-book depder; an ~ in grammar grammatika boýunça gönükme.*

**exist** [ig´zist] bolmak, bar bolmak.

**existence** [ig´zistəns] bolma, bar bolma; *in ~ tebigatda bar (zat).*

**exit** [´eksit] çykalga, çykyş ýoly; *an emergency ~ goşmaça çykalga; ~ visa, ~ permit çykyş wizasy.*

**expect** [iks´pekt] garaşmak, tama etmek; bil baglamak; öýtmek, çak etmek; *to ~ a letter hata garaşmak; I ~ so men şeýledir öýdýärin.*

**expensive** [iks´pensiv] gymmat; *to get ~ gymmatlamak.*

**experience** [iks´piəriəns] tejribe; başdan geçirme(k); görgi; *a man of ~ tejribeli adam; to have ~ in smth. bir zatda tejribäň bolmak; to know smth. by (from) ~ bir zady tejribe boýunça bilmek.*

**explain** [iks´plein] düşündirmek.

**explanation** [ˌeksplə´neiʃən] düşündiriş.

**explode** [iks´ploud] ýar(yl)mak, partla(t)mak.

**explosion** [iks´plouʒən] partlama; tutaşma; *an ~ engine içinden ýandyrylýan motor.*

**explosive** [iks´plousiv] partlaýjy; gyzma, gaharjaň; zarply; partlaýjy madda; *~ bomb fugas bombasy; ~ bullet partlaýjy gülle.*

**express** [iks´pres] gyssagly;/ gyssagly iberme(k); beýan etmek; *~ train gyssagly otly; to ~ oneself pikiriňi beýan etmek.*

**expression** [iks´preʃən] beýan, beýan etme; sypat, ýüz keşp; *beyond ~ söz bilen beýan eder ýaly däl; with ~ sypat bilen; jümle bilen.*

**extreme** [iks´tri:m] iň soňky dereje, soňky çäk; soňky çäre, ahyrky alaç; *to run to an ~ iň soňky derejä ýetmek, nalaç galmak; to go to ~s iň soňky çärä ýüz urmak; ~s meet nalaçlaryň ýoly bir.*

**eye** [ai] göz; göreç; garaýyş, nazar, bakyş; deşik, gulak; *brown ~ gara göz; good ~ / quick ~ ýiti göz; to close one's ~s to smth. bir zada göz ýummak; ✧ four ~s see more than two (nakyl.) maslahatly biçilen don gysga bolmaz; ~glass äýnek; ~lid gabak.*

# F

**face** [feis] ýüz, sypat; keşp; daş görnüş; öňden görnüş, fasad; / ýüziň (bir zada) bolup durmak; ýüzi belli bir ugra bol-mak; ýüzbe-ýüz bolmak; *~ to ~ ýüzbe-ýüz; put smile on your ~ ýylgyryň; ✧ to have the ~ (to say) aýtmaga ýüzüň bolmak; to lose ~ abraýdan düşmek; to sit ~ing ýüzüňi öwrüp otur-mak; ~ the facts hakykatyň ýüzüne seretmek.*

**fact** [fækt] ýagdaý, fakt; hakykat, çyn (dogry) zat; *the ~ is that bu ýerde gep şunda ...; the ~ of the matter işiň özeni; in ~, as a matter of ~ hakykatdan, iş ýüzünde.*

**factory** [´fæktəri] kärhana.

**fail** [feil] şowsuzlyga uçramak, ugruna bolmazlyk; synagdan geçmezlik; başa barmazlyk; ýetmezlik; peselmek; solmak; *a plan ~s maksatnama başa barmaýar; to ~ in an examination synagdan geçmezlik; without ~ gürrüňsiz; don't ~ to let me know maňa hökman habar ýetiriň; he ~ed to come ol gelip bilmedi; words ~ me söz tapamok.*

**failure** [´feiljə] şowsuzlyk; paşmadyk pirim; üflaslyk, synanlyk; işi ugruna däl adam; *harvest ~ hasylsyzlyk; to end in ~ şowsuz gutarmak; to meet*

*with ~ şowsuzlyga uçramak; the play was a ~ oýun şowsuz boldy.*

**faint** [feint] bihuşlyk; / gowşak, ysgynsyz, gowuşgynsyz; / özüňden gitmek; çaşmak, bihuş bolmak; *not the ~est hope çigit ýalam umyt ýok.*

**fair I** [fɛə] bazar, ýarmarka; *vanity ~ şöhrat bazary; world ~ bütindünýä sergisi;* ✧ *the day after the ~ "toýdan" soň.*

**fair II** [fɛə] owadan, gözel; ajaýyp, arassa, tämiz; dogruçyl, adyl; ep-esli, esli; sypaýy, mylakatly; aksowult, akýagyz; *~ weather açyk howa; ~ wind ugurdaş ýel; a ~ play mert oýun; by ~ means halal ýol bilen; ~ trade halal söwda; your mark is ~ siziň bahaňyz gowy.*

**faith** [feiθ] ynam; iman; ygtybar; ygrar; wepa, sadyklyk; ynsap; *in good ~ ak ýürekden; in bad ~ ähtiýalanlyk bilen.*

**fall** [fɔ:l] **(fell; fallen)** ýykylma(k); gaçma(k); peselme(k); aşak düşme(k); ýagyn; *to ~ silent dymmak; to ~ asleep uklamak; to ~ ill kesellemek; to ~ dead ölüp ýykylmak; to ~ behind yza galmak; to ~ in love aşyk bolmak; to ~ into a habit endik etmek.*

**fallen** [fɔ:lən] p.p. < fall.

**false** [fɔ:ls] ýalan, ýalňyş, nädogry; galp; emeli, ýasama; haýyn; *~ pride ýalan guwanç; a ~ friend ýalan dost; a ~ teeth ýasama diş.*

**fame** [feim] şöhrat, meşhurlyk; at-owaza; abraý; *~ as a writer ýazyjylyk abraýy.*

**familiar** [fə΄miljə] tanyş, belet; ýakyn, golaý; adaty; edepsiz; ýuwnuksyz; *a ~ sight adaty zat; to be ~ with smth. bir zada belet bolmak.*

**family** [΄fæmili] maşgala, tohum, asyl, nesil, tire; *a man of ~ asylzada; a ~ of languages diller maşgalasy; a ~ name familiýa; a ~ tree şejere daragty; a ~ friend saçakly gatnaşyk edýän dost; we are a ~ of three biz üç baş maşgala; ~ life maşgala durmuşy.*

**famous** [΄feiməs] meşhur, belli; şöhratly; adygan, tanymal; *to be ~ for smth. (bir zat) bilen meşhur bolmak.*

**fancy** [΄fænsi] fantaziýa; hyýal; höwes, isleg, maýyllyk; göz öňüne getirme(k), hyýalda dikeltmek; çaklamak, oýlamak; hondan bärsi bolmak.

**far** [fɑ:] uzak(daky), daş(daky), alys(daky); *~ back in the past uzak geçmişde; ~ and near uzak-ýakynda; ~ East Uzak Gündogar; how ~ is it? näçe aralykda? ~ from ...dan uzak; as ~ as I know meniň bilşime görä; so ~ as sebäpli; from ~ uzakdan.*

**farm** [fɑ:m] ferma, mellek; daýhan hojalygy; *dairy ~ süýt fermasy; individual ~ ýekebara hojalyk.*

**farmer** [ˊfɑ:mə] mülkdar, kärendeçi.

**fashion** [ˊfæʃən] ýol, usul, tär; biçüw, moda; *to be the ~, to be in ~ modada bolmak; out of ~ modadan galan.*

**fashionable** [ˊfæʃnəbl] modaly, modadaky; bezemen, kaşaň.

**fast I** [fɑ:st] agyz bekleme; ✧ *a clean ~ is better than a dirty breakfast halal lukma ýagtylyk biýr gözlere; to break one's ~ agzyňy açmak.*

**fast II** [fɑ:st] berk, gaty; wepaly; tiz, çalt; *a ~ friend wepaly dost; to make ~ berkitmek; a ~ train tiz gidýän otly; the watch is ~ sagat öňe gidýär; to be ~ asleep berk uklamak.*

**fasten** [ˊfɑ:sn] berkitmek; daňmak, baglamak; gysmak; *~ seat bealts kemerleriňizi ildiriň! to ~ a door gapyny jebis ýapmak.*

**fat** [fæt] ýag; ýagly; semiz; etli-ganly; *to run to ~ semremek;* ✧ *the ~ is in the fire boljak iş boldy; ~ job bereketli iş.*

**fate** [feit] kysmat, takdyr; täleý; *as sure as ~ şübhesiz; to go to one's ~ ölüme gitmek.*

**father** [ˊfɑ:ðə] kaka, ata; nesilbaşy; *adoptive ~ atalyk; F. of lies Iblis; F. Christmas Aýaz baba; F. Thames Temza derýasy; F. of Waters Misisipi derýasy.*

**father-in-law** [ˊfɑ:ðərinlɔ:] gaýyn ata.

**fatherland** [ˊfɑ:ðəlænd] watan, ýurt, ene toprak.

**fault** [fɔ:lt] nogsan, ýetmezçilik; hata; säwlik; günä; *it is my ~ günä mende.*

**favour** [ˊfeivə] *(***amer. favor***)* merhemet; ýagşylyk; mähribanlyk, hoşniýetlilik; hyzmat; peýda, bähbit; *please, ~ me with an answer merhemet edip, maňa jogap beriň.*

**favourable** [ˊfeivərəbl] **(amer. favorable)** gowy, oňat, ýagşy, ýakymly; oňyn; *a ~ answer oňat jogap; ~ wind ugur-daş ýel; ~ impression ýakymly täsir.*

**favourite** [ˊfeivərit] **(amer. favorite)** gowy görülýän; söýgüli; halanýan; *~ colour gowy görülýän reňk.*

**fear** [fiə] gorky; wehim, heder; / gorkmak, heder (wehim) etmek; *for ~ (of smth.) gorkusyna; in ~ of one's life janyňdan gorkyňa; never ~ asla gorkmaň.*

**feather** [ˊfeðə] ýelek, per; ✧ *birds of a ~ topragy bir ýerden alnan.*

**fed** [fed] past we p.p. < feed.

**feed** [fi:d] (fed) iýmitlen(dir)mek; iýmitle(n)mek; bak(yl)mak; *to ~ on, to ~ upon bir zat bilen iýmitlenmek; to ~ up baga bakmak.*

**feel** [fi:l] (felt) duýmak; aňmak; barlamak; sermenmek; *I ~ hot (cold) men yssylaýaryn (üşeýärin); to ~ the pulse of smb. biriniň ýürek urgusyny barlamak; the room ~s warm otagyň içi yssy; to ~ one's way sermenip ýöremek; to ~ for smb. birine duýgudaşlyk bildirmek.*

**feeling** [ˊfi:liŋ] duýgy, aň; duýma; *~ of safety howpsuzlyk duýgusy; to hurt smb.'s ~s biriniň göwnüne degmek; good ~ ýagşy niýetlilik; ill ~ duşmançylyk; bad ~ ýaramaz duýgy.*

**fell** [fel] past < fall.

**fellow** [ˊfelou] ýoldaş, ülpet; ýigit, oglan; *~ citizen ildeş; ~ creature ýakynyň; ~ soldier söweş ýoldaşy.*

**felt** [felt] past we p.p. < feel.

**female** [ˊfi:meil] aýal maşgala; ene, urkaçy.

**fence** [fens] haýat, diwar, germew, aýmança; gylyçlaşyk; / haýat çekmek; germew etmek; gylyçlaşmak; *a ~ roof bassyrma, telär; green (wire) ~ ösümlikden (simden) aýmança; master of ~ ökde gylyç urýan; to ~ about, to ~ in gurşamak, daşyny tutmak.*

**fever** [ˊfi:və] yssytma; gyzyrma; titretme; *brain ~ beýin sowuklamasy; gold ~ altyn yssytmasy.*

**few** [fju:] az, az sanly, köp däl; *a ~ birnäçe; quite a ~ ep-esli*; *in a ~ words gysgaça; ~ books az kitap; in a ~ days birnäçe günden.*

**field** [fi:ld] meýdan; ugur, pudak; *~ of view, ~ of vision gözýetim; magnetic ~ magnit meýdany; in the ~ meýdanda; in this ~ bu ugurda; oil-~ nebit ýatagy.*

**fierce** [fiəs] guduz ýaly, joşgunly; gazaply; güýçli; aýylganç, elhenç.

**fight** [fait] uruş, jeň, ýow; / (fought) uruş(mak), söweş(mek), göreş(mek); *to ~ hard gaýduwsyz göreşmek; to have a ~ uruşmak.*

**figure** [ˊfigə] syrat; sypat; daşky görnüş; keşp; şahsyýet, şahs; şekil, surat; san; *a nice ~ gelşikli syrat; a person of ~ görnükli şahsyýet; ~ of speech çeper serişdeler; in round ~s tegelek sanlarda; double ~s iki belgili sanlar.*

**fill** [fil] dol(dur)mak; ýapmak; (dişe) dyky goýmak; *to ~ in one's name öz adyňy goşmak; to ~ up a form anketa doldurmak.*

**film** [film] film; kino; plýonka; ýukajyk gatlak; örtük, perde.

**find** [faind] (found) tapmak; üstüni açmak; hasapla-

mak, öýtmek;/ tapyndy; *to ~ no sense many görmezlik; to ~ oneself öz ornuňy tapmak; I ~ it necessary men muny zerur hasap edýärin; How do you ~ yourself? Ýagdaýyňyz nähili? a great ~ uly tapyndy.*

**fine I** [fain] jerime (etmek).

**fine II** [fain] inçe, nepis; ajaýyp, gözel; *~ air ajaýyp howa; ~ distinction inçejik tapawut; ~ intellect ýiti akyl; ~ point, ~ question irnik mesele; ~ mechanics takyk mehanika; one ~ day günlerden bir gün; the F. Arts şekillendiriş sungaty.*

**finger** [ˊfiŋgə] barmak; ok; (enjamyň) dili;/ellemek; barmaklaryňy degirmek; *to lay (to put) a ~ on smb. birine barmagyňy degirmek; to let slip through the ~s eliňden sypdyrmak; ✧ to turn smb. round one's ~ birini suwly äkidip, suwsuz getirmek; to have a ~ in smth. bir zatda eliň bolmak.*

**finish** [ˊfiniʃ] gutarmak; soňla(n)mak, tamamla(n)mak; bitirmek; timarlamak; *to fight to the ~ soňuna çenli göreşmek; to lack ~ timarlanmadyk bolmak.*

**fire** [ˊfaiə] ot, ýalyn, alaw; ýangyn;/ok atmak, ot açmak; *to light the ~ ot ýakmak; to catch (to take) ~ ot almak; to be on ~ ýanmak; to set ~ to smth. bir zady otlamak; to ~ a gun tüpeň atmak; a ~place ojak.*

**firm** [fəːm] firma, şereket; berk, gaty; çydamly; *a ~ step ynamly ädim; ~ prices üýtgemeýän nyrhlar; (as) ~ as a rock gaýa ýaly berk.*

**first** [fəːst] birinji; ilkinji; / birinjiden; *at ~ ilki bilen; at ~ sight bir bakyşda; a ~ name at, ady; in the ~ place ilki bilen; from the ~ iň başyndan; ~ of all öňi bilen; ~ or last ir-u-giç; ~ and foremost ilkinji nobatda; the ~ of March 1-nji mart.*

**fish** [fiʃ] balyk (tutmak); *~ dish balykly nahar; a lot of ~ köp balyk; ✧ neither ~, flesh, nor fowl ne hamyr, ne petir; to make ~ of one and flesh of another adamlara deň göz bilen garamazlyk.*

**fisherman** [ˊfiʃəmən] balykçy.

**fit** [fit] laýyk, bolýan; ýaramly, laýyk gelýän; mynasyp, gelişýän; / ýaramly bolmak, derde ýaramak; laýyk gelmek, şap bolmak, gelişmek; dakmak, ýerine goýmak, oturtmak, berkitmek; *it is not ~ mynasyp däl, gelşenok; the coat ~s well palto gowy gelişýär; to ~ like a glove şap bolmak.*

**fix** [fiks] berkitmek, dakmak, oturtmak; ornaşdyrmak, girizmek; kesgitlemek, bellemek; (ünsi) çekmek; gönükdirmek; *to ~ a breakfast ertir-*

*lik taýynlamak; to ~ a broken lock döwlen gulpy bejermek; to ~ the day gününi bellemek; to ~ the fire ot ýakmak; out of ~ gurat däl.*

**fixed** [fikst] üýtgewsiz, hemişelik; berkidilen, dakylan; gaty; *~ prices üýtgewsiz nyrhlar; ~ fact anyk fakt; to be of no ~ address belli bir ýaşaýan ýeriň bolmazlyk; ~ capital baş maýa.*

**flag** [flæg] baýdak, tug.

**flame** [fleim] ýalyn, alaw; / ýalynla(n)mak, alawlamak; *in ~s ot içinde; the ~s of sunset agşam şapagy; ~ out, ~ up tutaşmak, lowlap ýanmak.*

**flash** [flæʃ] lowurdy, ýalpyldy, şöhle; öwşün; ýylpyldy; uçganak; *a ~ of lightning ýyldyrym ýagtysy; ~ of hope umyt uçgunjygy; in a ~ bir demde; his eyes ~ed fire gözleri uçganaklady.*

**flat I** [flæt] tekiz(lik); düz(lük); ýalpak(lyk), saý ýer; / ýasy; peseldýän, bemol; *the ~ of the hand eliň aýasy; that's ~ bu gutarnykly çözülen.*

**flat II** [flæt] öý, *~ two ikinji öý; a ~ of two rooms iki otagly öý.*

**flesh** [fleʃ] (jylka) et; beden, ten; *wolves live on ~ möjekler et iýýär; ~ and blood ten we jan; one's own ~ and blood ganybirler; in the ~ diri; in ~ etli-ganly; to lose ~ horlanmak; ✧ neither fish, ~, nor fowl ne hamyr, ne petir.*

**flew** [flu:] past < fly II.

**flight** [flait] uçuş; uçuş aralygy; uçar hatary; basgançak hatary; gaçyş, gaçma; *non-stop ~ gonman geçirilen uçuş; a ~ of birds (guş) sürüsi; a ~ of fancy hyýal ýüwürtme; to put to ~ gaçyrmak; to take (to) ~ gaçmak.*

**float** [flout] galtga, ýüzgüç; sal; / ýüzmek; çalt geçip gitmek; ✧ *to ~ in the mind beýninde at çapmak; to ~ before the eyes gözüň öňünde gaýmalamak.*

**flood** [flʌd] joşgun; daşgyn; suwuň galmagy; sil; / joşmak, daşmak; sil ýaly eňmek; *the F. Nuhuň tupany; a ~ of words söz tupany; a ~ of tears gözýaş deňzi; a ~ of anger gazap joşguny.*

**floor** [flɔ:] pol; düşek; gat; *to have, to take the ~ çykyş etmek; to get the ~ söz almak; ground ~ birinji gat; first ~ ikinji gat;* ***(amer.)*** *birinji gat.*

**flour** [ˊflauə] un.

**flow** [flou] akym, daşgyn; /akmak, guýulmak, dökülmek; *The river ~s into the sea derýa deňze guýulýar.*

**flower** [ˊflauə] gül, gülli ösümlik; gülleme; gülleýiş; *~ s of speech owadan jümleler; in ~ gülläp duran;* ✧ *in the ~ of one's age "men" diýen wagtynda.*

**flown** [floun] p.p. < fly II.

**fly I** [flai] siňek; *a ~ in the ointment bir çelek bala düşen bir siňek.*

**fly II** [flai] uçuş; / (flew; flown) uçmak; uçurmak; *to ~ a kite batbörek uçurmak; to ~ away uçup gitmek.*

**fold** [fould] ýygyrt, epin; / ep(le)mek; dolamak; gujaklamak; *to ~ one's arms gol gowşurmak; to ~ one's hands gol gowşuryp durmak; to ~ up a newspaper gazeti eplemek.*

**follow** [ˊfɔlou] soň gelmek; yzyna düşmek, yzy bilen gitmek; yzarlamak; ýöretmek; ge-lip çykmak; *a concert ~ed the lecture takaldan soň konsert boldy; ~ this path! şu ýol bilen gidiberiň; to ~ the policy belli bir syýasat alyp barmak; to ~ the law kanuna eýermek; I cannot ~ you men size eýgeremok; the letter reads as ~s hatda şeýle diýilýär; ~ing indiki.*

**fond** [fɔnd] mähirli; söýýän; *to be ~ of smb., smth. birini, bir zady söýmek.*

**food** [fu:d] iýmit; azyk; iým; *mental ~ ruhy iýmit; ~ value ýokumlylyk; to cook ~ nahar bişirmek.*

**fool** [fu:l] akmak; samsyk; pekge, mahaw, sähne, tentek; wäşi; masgarabaz; / samsyklyga salmak; oýnamak; aldamak; *don't be a ~ samsyk bolma! to make a ~ of smb. birini oýnamak; to make a ~ of oneself özüňi masgara etmek; to play the ~ samsyklanmak.*

**foolish** [ˊfu:liʃ] samsyk; akylsyz, dälişge.

**foot** [fut] daban; aýak; ýöreýiş; aýak basyş; fut; *on ~ pyýada; to be on one's feet aýak üstünde bolmak; to get on feet aýaga galmak; at the ~ of the bed düşegiň aýagujunda; ~ of the hill baýryň etegi.*

**football** [ˊfutbɔ:l] futbol.

**foot-path** [ˊfutpɑ:θ] pyýada ýoly, ýoda.

**footstep** [ˊfutstep] aýak yzy; ädim; ýöreýiş; *the sound of ~s aýak sesi.*

**for** [fɔ:] üçin, hatyrasyna; sebäpli; zerarly; sebäbi, çünki; görä; dowamynda; *~ children çagalar üçin; ~ever hemişelik; ~ example mysal üçin; ~ the first time birinji gezek; as ~ me maňa galsa; ~ sale satlyk; ~ the present entek; to last ~ an hour bir sagada çekmek; to sell ~ 10 dollars 10 dollara satmak; to send ~ a doctor lukmanyň yzyn-dan ibermek.*

**forbid** [fəˊbid] gadagan etmek; ygtyýar etmezlik; *to ~ smb. the country birine ýurda girmegi gadagan etmek; to ~ the house öýe goýbermezlik; time ~s wagt ýok; God ~! Hudaý saklasyn!*

**force** [fɔ:s] güýç;/mejbur etmek, zor etmek; zabt etmek;

*by ~ zor bilen; land ~s pyýada goşun; to come into ~ güýje girmek; to put in ~ güýje girizmek; to remain in ~ güýjünde galmak; to ~ a smile ýalandan ýylgyrmak; to ~ a door gapyny döwüp girmek.*

**forehead** [ˊfɔrid] maňlaý, alyn.

**foreign** [ˊfɔrin] daşary ýurt..., daşary..., del; *a ~ language daşary ýurt dili; a ~ policy daşary syýasat; F. Office daşary işler ministrligi; F. Secretary daşary işler ministri; a ~ trade daşary söwda.*

**foreigner** [ˊfɔrinə] daşary ýurtly; keseki, ýat (adam).

**forest** [ˊfɔrist] tokaý.

**forgave** [fəˊgeiv] past < forgive.

**forget** [fəˊget] (forgot; forgotten) ýatdan çykarmak, unutmak; *to ~ about smb. birini unutmak.*

**forgive** [fəˊgiv] (forgave; forgiven) bagyşlamak, günäsini geçmek.

**forgiven** [fəˊgivn] p.p. < forgive.

**forgot** [fəˊgɔt] past < forget.

**forgotten** [fəˊgɔtn] p.p. < forget.

**fork** [fɔ:k] çarşajyk; çarşak; ýabak.

**form** [fɔ:m] şekil, görnüş, keşp; sypat; galyp, nusga; blank; anketa; oturgyç; klas; / görnüşe getirmek (gelmek), şekil bermek; düzmek, emele getirmek; döretmek; *in the ~ of a globe togalak; to take the ~ of smth. bir zadyň şekilini almak; in due ~ bolmalysy ýaly.*

**formal** [ˊfɔ:məl] resmi; formal, göz üçin; *a ~ call resmi sapar; a ~ permission resmi rugsat.*

**former** [ˊfɔ:mə] öňki, ozalky; öňdäki; *~ly öňler; in ~ times öňki döwürde; the ~ ... the latter ... ilkinji ... iň soňky.*

**fortunate** [ˊfɔ:ʧnət] bagtly, şowly.

**fortune** [ˊfɔ:ʧən] ykbal, täleý, takdyr; baýlyk; *bad (ill) ~ betbagtlyk; by good ~ bagtymyza; to try one's ~ bagtyňy synap görmek; to tell ~s täleýe garamak.*

**forward** [ˊfɔ:wəd] öňdäki; öňdebaryjy; öňe; / ibermek, ugratmak; öňe sürmek; *from this time ~ indiden beýläk; to look ~ gelejege garamak; centre ~ merkezi hüjümçi; to ~ a scheme taslamany öňe sürmek.*

**fought** [fɔ:t] past we p.p. < fight.

**found** [faund] past we p.p. < find.

**fox** [fɔks] tilki.

**frame** [freim] esas, özen; beden gurluşy, göwre; syrat; çarçuwa;/çarçuwa salmak; daşyny aýlamak; gurmak, bina etmek; *~ of government hökümet gurluşy; to ~ a plan meýilnama düzmek.*

**free** [fri:] azat, erkin; garaşsyz; boş; mugt, tölegsiz; / azat etmek, boşatmak; *a ~ time boş wagt; to make (to set) ~ boşatmak; ~ education mugt okuw; ~ of charge mugt; ~ of debt bergisiz; ~ of duty gümrük hakyndan azat.*

**freedom** [ˊfri:dəm] azatlyk, garaşsyzlyk; *~ of speech söz azatlygy; ~ of the press metbugat azatlygy.*

**freeze** [fri:z] (froze; frozen) doň(dur)mak; buz bilen örtülmek; buza dönmek; gatamak; sowamak; *it ~s howa sowaýar; the water has frozen suw doňupdyr; to ~ wages aýlygyň möçberini üýtgetmän saklamak; to ~ prices nyrhlary üýtgetmezlik.*

**frequent** [ˊfri:kwənt] çalt, ýygy; adaty.

**fresh** [freʃ] ter; täze; sergin, salkyn; *~ fruit ter miwe; ~ water süýji suw; ~ news täze habarlar.*

**friend** [frend] dost, ülpet; ýoldaş, kärdeş; *a ~ of mine dostlarymyň biri; to make ~s ýaraşmak; to make ~s with smb. biri bilen dostlaşmak;* ✧ *a ~ in need is a ~ indeed (nakyl) çyn dost geňeşde belli.*

**friendly** [ˊfrendli] dost..., dostlukly; ýoldaşlyk; *a ~ talk dostlukly söhbet; a ~ match ýoldaşlyk duşuşygy; F. Society özara kömek jemgyýeti; a ~ nation dostlukly ýurt.*

**friendship** [ˊfrendʃip] dostluk.

**frighten** [ˊfraitn] gorkuzmak; *to get ~ed gorkmak; to ~ away ürküzmek.*

**from** [frɔm] -(n)dan/-(n)den; *~ the town şäherden; where is he coming ~? ol nireli?; ~ the beginning başyndan; ~ my point of view meniň nukdaý nazarymdan; ~ a child çagalykdan; ~ now on mundan beýläk; ~ day to day gün-günden; ~ morning till evening ertirden agşama çenli; ~ time to time wagtal-wagtal.*

**front** [frʌnt] öň, öň tarap; ýüz; front; öň..., öňdäki; *in ~ of öňünde; united ~ birleşen front; popular (the people's) ~ halk fronty; a ~ door öňdäki gapy; ~ vowels inçe çekimliler; the ~ of a house jaýyň öňi.*

**froze** [frouz] past < freeze.

**frozen** [ˊfrouzn] p.p. < freeze; / doň; sowuk.

**fruit** [fru:t] miwe; önüm, netije; *to grow ~ miweçilik bilen meşgullanmak; small ~ ir-iýmişler.*

**fulfil(l)** [fulˊfil] ýerine ýetirmek, berjaý etmek; amala aşyrmak; *to ~ a promise wadaňda durmak.*

**full** [ful] doly; tutuş, bütin; *half ~ ýarty; in ~ doly; ~ to the brim püre-pür; a ~ hour tutuş bir sagat; ~ moon dolan aý; of ~ age ýaşy ýeten; to get ~ dolmak.*

**fun** [fʌn] degişme; oýun, maza; şatlyk; *figure of ~ gülki ýassygy; just for ~ güldürmek üçin; to make ~ of smb. birini gülki ýassygy etmek; to have a lot of ~ degşip-gülüşmek.*

**funeral** [ˊfju:nərəl] ýas, matam; gölegçilik; jynaza.

**funny** [ˊfʌni] gyzykly; gülkünç; gülküli; *nothing ~ about gülkünç zat ýok.*

**fur** [fə:] sütük(li); sütükden; ýüň; deri; *~ coat sütük possun.*

**furnish** [ˊfə:niʃ] üpjün etmek; mebel goýmak; *to ~ benefits (explanations) peýda (düşündiriş) bermek.*

**furniture** [ˊfə:nitʃə] mebel, goş-golaň; *~ of one's mind bilim; ~ of one's pocket pul.*

**further** [ˊfə:ðə] daşrak(daky), aňyrrak(daky); uzagrak(daky); indiki; / onsoň; yzy; üstesine, mundan başga; / ilerletmek; öňe itermek; *~ more üstesine, mundan başga; to obtain ~ information goşmaça maglumat almak; till ~ notice indiki habara çenli.*

**future** [ˊfju:tʃə] gelejek; geljekki; *for the ~, in ~ gelejekde; indiden beýläk; in the near ~ ýakyn geljekde; ~ tense geljek zaman.*

# G

**gain** [gein] gazanmak; peýda tapmak, haýyr görmek; utmak, almak, edinmek; ýetmek; / bähbit, peýda, girdeji; gazanç; utuş; *to ~ a prize baýrak almak; to ~ experience tejribe gazanmak; to ~ time wagt utmak (tygşytlamak); to ~ weight agralmak; to ~ strength güýç toplamak.*

**game** [geim] oýun; döw; ýaryş; tomaşa; aw; *to play a ~ of chess bir döw küşt oýnamak; to make a ~ of smb. birini oýnamak; to speak in ~ oýun edip aýtmak; this ~ is yours siz utduňyz.*

**garage** [ˊgærɑ:ʒ] garaž.

**garden** [ˊgɑ:dn] bag; mellek; seýil bagy; *flower ~ gülüstan.*

**garment** [ˊgɑ:mənt] lybas; geýim; örtük, don.

**gas** [gæs] gaz; howa; benzin, gazolin; ýel;/gaz bilen zäherlemek; *a ~ stove gaz ojagy; to turn off the ~ gazy söndürmek; noble ~ tebigy gaz.*

**gate** [geit] derweze; gapy; germeç; *to open the ~ derwezäni açmak; a water ~ bentçe.*

**gather** [ˈgæðə] ýygmak, ýygna(n)mak; topla(n)mak, üýş(ür)mek; netije çykarmak; tamamlamak; *to ~ experience (strength) tejribe (güýç) toplamak; to ~ oneself up tijenmek.*

**gave** [ˈgeiv] past < give.

**general I** [ˈdʒenərəl] (ähl)-umumy; baş, esasy; adaty; *the ~ halk; a ~ meeting umumy ýygnak; ~ elections ählumumy saýlawlar; as a ~ rule adatça; in ~ umuman; a ~ outline umumy ugur.*

**general II** [ˈdʒenərəl] general.

**generous** [ˈdʒenərəs] asylly; merhemetli, rehimli; sahy, jomart; *a ~ nature asylly häsiýet; a ~ amount köp mukdarda; of ~ size uly göwrümli.*

**gentle** [ˈdʒentl] ýumşak, mähirli; mylakatly; ýuwaş; näzik, mylaýym.

**gentleman** [ˈdʒentlmən] jentlmen; asylzada; *~'s agreement erkek sözi; ~ of fortune garakçy.*

**get** [get] (got) almak; tapmak, edinmek; gazanmak; ýetmek; barmak; aňmak; bar bolmak, eliňde bolmak; bolmak, öwrülmek, dönmek; *to ~ a letter hat almak; to ~ advantage üstünlik gazanmak; to ~ a leave rugsat almak; to ~ old garramak; to ~ angry gaharlanmak; to ~ back gaýdyp gelmek; to ~ better gowulaşmak; to ~ married öýlenmek; to ~ into girmek; to ~ off düşmek; to ~ on münmek; to ~ up turmak, münmek; to ~ home öýe ýetmek; to ~ ready taýyn bolmak; to ~ dark garaňky düşmek; I got my hair cut saçymy aldyrdym.*

**gift** [gift] sowgat, peşgeş; ukyp, zehin, başarnyk; nygmat; *to make smb. ~ birine sowgat etmek; a ~ for music saza bolan ukyp.*

**girl** [gə:l] gyz; ulygyz.

**give** [giv] (gave; given) bermek; *to ~ lessons sapak bermek; to ~ one's word söz bermek; to ~ a look nazar salmak; to ~ permission rugsat bermek; to ~ an order buýruk bermek; to ~ in yza tesmek; to ~ up taşlamak; to ~ ear to gulak asmak.*

**given** [ˈgivn] p.p. < give; *within a ~ period berlen möhlet içinde; ~ name at (familiýa däl)*

**glad** [glæd] hoşal, şat, begençli; kaýyl, razy; *I'm ~ to see you sizi görenime şat; ~ to hear it muny eşidip begendim; ~ cry begençli ses.*

**glass** [glɑ:s] aýna; stakan; bulgur; *a ~ door aýna gapy; through ~ aýnanyň aňyrsyndan; a ~ of tea bir stakan çaý; ~es äýnek, gözlük.*

**glory** [ˈglɔ:ri] şöhrat, şan; dabara; gözellik, ajaýyplyk; şugla, nur; *to go to ~ ölmek; to send to ~ öldürmek.*

**glue** [glu:] ýelim; / ýelme(ş)-mek; ~ *colour ýelimli reňk;* ✧ *to have one's eye ~d to gözüňi aýyrman seretmek.*

**go** [gou] (went; gone) ýöremek, gezmek; gitmek; işlemek, ugur almak; gelişmek; dönmek, öwrülmek, bolmak; *to ~ back gaýtmak, yza gitmek; to ~ bad zaýalanmak; to ~ to bed düşege girmek; to ~ by geçip gitmek; to ~ by train otly bilen gitmek; to ~ shopping bazara gitmek; to ~ on dowam etdirmek; to ~ for a walk gezelenje çykmak; to ~ on a trip syýahata gitmek; to ~ in girmek; to ~ out çykmak; a letter ~es hatda şeýle diýilýär; what's ~ing on? näme bolýar?*

**goal** [goul] maksat, wezipe; pellehana; gol; derweze.

**goat** [gout] geçi, teke; *(G.) Owlak ýyldyzlar toplumy.*

**God** [gɔd] Ylah, Hudaý; *Oh, God! eý Alla!; by God! Alla kessin!; God damn you! Saňa Alla nälet etsin! God forbid! Hudaý görkezmesin!*

**gold** [gould] gyzyl, tylla, altyn, zer; *a ~ plate altyn tabak.*

**golden** [ˊgouldən] gyzyl(dan), altyn(dan); altyn reňkli, tylla öwüşginli, altynsow; ~ *age altyn asyr; ~ deeds sogap işler; ~ hours bagtly pursatlar; a ~ rule altyn kadalar.*

**gone** [gɔn] p.p. < go; *a man ~ ninety years of age togsandan geçen adam.*

**good** [gud] gowy; ýagşy(lyk), bähbit(li); hoşniýetli, akgöwünli; ~ *deeds sogap işler; a ~ mark gowy baha; ~ morning ertiriňiz haýyr!; a ~ deal ep-esli; to do smb. ~ birine ýagşylyk etmek; for ~ gutarnykly, hemişelik; it is no ~ peýdasyz; ~ will hoş niýet.*

**good-bye** [gudˊbai] sag boluň! hoş!

**goods** [gudz] haryt; ýük, bagaž; *fancy ~ geçginli haryt; consumer ~ halkyň sarp edýän harydy; ~ circulation haryt dolanyşygy.*

**govern** [ˊgʌvən] dolandyrmak, edara etmek; ýolbaşçylyk etmek.

**government** [ˊgʌvnmənt] hökümet, dolandyryş şekili.

**grace** [greis] ajaýyplyk; gözellik; nepislik, näziklik; merhemetlilik; *with (a) good ~ höwes bilen; with (a) bad ~ göwünli-göwünsiz; Act of ~ (ählumumy) günä geçişlik; Your G. siziň alyjenabyňyz! His G. onuň alyjenaplary!*

**graceful** [ˊgreisful] ajaýyp, gözel, syratly; nepis, inçe.

**gradually** [ˊgrædjuəli] kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan, assa-assa, dura-bara.

**grain** [grein] galla; däne; *not a ~ of truth hakykatdan nam-nyşan ýok.*

**gram** [ˊgræm] gram.

**grammar** [ˊgræmə] grammatika.

**grand** [grænd] läheň, ägirt, äpet, uly; belent, beýik; *a ~ question möhüm mesele; ~ total umumy jemi.*

**grandfather** [ˈgrændˌfɑːðə] ata, baba.

**grandmother** [ˈgrændˌmʌðə] ene, mama.

**grass** [grɑːs] ot; öri meýdan; çemenlik, öleňlik; *to be at ~ baga bakylmak; to put (to send) to ~ örä çykarmak; keep off the ~ çemenligi basmaň!*

**grateful** [ˈgreitful] minnetdar; hoşal; *a ~ smile minnetdar ýylgyryş.*

**grave I** [greiv] mazar, gabyr, gör; ölüm; *to sink into the ~ göre girmek;* ✧ *to have one foot in the ~ bir aýagyň görde bolmak.*

**grave II** [greiv] gaýgyly, gamly, aladaly; çynlakaý; möhüm, ähmiýetli; saldamly, agras; howply, agyr.

**great** [greit] beýik; uly; ägirt, äpet; *the Great Britain Beýik Britaniýa; that's ~! gaty gowy!; ~ grandfather baba, ataň kakasy; ~ many gaty köp.*

**green** [griːn] ýaşyl; gök; gökli; çig; ýaş, gögele; *a ~ grass gök ot.*

**greet** [griːt] salam bermek, salamlaşmak.

**greeting** [ˈgriːtiŋ] salam(laşma); *to send a ~ salam ibermek.*

**grew** [gruː] past < grow.

**grey** [grei] **(amer. gray)** çal; tutuk, gamaşyk, bulutly; tukat, gamgyn; keýpsiz; *~ eyes ala gözler; ~ hair ak saç; a ~ man çal saç adam; all ~ saçy ap-ak; to turn ~ saçyň agarmak.*

**grief** [griːf] gaýgy, gam; gynanç; betbagtçylyk, bela; *to come to ~ bela uçramak; to bring to ~ bela duçar etmek.*

**grieve** [griːv] gynan(dyr)mak, gamlan(dyr)mak.

**ground** [graund] ýer, toprak; türgenleşik meýdany; esas, ýerlik; düşek; *~ floor birinji gat; to fall to the ~ ýykylmak; to take ~ gonmak; to touch the ~ düýbüne ýetmek; on the ~ of esasynda.*

**group** [gruːp] topar; /toparlara bölmek, toparlara toplamak; *a ~ of children bir topar çaga; business ~s işewür toparlar.*

**grow** [grou] **(grew; grown)** gögermek, ösmek; artmak, güýçlenmek; beterleşmek; öwrülmek, bolmak; ösdürip ýetişdirmek; ösdürmek; *to ~ angry gaharlanmak; to ~ a beard sakgal goýbermek; to ~ in experience tejribäňi artdyr-mak; to ~ dark garaňky düşmek; to ~ old garramak.*

**grown** [groun] p.p. < grow.

**growth** [grouθ] ösüş; artma, köpelme.

**guard** [gɑːd] gorag, garawul; sakçy, bekçi; gorag goşuny; *body ~ janpena; ~ of honour hormat garawuly; to stand*

*~ sakçy durmak; to be on (one's) ~ hüşgär bolmak.*

**guess** [ges] çen, çak, güman; / çen edip bilmek, çaklamak, öýtmek; *to ~ a riddle tapmaçanyň jogabyny bilmek; to ~ right dogry tapmak; he is forty, I ~ ol kyrk ýaşyndadyr öýdýärin.*

**guest** [gest] myhman; *to invite ~s myhman çagyrmak; to have ~s myhmanyň bolmak.*

**guidance** [ˈgaidəns] ýolbaşçylyk; *under the ~ of ýolbaşçylygynda.*

**guide** [gaid] ýolbelet; ýolbaşçy; ugrukdyryjy; gollanma; ýol görkeziji kitapça; / ýolbeletlik etmek; ýolbaşçylyk etmek, ugrukdyrmak; *to ~ smb. birine ýol görkezmek.*

**guilt** [gilt] günä, günäkärlik.

**gun** [gʌn] top; tüpeň, atýan ýarag; sapança; *double-barrelled ~ goşanil tüpeň, goşa; sporting ~ aw tüpeňi.*

# H

**habit** [ˈhæbit] endik, adat; däp; dessur; mahsus häsiýet; gurluş; *to be in the ~ of doing smth. bir zat etmek endigiň bolmak; ~ of mind akyl gurluşy.*

**habitual** [həˈbitjuəl] adaty, endik bolan.

**had** [hæd] past we p.p. < have.

**hair** [hεə] saç; gyl, tüý; ýüň; *to cut one's ~ saçyňy aldyrmak; to lose one's ~ saçyň düşmek; to a ~ nokatma-nokat; within a ~ of gylça aralykda.*

**hairy** [ˈhεəri] tüýlek, tüýli; gylly.

**half** [hɑ:f] ýarym, ýarty; ýary; doly däl, bölekleýin; *~ a day ýarym gün; ~ an hour ýarym sagat; the larger ~ aglabasy; ~ past two üçüň ýary; to do smth. by halves bir zady ýarpy-ýalta etmek; ~ as much iki esse az; ~ as much again iki esse köp; ~ back ýarym goragçy.*

**half-done** [ˈhɑ:fˈdʌn] ýarysy edilen, ýarysy taýyn; ýarpy-ýalta edilen; ýarym çig, ýary bişmedik.

**hall** [hɔ:l] zal, uly otag; dalan, däliz; ýatakhana; dershana.

**hammer** [ˈhæmə] çekiç, ýeke-daban, tokmak; / kakmak, çe-kiçlemek; *to bring to the ~ "kim ýokary?" edip satmak; to ~ it home to smb. biriniň aňyna zor bilen salmak.*

**hand** [hænd] el; öň aýak; ygtyýar; ökdelik; el güýji; hat, ýazyş; gol; sagadyň dili; / gowşurmak, (eline) bermek; *~ in ~*

*el-ele berip; to keep smb. in ~s birini gol astynda saklamak; to keep smth. in ~s eliňde bir zat saklamak; on the one ~ bir tarapdan; on the other ~ ikinji tarapdan; to have a ~ in smth. bir zatda eliň bolmak; to shake ~s elleşip salamlaşmak; to send by ~ elin ibermek; from ~ to mouth ölmez-ödi; to ~ in gowşurmak; to ~ on geçirmek; to ~ out bermek, paýlamak; the minute ~ (sagadyň) minut dili.*

**handkerchief** [ˊhæŋkətʃif] elýaglyk, desmal.

**handle** [ˊhændl] sap; tutawaç; / ellemek; çemeleşmek; ulanmak; *to turn the ~ tutawajy öwürmek.*

**hang** [hæŋ] (hung) as(yl)mak, salla(n)mak, egniňde durmak; ilişmek; gijik(dir)mek; *to ~ a door gapy oturtmak; to ~ wallpaper diwara kagyz ýelmemek; computer ~s up kompýuter "doňýar".*

**happen** [ˊhæpən] bolmak, bolup geçmek; miýesser etmek; *smth. must have ~ed bir zat bolan bolmaly; I ~ed to be at home menem şol wagt öýdedim.*

**happiness** [ˊhæpinis] bagt, şatlyk.

**happy** [ˊhæpi] bagtly, bagtyýar; şowly; hoşal, şat; *to be ~ bagtly bolmak; a Happy New Year! Täze ýylyňyz bilen!*

**hard** [hɑ:d] gaty; berk; agyr, kyn; güýçli; yhlasly, tutanýerli, erjel; *a ~ blow güýçli urgy; a ~ case kyn ýagdaý; a ~ discipline berk düzgün-nyzam; ~ times agyr döwürler; ~ labour agyr zähmet; ~ currency durnukly pul; ~ of hearing gulagy agyr; it is ~ to say aýtmak kyn; to try ~ jan etmek.*

**harden** [ˊhɑ:dn] gataltmak; gatamak; bekemek, bişişmek.

**hardly** [ˊhɑ:dli] zordan, kynlyk bilen; *it is ~ possible bu mümkin däl diýen ýaly; I can ~ ask him to pay oňa "töle" diýmäge-de dilim baranok.*

**hardship** [ˊhɑ:dʃip] mätäçlik, horluk, mahrumçylyk; muşakgatlyk.

**harm** [hɑ:m] zyýan, zelel, zeper; / zyýan (zelel, zeper) ýetirmek; *no ~ done hiç hili zeper ýetmedi; there is no ~ in it munuň hiç hili zyýany ýok; I meant no ~ men siziň göwnüňize degmek islemändim.*

**harmful** [ˊhɑ:mful] zyýanly.

**harmless** [ˊhɑ:mlis] zyýansyz; göwne degmeýän.

**harvest** [ˊhɑ:vist] hasyl; ýygym (döwri); orak (möwsümi).

**hastily** [ˊheistili] gyssanmaç, howlukmaç.

**hasty** [ˊheisti] howlukmaç, gyssagly; oýlanyşyksyz, howul-hara.

**hat** [hæt] şlýapa, telpek; ✧ *to take off the ~ to smb. birine telpek goýmak; to keep smth. under one's ~ bir zady gizlin saklamak.*

**hate** [heit] ýigrenmek.

**hatred** [ˊheitrid] ýigrenç; *to feel ~ for smb. birini ýigrenmek.*

**have** [hæv] (had) bar bolmak, ygtyýaryňda bolmak; *I have a radio mende radio bar; I ~ a toothache dişim agyrýar; to ~ breakfast ertirlik edinmek; to ~ dinner nahar edinmek; to ~ a hat şlýapaly bolmak; to ~ a look seretmek; I ~ done men etdim; I ~ to go men gitmeli; the ~s and the ~-nots* barlylar we ýoksullar.

**he** [hi:] ol (erkek kişi üçin); (ýeňiş hem ýöneliş düşümde) **him;** *that's him bu - ol.*

**head** [hed] kelle, baş; *from ~ to foot başdan aýaga; fifty ~ of cattle elli baş mal; the ~ of the family maşgalabaşy; to be at the ~ of smth. bir zadyň başynda bolmak.*

**health** [helθ] saglyk; *Ministry of H. saglygy goraýyş ministrligi.*

**healthy** [ˊhelθi] sag, sagat, sagdyn; *to feel ~ sagdyn bolmak.*

**hear** [hiə] eşitmek; diňlemek; bilmek, habarly bolmak; habar almak; *to ~ of smb. biri barada bilmek; to ~ from smb. birinden habar almak.*

**heart** [hɑ:t] ýürek; göwün, köňül, kalp; *a ~ attack ýürek tutgaýy; to take to ~ göwnüňe almak; at ~ kalbyň jümmüşinde; from the bottom of one's ~ tüýs ýürekden; with half a ~ göwünli-göwünsiz; to learn by ~ ýat tutmak.*

**heat** [hi:t] yssy, gyzgyn, jöwza, howur; ýylylyk; gahar, gazap; / gyz(dyr)mak; ýylynmak; ýylatmak; *because of the ~ yssy zerarly; specific ~ udel ýylylyk sygymy; at a ~ bir gezekde; in the ~ of the argument jedeliň gyzgynyna; to ~ up some water biraz suw gyzdyrmak.*

**heaven** [ˊhevn] asman, gök; Taňry; *~ forbid! Hudaý saklasyn; by ~! Hudaý kessin!; good ~s Eý, Alla!*

**heavily** [ˊhevili] agyr; güýçli; kyn, güzaply, muşakgatly, ýowuz; *to be punished ~ agyr jezalandyrylmak.*

**heavy** [ˊhevi] agyr; bol, bereketli; güýçli; galyň; tukat, gamgyn, gussaly; *a ~ eater iýermen; a ~ smoker ölemen çilimkeş; a ~ armament agyr ýarag; a ~ crop bol hasyl; a ~ work agyr iş; a ~ wound agyr ýara; ~ news agyr habar.*

**heel** [hi:l] ökje, daban; *high ~s beýik daban; the iron ~ demir daban, sütem; at smb.'s ~s ökjesini basyp; ~s over head başaşak.*

**height** [hait] beýiklik; boý, uzynlyk; depe, baýyr; iň ýokary dereje; *ten feet in ~ boýy on fut; at the ~ of ten feet on fut beýiklikde.*

**held** [held] past we p.p. < hold.

**help** [help] kömek(leşmek), ýardam (etmek), goldaw (bermek); / alaç, çäre; *to give smb. ~ birine kömek etmek; to ~ smb. birine kömekleşmek; to ~ smb. to the cake birine pirožnoýe hödürlemek; ~ ýourself some salad salad hem alyp duruň; I can't ~ thinking of it men bu hakda pikir etmän bilemok; can I be of any ~ ? men näme kömek edip bilerin?*

**helpful** [ˈhelpful] peýdaly.

**hen** [hen] towuk.

**here** [hiə] şu ýerde, bärde; bärik; ine; *~ and there ol ýer-bu ýerde; ~ is your book ine, siziň kitabyňyz; ~ I am! ine-de men!; neither ~ nor there ne eýläk, ne beýläk.*

**herself** [hə:ˈself] (aýal maşgala barada) özüni, özüne; özi; *she came to ~ ol özüne geldi; she did it ~ muny onuň özi etdi; (all) by ~ ýekeje özi.*

**hid** [hid] past < hide.

**hidden** [ˈhidn] p.p. < hide.

**hide** [haid] (hid; hidden) gizle(n)mek, buk(ul)mak, ýaşyrmak; *to ~ smth. bir zady bukmak; to ~ one's head bukulmak; to ~ one's face in hands eliň bilen ýüzüňi örtmek.*

**high** [hai] beýik; belent; ýokary, uly, baş; güýçli; *~ hill beýik baýyr; ~ quality ýokary hil; ~ opinion iň gowy pikir; ~ summer tomsuň ortaky aýy; ~ noon süýr günortan; to hang ~ ýokarda asylyp durmak; ~ road uly ýol; şa ýoly; (it is) ~ time tüýs wagty.*

**hill** [hil] baýyr, belentlik, depe; dag; *in the ~s dagda; to go up ~s baýra çykmak.*

**himself** [himˈself] (erkek jynsy barada) özüni, özüne; özi; *he hurt ~ ol özüne şikes ýetiripdir; he came to ~ ol özüne geldi; he says so ~ onuň özi şeýle diýýär.*

**hire** [ˈhaiə] kireý, kärende; kireý (haky), muzd; / kireýne almak, hakyna tutmak; *to ~ a car kireýne maşyn almak; to ~ a taxi taksi tutmak; to let out on ~ kireýne bermek.*

**historical** [hisˈtɔrikəl] taryhy, taryhdan galan; taryha degişli; *a ~ method taryhy usul; a ~ novel taryhy roman.*

**history** [ˈhistəri] taryh; *first time in ~ taryhda ilkinji gezek.*

**hit** I [hit] urgy, urma; / (hit) urmak; nyşana degme(k); *to ~ below the belt guşaklykdan aşak urmak; to ~ hard gaty urmak; to ~ the aim nyşana degmek.*

**hit II** [hit] past we p.p. < hit I.

**hold** [hould] (held) tutmak, sakla(n)mak; dowam etmek; ele almak, eýelemek; (ýygnak) geçirmek; (söhbeti) alyp barmak; öz içine almak; bellemek, baýram etmek; *to ~ in hands elde saklamak; the heat ~s yssylar dowam edýär; to ~ a meeting ýygnak geçirmek; to ~ out uzatmak; to ~ on to smth. bir zatdan ýapyşmak; to ~ up galdyrmak.*

**holiday** [ˈhɔlədi] baýram-(çylyk), toý...; dynç güni; rugsat; kanikul; *to be on ~ rugsatda bolmak; to have a ~ rugsada çykmak; a month's ~ bir aýlyk rugsat; Happy Holiday Baýramyňyz bilen!*

**hollow** [ˈhɔlou] boş, porruk, içi boş; çökük, oýuk, opurylan; deşik, köwük; *a ~ tree porruk agaç; to beat ~ derbi-dagyn etmek.*

**holy** [ˈhouli] mukaddes, keramatly.

**home** [houm] öý; watan, ene toprak; maşgala (ojagy); pena(hana); *at ~ öýde; ~ science öý hojalyk işleri; ~ market içerki bazar; ~ trade içerki söwda; H. Office içeri işler ministrligi; H. Secretary içeri işler ministri; ~ industry içerki senagat; to go ~ öýe gitmek.*

**honest** [ˈɔnist] dogruçyl, päk, arassa; *an ~ face nurana sypat; to be ~ about smth. bir zada hilesiz çemeleşmek.*

**honesty** [ˈɔnisti] dogruçyllyk; ak ýüreklilik.

**honour** [ˈɔnə] **(amer. honor)** namys, wyždan; abraý; sylag, hormat, sarpa; / hormatlamak, sylamak, sarpasyny belent tutmak; *in ~ hormatyna; on (upon) my ~ gara çynym; a matter of ~ namys me-selesi; a word of ~ çyn söz; to give (to pay) ~ to smb. birine hormat etmek.*

**honourable** [ˈɔnərəbl] **(amer. honorable)** hormatly; sarpaly.

**hook** [huk] gaňrak, gaňyrçak, ildirgiç, çeňňek; ✧ *by ~ or by crook her edip, hesip edip.*

**hope** [houp] umyt (etmek); tama etmek, bil baglamak; *he lost all ~s ol umytdan düşdi; the last ~s iň soňky umyt; I ~ not beýle bolmaz diýip, umyt edýärin; I ~ so şeýle bolar diýip, umyt edýärin.*

**hopeful** [ˈhoupful] umytly, umyt edýän; köp tama edilýän, uly umyt bildirilýän.

**hopeless** [ˈhouplis] umytsyz; çäresiz, alaçsyz, nalaç.

**horizon** [həˈraizn] gözýetim; dünýägaraýyş.

**horn** [hɔːn] şah; buýnuzjyk; murt; tüýdük, surnaý.

**horse** [hɔːs] at, ýaby; paýa; ýassyk; *to take ~ ata çykmak; at sürmek; riding ~ münülýän at; ~ and foot atly we pyýada goşun.*

**hospital** [ˈhɔspitl] şypahana, keselhana; *to put smb. in ~ birini şypahana ýerleşdirmek.*

**host** [houst] hojaýyn, öý eýesi; *~ computer (ulgamdaky) baş kompýuter.*

**hot** [hɔt] gyzgyn; yssy; joşgunly, hyjuwly, göçgünli; *boiling ~ gaýnap duran; to get ~ gyzmak; ~ news täze habarlar; ~ water gyzgyn suw; I am ~ men yssylaýaryn.*

**hotel** [houˈtel] myhmanhana.

**hour** [ˈauə] sagat (wagt ölçegi); *at an early ~ irden; during an ~ bir sagadyň dowamynda; for an ~ bir sagatlyk; half an ~ ýarym sagat; an ~ and a half bir ýarym sagat; dinner ~ nahar wagty; office ~s iş wagty.*

**hourly** [ˈauəli] her sagatlyk; sagatsaýyn, her sagatdaky.

**house** [haus] öý, ýaşaýyş jaýy; bina; tam; / jaý bermek, öý bilen üpjün etmek; *to keep ~ hojalygy ýöretmek; to keep the ~ öýdeçil bolmak; to leave the ~ öýden çykmak; ~ and home öý-ojak; a country ~ oba öýi; to make a ~ parlamentde adam sanyny jemlemek.*

**how** [hau] nähili, neneň; *~ do you do?, ~ d'ye do? salam!; saglykmy? ~ do you know it? muny nädip bilýäňiz? ~ many näçe sany? ~ much is it? munuň bahasy näçe? ~ are you? saglykmy? ~ so? ol nähili beýle? ~ old is he? ol näçe ýaşynda?*

**human** [ˈhjuːmən] adam, ynsan, adamzat, adamlyk, ynsanlyk; *~ being adamzat; ~ rights ynsan hukuklary;* ✧ *it's ~ to err bir ýalňyşsyz är bolmaz.*

**humorous** [ˈhjuːmərəs] ýumorly, degişmeli, gülküli.

**humour** [ˈhjuːmə] **(amer. humor)** ýumor, degişme, ýomak; oýun; keýp, ruhy ýagdaý; *sense of ~ ýumor duýgusy; in good ~ keýpli; in bad ~ keýpsiz; out of ~ tukat, keýpsiz.*

**hung** [hʌŋ] past we p.p. < hang.

**hunger** [ˈhʌŋgə] açlyk; küýseg, suwsama; / aç bolmak, açlyk çekmek; zar bolmak, küýsemek, suwsamak; *to die of ~ açlykdan ölmek.*

**hungry** [ˈhʌŋgri] aç, açlyk çekýän; zar, küýseýän, suwsan; *to get ~ ajykmak; to be ~ aç bolmak.*

**hunt** [hʌnt] aw awlamak, awçylyk etmek; *to ~ after bir zady yzarlamak; to ~ the wolf gurt awlamak; to ~ for gözlemek, yzlamak; to ~ out, to ~ up tapmak.*

**hurry** [ˈhʌri] howlukmaçlyk, gyssanmaçlyk; / gyssa(n)mak, howluk(dyr)mak; alňasa(t)mak; *to ~ home öýe howlukmak; don't ~ gyssanmaň! don't ~ me! meni gyssamaň! in a ~ gyssagara; there is no ~ gyssanmaç zat ýok; what's the ~ nämä beýle gyssanýarsyňyz? ~ up gyssanyň! to be in a ~ howlukmak; to be in no ~ howlukmazlyk, äwmezlik.*

**hurt** [həːt] agyrtmak, awutmak; şikes ýetirmek; ynjytmak, göwne degmek; agyrmak; *you are ~ing me siz meniň göwnüme degýärsiňiz; it ~s me agyrýar; to get ~ ynjamak; he was very much ~ ol gaty ynjady.*

**husband** [ˈhʌzbənd] är; / tygşytly tutmak; ekerançylyk etmek.

**hut** [hʌt] çatma, külbe.

# I

**I** [ai] men (düşümlerde **me**); *I am a student men – talyp; it's me bu – men; listen to me, please! maňa gulak asyň!*

**ice** [ais] buz; ✧ *to break the ~ bir zadyň başyny başlamak; to skate on ~ buzuň üstünde typmak; under the ~ buzuň astynda.*

**ice-cream** [ˊaisˊkri:m] doňdurma.

**icy** [ˊaisi] buz ýaly, sowuk; buz bilen örtülen.

**idea** [aiˊdiə] pikir; düşünje, oý; hyýal, fantaziýa; niýet; *a general ~ umumy düşünje; to have no ~ about smth. bir zat barada asla düşünjäň bolmazlyk; to give an ~ of smth. bir zat barada düşünje bermek.*

**if** [if] eger; *~ he comes eger ol gelse; I don't know ~ he is here onuň şu ýerde bardygyny-ýokdugyny bilemok; even ~ -sa-da /-se-de; as ~ göýä; ~ only iň bolmanda; ~ not bolmasa, ýogsam.*

**ill** [il] syrkaw, näsag, hassa; ýaman, erbet; zyýanly, heläkçilikli; ajy, zäherli; *to be ~ syrkaw bolmak; to fall ~, to be taken ~ syrkawlamak; to feel ~ ýarawsyz bolmak; ~ fame ýaramaz at; ~ success şowsuzlyk; ~ luck betbagtlyk; to behave ~ özüňi erbet alyp barmak; ~ at ease müýnli.*

**image** [ˊimiʤ] obraz; keşp, sypat, şekil, surat; ekiz taýy, edil özi; *to be the living ~ of smb. birine ekiz taýy ýaly meňzemek; to speak in ~s obrazly gürlemek.*

**imagination** [iˌmæʤiˊneiʃən] hyýal, göz öňüne getirme; fantaziýa; (hyýaly) obraz, hyýalyňdaky şekil; *it is only your ~ bu ýöne bir siziň hyýalyňyz.*

**imagine** [ɪˊmæʤin] göz öňüne getirmek, hyýalyňda janlandyrmak; *just ~ göz öňüne bir getirip görüň!*

**immediately** [ɪˊmi:djətli] derrew, haýal etmän, dessine, derhal, tiz.

**importance** [imˊpɔ:təns] ähmiýet, möhümlik, wajyplyk; derwaýyslyk; *to be of no ~ ähmiýetsiz bolmak; a problem of ~ möhüm mesele.*

**important** [imˊpɔ:tənt] möhüm, ähmiýetli, wajyp, derwaýys; *an ~ duty möhüm wezipe; to be ~ ähmiýetli bolmak.*

**impossible** [imˊpɔsəbl] mümkin bolmadyk, bolup bilmejek.

**improve** [imˊpru:v] gowulan(dyr)mak, gowulaşmak; ös(dür)mek, kämilleş(di)rmek; düzel(t)mek; *to ~ in health saglygyň dikeltmek; to ~ the occasion amatly ýagdaýdan peýdalanmak.*

**improvement** [im´pru:vmənt] gowulaş(dyr)ma, gowulan(dyr)ma, düzel(t)me, ös(dür)me, kämilleş(d)irme; *it is certainly an ~ bu, elbetde, ösüşdir.*

**in** [in] içinde, dowamynda; içine; -da/-de, -nda/-nde; -a/-e, -na/-ne; -(n)dan/-(n)den; *~ a box gutuda; ~ details jikme-jik; ~ front of öňünde; ~ the street köçede; ~ spring ýazda; ~ my opinion meniň pikirimçe; to come ~ girmek; ~ a day bir günden; ~ a few words iki agyz sözde; to be ~ içinde bolmak; öýde bolmak.*

**include** [in´klu:d] ybarat bolmak, öz içine almak; *his duties ~d ... ... onuň borçlaryna girýärdi; his phone is ~d in the directory onuň telefon nomeri kitaba girizilipdir.*

**including** [in´klu:diŋ] şol sanda, goşanyňda; *five were killed, ~ the driver bäş adam, şol sanda sürüji-de öldürildi.*

**income** [´inkəm] girdeji; gazanç; *to live beyond one's ~ girdejiňe görä ýaşamazlyk; to live within one's ~ girdejiňe görä ýaşamak; ~-tax girdeji salgydy.*

**increase** [´inkri:s] ösüş; artma, köpelme; / [in´kri:s] ösmek, art(dyr)mak; güýçlen(dir)mek; *to be on the ~ ösüp barmak; to ~ one's pace ädimiňi artdyrmak; to ~ by 10 % 10 % artmak.*

**indoor** [´indɔ:] öýdäki, öýde bolup geçýän; içki, içerdäki; *~ games içerde oýnalýan oýunlar; ~ aerial içerki antenna; to stay (to keep) ~s öýdeçil bolmak.*

**industrial** [in´dʌstriəl] senagat...; önümçilik...; *~ capital senagat maýasy; ~ goods senagat harytlary; ~ classes senagat işçileri; ~ development senagatyň ösüşi.*

**industry** [´indəstri] senagat; zähmetsöýerlik; yhlaslylyk, janypkeşlik; *home ~ içeri senagat; large scale ~ iri senagat.*

**infect** [in´fekt] ýokuşdyrmak, geçirmek, degirmek, zäherlemek.

**infection** [in´fekʃən] zäherleme; ýokuşdyrma, geçirme, degirme, infeksiýa; ýokanç kesel; ýokanç zat, ýokançlyk.

**infectious** [in´fekʃəs] ýokanç; ýokuşýan.

**influence** [´influəns] täsir, kär; täsir etmek; *a person of ~ agyzly adam; under the ~ of smth. bir zadyň täsiri astynda; to have ~ with birine sözüň geçmek; the weather ~s crops howa hasyla täsir edýär.*

**influential** [,influ´enʃəl] täsirli, abraýly, sözi geçýän.

**inform** [in´fɔ:m] habar bermek, habardar etmek; duýdurmak; *keep me ~ed meni habardar edip duruň.*

**information** [ˌinfəˈmeiʃən] maglumat, habar; ~ *agency gizlin maglumat guramasy; ~ desk maglumat jaýy; to turn in ~ maglumat bermek.*

**ink** [iŋk] syýa; *there is little ~ left azajyk syýa galypdyr.*

**inner** [ˈinə] içki, içerki; *the ~ man içki dünýä; to refresh one's ~ man bokurdakdan bir zat geçirmek.*

**inquire** [inˈkwaiə] soramak, idemek; maglumat toplamak; *to ~ about, ~ after, ~ for biri ýa bir zat barada sorag-ideg etmek; to ~ into derňemek.*

**inquiry** [inˈkwaiəri] sorag, ideg; habar tutma, maglumat alma; derňew; isleg, talap; *to make inquiries about smb., smth. biri, bir zat barada sorag-ideg etmek.*

**insect** [ˈinsekt] mör-möjek.

**inside** [ˈinˈsaid] iç ýüzi, iç tarapy; içi; çöwre ýüzi; içki, içerki; içerik, içine; içinde; ~ *the house öýüň içinde; ~ of a week bir hepdäniň içinde; the ~ of a week hepdäniň ortasy; the ~ of a book kitabyň mazmuny; to look ~ içine seretmek.*

**instead** [inˈsted] ýerine, deregine; ~ *of smb. biriniň ýerine; ~ of going gitmegiň deregine; this will do ~ bu onuň ýerine ýarar.*

**instruct** [inˈstrʌkt] okatmak, öwretmek, tälim bermek; görkezme bermek; buýruk bermek; tabşyryk bermek, sargyt etmek.

**instruction** [inˈstrʌkʃən] okatma, öwretme; görkezme; buýruk; gollanma; tälim, türgenleşik.

**instrument** [ˈinstrumənt] gural, enjam, abzal; serişde.

**insure** [inˈʃuə] ätiýaçlandyrmak; üpjün etmek.

**insurance** [ˈinʃuərəns] ätiýaçlandyryş.

**intend** [inˈtend] ýüregiňe düwmek, niýet edinmek, göz öňünde tutmak; niýetlemek; aňlatmak, diýjek bolmak; *to ~ to do smth. bir zat etmekçi bolmak; what do you ~ to do? siz näme etmekçi?; was it ~ed? bu bilkastdan edilenmi? I ~ed him to come men ol geler öýdüpdim.*

**intention** [inˈtenʃən] niýet, hyýal, maksat, ýürege düwlen zat; *done without ~ bilkastdan edilmedik; to have good ~s niýetiň gowy bolmak; what are your ~s? siz näme etmekçi?*

**interest** [ˈintrist] gyzyk(lanma), höweslenme; bähbit, peýda, nep; paý; girdeji, göterim; *to show ~ gyzyklanmak; in the ~(s) of truth adalatyň hatyrasyna; a matter of no ~ bähbitsiz iş; rate of ~ göterim derejesi; to return with ~ göterimi bilen gaýtaryp bermek.*

**interesting** [ˈintristiŋ] gyzykly; *an ~ book gyzykly kitap.*

**international** [ˌintəˈnæʃənl] halkara; *an ~ law halkara kanuny.*

**interrupt** [ˌintəˈrʌpt] arasyny üzmek, kesmek; sözüni bölmek; päsgel bermek, böwet bolmak, ýoluny ýapmak.

**interruption** [ˌintəˈrʌpʃn] arakesme, arasyny üzme; durma, sakynma; *a sudden ~ duýdansyz saklanma; without ~ dyngysyz.*

**into** [ˈintu, ˈintə] içine, -a/-e, -na/-ne; *to go ~ the house öýe girmek; to put ~ pocket jübiňe salmak; to translate ~ Turkmen türkmen diline terjime etmek; to cut smth. ~ pieces bir zady bölek-bölek kesmek.*

**introduce** [ˌintrəˈdju:s] girizmek; salmak; tanyşdyrmak; maslahata goýmak; öňünden bildirmek; *to ~ a new rule täze düzgün girizmek; to ~ smb. to birini biri bilen tanyşdyrmak.*

**introduction** [ˌintrəˈdʌkʃən] giriş; sözbaşy; (öňünden) habar berme; girizme; ornaşdyrma; tanyşdyrma; *the ~ to a book kitabyň girişi; letter of ~ tanyşdyrma haty.*

**invent** [inˈvent] oýlap tapmak; toslamak; *to ~ an excuse bahana tapmak.*

**invention** [inˈvenʃən] oýlap tapma, oýlanyp tapylan zat; toslama; *to make an ~ açyş etmek.*

**invite** [inˈvait] çagyrmak; *to ~ smb. to birini ... çagyrmak; to ~ attention ünsi özüňe çekmek.*

**inward** [ˈinwəd] içki, içerki; içerik garap duran, içine ugrukdyrylan.

**iron** [ˈaiən] demir; polat, çoýun; demir önümleri; / demirden; / ütük(lemek); *an ~ chain demir zynjyr; as hard as ~ demir ýaly gaty;* ✧ *strike while the ~ is hot tamdyra gyzanda ýap; ~ age demir eýýamy.*

**island** [ailənd] ada.

**itself** [itˈself] (jansyz zatlar we haýwanlar barada) özüni, özüne; özi; *the light went out of ~ çyra öz-özünden söndi; by ~ özbaşyna; in ~ tebigaty boýunça.*

# J

**jaw** [ʤɔ:] äň; agyz, dil; gysaç, gysgyç; ✧ *in the ~s of death ajalyň penjesinde; to have a ~ mesawy gürrüň etmek; hold your ~ diliňi sakla!*

**jealous** [ˈʤeləs] gabanjaň; görip, bahyl; yhlasly, janypkeş; *to be ~ gabanmak; to be ~ of one's wife aýalyňy gabanmak.*

**jelly** [ˈʤeli] et we balyk doňdurmasy.

**jet** [dʒet] reaktiw motor; reaktiw uçar; (suw, gaz, bug) akymy; *at the first ~ ilkinji islege (meýle) görä.*

**jewel** [ˈʤu:əl] gymmatbaha daş; zergär önümi, şaý-sep; hazyna, baýlyk.

**jewellery** [ˈʤu:əlri] gymmat(ly) zat; şaý-sep, zergär önümi; zergärçilik (sungaty).

**job** [ʤɔb] iş, zähmet; iş ýeri, wezipe; / kireýne almak (bermek); gabat gelen işi etmek; günlükçilik etmek, talabanlyk etmek; potrat usulynda işlemek, işiňe görä hak almak; *out of ~ işsiz; to get a ~ işe durmak; to look for a ~ iş gözlemek.*

**join** [ʤɔin] birleş(dir)mek; birik(dir)mek, goşul(yş)mak; (gulluga) girmek; galtaşmak, serhetdeş bolmak; *to ~ forces güýç birikdirmek; to ~ hands el-ele bermek; to ~ two wires iki simi birleşdirmek; to ~ the army goşuna girmek; to ~ in a conversation gürrüňe goşulmak; where does this stream ~s the river bu çeşme nirede derýa guýýar?*

**joint** [dʒoint] birleşýän ýer; sep; çatryk; bogun; birleşen, umumy; *to put a bone into ~ again çykygy salmak; to take ~ actions bile hereket etmek; ~ efforts umumy tagallalar; ~ authors şärikli awtorlar; ~ owner eýeleriniň biri.*

**joke** [ʤouk] degişme, oýun; ýomak, şorta söz, anekdot; gülki ýassygy; / oýun etmek, degişmek; gulmek, degmek, azar bermek; *to ~ about smb. birine degmek; to ~ with smb. biri bilen oýun etmek; it is no ~ bu oýun iş däl.*

**journey** [ˈdʒə:ni] syýahat, ýolagçylyk, gezelenç; *to be (to go) on a ~ syýahat etmek; to take a ~ syýahata çykmak; two days' ~ from here şu ýerden iki günlük ýol; happy ~ ýoluňyz ak bolsun! have you had a good ~? sag-aman geldiňizmi?*

**joy** [ʤɔi] şatlyk, begenç; *to jump with ~ begençden diriň-diriň bökmek.*

**judge** [dʒʌʤ] sudýa; kazy; araçy, ylalaşdyryjy; bilermen; gadyryny bilýän;/sud etmek; höküm çykarmak, ýyl kesmek; araçy bolmak, dawa çözmek; baha bermek; öýtmek, çak etmek, çen etmek, netije çykarmak; *to be a real ~ of art sungatyň gadyryny bilmek; to ~ of its value munuň gymmaty barada netije çykarmak; I cannot ~ by it men munuň esasynda netije çykaryp bilemok; to ~ by appearances daş keşbinden baha bermek.*

**judgement** [ˈdʒʌdʒmənt] hököm, suduň karary; jeza, temmi; pikir, düşünje; *in my ~ meniň pikirimçe; private ~ şahsy pikir; to show good ~ sagdyn pikir ýöretmek; it is a ~ on you bu siziň üçin jeza.*

**juice** [dʒu:s] suw, şire; özen, esas; *to have a glass of lemon ~ bir stakan limon suwuny içmek.*

**jump** [dʒʌmp] bökme(k), towusma(k); sekremek; böküp turmak; laňňa galmak, tarsa turmak; sekräp zyňmak; ziňkildemek, ziňk etmek; *long ~ (broad ~) uzynlygyna bökme; high ~ ýokarlygyna bökme; running ~ ylgawyna bökme; standing ~ duran ýeriňden bökme; to make a ~ bökmek.*

**just** [dʒʌst] adyl, adalatly; bitarap, tarap çalmaýan; esasly, esaslanan; laýyk, mynasyp; dogry, takyk; hut, edil; / ýaňy, ýap-ýaňy, ýaňyja, zordan; düýpden, asyl, tüýs, ýöne; *a ~ opinion adyl pikir; ~ enough laýyk; ~ proportion dogry gatnaşyk; ~ so hut şeýle; ~ in time edil wagtynda; ~ then hut şol wagt; he has ~ come ol ýaňyja geldi; ~ now häziriň özünde; ýaňyja.*

**justice** [ˈdʒʌstis] adyllyk, adalat; *to do smb. ~ birine adyl çemeleşmek; to administer ~ adalaty berjaý etmek; to bring smb. to ~ birini suda bermek.*

# K

**keen** [ki:n] ýiti; güýçli; yhlasly; hyjuwly, ymtylýan; *a ~ desire güýçli isleg; a ~ sight ýiti göz; to be ~ on reading okuwa höwesli bolmak; a ~ look ýiti nazar.*

**keep** [ki:p] (kept) saklamak; gorap saklamak; ýerine ýetirmek, berjaý etmek; boýun egmek; tabyn bolmak; saklanyp galmak, saklanmak; dowam etmek, gaýta-gaýta etmek; eklemek; dolandyrmak, alyp barmak; gizlemek, ýaşyrmak; *to ~ a dog it saklamak; to ~ dry gury saklamak; to ~ silence ümsüm bolmak; to ~ warm gyzgyn saklamak; to ~ smth. secret bir zady gizlin saklamak; to ~ smb. busy birini iş bilen üpjün etmek; to ~ away from -dan/-den daşda saklamak; to ~ to bir zada ýykgyn etmek; to ~ on doing smth. bir zady etmegiňi dowam etdirmek; to ~ up goldamak.*

**kept** [kept] past we p.p. < keep.

**key** [ki:] açar; çözgüt; kod; klawişa; esasy pudak; *to lock the door with a ~ gapyny gulp-*

*lamak; ~ industries senagatyň esasy pudaklary; ~ problem esasy mesele.*

**keyboard** [ˈkiːbɔːd] klawiatura; paýlaýjy tagta.

**keyhole** [ˈkiːhoul] açar deşigi; *to spy through the ~ açar deşiginden seretmek; to listen at the ~ açar deşiginden diň salmak.*

**kick** [kik] depgi, depiş; urgy, itergi, itiş;/depmek; toýnak salmak, depişmek; *to get the ~ depilmek; to ~ in gapyny döwüp girmek; to ~ out kowmak.*

**kill** [kil] öldürmek; *to ~ an engine motory söndürmek; to ~ off dynmak; to ~ out ýok etmek.*

**kilogram(me)** [ˈkiləgræm] kilogram.

**kilometre** [kiˈlɔmitə] kilometr.

**kind I** [kaind] nesil; maşgala; görnüş, kysym; topar; *man~ ynsan nesli; all ~s of things her dürli zatlar; the best ~ of iň gowy hili; smth. of the ~ şunuň ýaly bir zat; nothing of the ~ beýle zat ýok.*

**kind II** [kaind] merhemetli; hoşniýetli, hoşgylaw; ýumşak; *how ~ of you! siz örän merhemetli!; with ~ regards gyzgyn salamlar bilen; be so ~ as to shut the door kyn görmeseňiz, gapyny ýapsaňyzla!*

**king** [kiŋ] han; patyşa; hannas, tüçjar; şa; *~ of beasts haýwanlaryň şasy; ~ of metal's gyzyl; railroad ~ demir ýol hannasy; K.'s English arassa iňlis dili.*

**kingdom** [ˈkiŋdəm] hanlyk; şalyk.

**kiss** [kis] öpüş, posa; / öp(üş)mek, ogşa(ş)mak; *to give a ~ on the cheek ýaňakdan öpmek; to ~ smb. on the lips biriniň dodagyndan öpmek.*

**kitchen** [ˈkitʃin] aşhana; *~ unit aşhana esbaplary toplumy.*

**knee** [niː] dyz; tirsek; / dyza çökmek; dyzyň bilen urmak; dyzyňy degirmek; *up to one's ~s dyzdan; to bring smb. to his ~s birini dyza çökermek; to go on one's ~s to smb. biriniň öňünde dyza çökmek; on one's ~s dyza çöküp.*

**kneel** [niːl] dyz epmek, dyza çökmek; *to ~ down dyza çöküp durmak.*

**knew** [njuː] past < know.

**knife** [naif] pyçak; rende; / pyçaklamak; *knives pyçaklar; to go under the ~ operasiýa etdirmek; ~ and fork pyçak bilen çarşak.*

**knock** [nɔk] urgy; kakma; / ur(ul)mak, kak(yl)mak; *to ~ at the door gapyny kakmak; to ~ down urup ýykmak; to ~ out urup çykarmak; "nokaut" bermek.*

**knot** [nɔt] düwün, çigin; bogun; ösüntgi, göz (agaçda); not (tizlik ölçegi = 1,87 km / sag.); *to make (to tie) a ~ düwmek; to tie in a ~ düwün etmek.*

**know** [nou] **(knew; known)** bilmek; belet bolmak; tanamak; başarmak; *to ~ smb. birini tanamak; to ~ the law kanuny bilmek; to ~ what's what nämäniň nämedigini bilmek; who ~s? kim bilýär?*

**knowledge** [ˈnɔlidʒ] bilim; beletlik; maglumat; *to have a good ~ of smth. bir zady gowy bilmek; to have good ~ gowy bilimli bolmak; branches of ~ ylmyň pudaklary; it is common ~ bu hemmä mälim zat; to (the best of) my ~ meniň bilşimçe.*

**known** [noun] p.p. < know; ~ as ... ady bilen tanalýan.

# L

**labour** [ˈleibə] **(amer. labor)** zähmet, iş; tagalla; işçi...; leýborist; / işlemek, zähmet çekmek; tagalla etmek; *~ of love "Taňry ýalkasyna" edilýän iş; surplus ~ goşmaça zähmet; forced ~ mejbury zähmet; L. and Capital zähmet we maýa; ~ force işçi güýji; ~ contract zähmet şertnamasy; ~ dispute iş dawasy; ~ hours iş wagty.*

**lack** [læk] ýetmezçilik, kemçilik, mätäçlik; ýokluk; bolmazlyk; *~ of balance durnuksyzlyk; ~ of capacity ukypsyzlyk; ~ of choice saýlar ýaly zat bolmazlyk; for ~ of bolmanlygy (ýetmezçiligi) sebäpli.*

**ladder** [ˈlædə] merdiwan; basgançak, zine; jorabyň süzülen ýeri; *~ of success üstünlik basgançagy; a rope ~ ýüp merdiwan.*

**lady** [ˈleidi] zenan, gözel; hanym; aýal, gelin; ene; öý bikesi; *young ~ gelin; your good ~ siziň aýalyňyz; the old ~ kempir, ejesi; ~ love söýgüli; Ladies aýal hajathanasy.*

**laid** [leid] past we p.p. < lay.

**lain** [lein] p.p. < lie.

**lake** [leik] köl.

**lamb** [læm] guzy, tokly; *like a ~ guzy ýalyjak.*

**lamp** [læmp] lampa, çyra; şem; *red ~ gyzyl çyra; by the light of ~ çyranyň ýagtysyna.*

**land** [lænd] (gury) ýer; ýurt, döwlet; toprak; mülk; / (kenara) düşmek; (ýere) düşmek; gonmak; *dry ~ gury ýer; a foreign ~ ýat ýurt; on ~ gury ýerde; to travel by ~ gury ýer bilen syýahat etmek; native ~ ene toprak; to ~ at some place bir ýerde kenara çykmak; ~lady öý bikesi.*

**language** [ˈlæŋgwidʒ] dil; *finger ~ lal dili; spoken ~ gepleşik dili; to speak a foreign ~ daşary ýurt dilinde gürlemek; in an easy ~ ýeňil dilde.*

**large** [lɑːʤ] uly; iri; köp; bol; giň; *a ~ family uly maşgala; in ~ uly möçberde; ~ majority aglabasy.*

**last** [lɑːst] iň soňky; geçen, öten; aňrybaş; iň erbet; dowam etmek; saklanmak, çydamak; ýetmek, ýeterlik bolmak; *~ week geçen hepde; ~ night öten agşam; the ~ time iň soňky gezek; ~ but one iň soňkynyň öňündäki; at ~ ahyrynda; ~ but not least iň soňky, ýöne iň ýaramazy däl; ~ year öten ýyl; to ~ long uzak dowam etmek; the money ~ed only a week pulum diňe bir hepdä ýetdi.*

**late** [leit] giçki, gijä galan; (mundan) öňki, iň soňky; ýogalan, merhum; giç; ýaňy ýakynda; *to be ~ gijä galmak; of ~ years soňky ýyllarda; the ~ president öňki (merhum) prezident; ~ at night gijäniň bir wagty; of ~ golaýda;* ✧ *better ~ than never hiçden giç ýagşy; soon or ~, early or ~ ir-u giç; ~r soňrak; gijräk; two days ~r iki günden; the ~st news iň soňky habarlar.*

**laugh** [lɑːf] gülki;/gülmek; *to ~ at smb. birine gülmek; to ~ with joy begençden gülmek;* ✧ *he ~s best who ~s last köp gülen bir aglar.*

**laughter** [ˈlɑːftə] gülki; *to burst into ~ hahahaýlap gülmek; to roar with ~ gülüp, içiň gyrylmak.*

**law** [lɔː] kanun, kada, düzgün; *according to the ~ kanuna laýyklykda; before the ~ kanunyň öňünde; to keep within the ~ kanundan çykmazlyk; to break the ~ kanuny bozmak; brother in ~ ýüwürji, giýew; father in-~ gaýynata; mother in-~gaýynene; sister in-~ gelneje, baldyz, gaýynekeji.*

**lawyer** [ˈlɔːjə] aklawçy; hukukçy, kanunçy, ýurist.

**lay I** [lei] (laid) goýmak; ýazmak, düşemek; ýumurtga guzlamak; ýöňkemek; *to ~ the foundation binýadyny goýmak; to ~ the table, to ~ the cloth saçak ýazmak; to ~ a country ýurdy tuwmaýak goýmak; to ~ aside aýryp goýmak; to ~ by gyrada goýmak; to ~ off (geýimiňi) çykarmak.*

**lay II** [lei] past < lie.

**lazy** [ˈleizi] ýalta, temmel; *to be ~ ýaltanmak.*

**lead I** [liːd] (lead) iýtmek, başyny çekmek, ýolbaşçylyk etmek, baş bolmak; alyp barmak, eltmek; geçirmek; *blind ~ petik; to ~ a child by the hand çaganyň elinden tutup barmak; the road ~s to the house bu ýol öýe barýar; to ~ an army goşuna ýolbaşçylyk etmek.*

**lead II** [liːd] gurşun; *as heavy as ~ gurşun ýaly (agyr).*

**lead III** [led] past we p.p. < lead I.

**leaf** [liːf] ýaprak; sahypa, tagta, warak; *fall of the ~, ~ fall hazan, güýz; to come into ~ ýapraklamak; to turn over a new ~ täze durmuşa başlamak.*

**lean I** [li:n] hor, arryk; az; gyt; ~ *years hasylsyz ýyllar.*

**lean II** [li:n] (leaned, leant) eg(il)mek, abanmak; ýaplanmak, söýenmek; bil baglamak; esaslanmak; höwesli bolmak, ýykgyn etmek; *to ~ on a friend's advice dost geňeşine bil baglamak.*

**leant** [lent], **leaned** [li:nd] past we p.p. < lean II.

**learn** [lə:n] (learned, learnt) okamak, öwrenmek; ýat tutmak; *to ~ by heart ýat tutmak; to ~ the facts faktlary öwrenmek.*

**learnt** [lə:nt], **learned** [lə:nt] past we p.p. < learn; / [ˌlə:nid] okumyş, alym; my ~ *friend meniň alym kärdeşim.*

**least** [li:st] iň kiçi; iň az; ~ *of all hemmeden az; at ~ iň bolmanda; not in the ~ asla.*

**leather** [leðə] eýlenen deri, gön; gaýyş; guşak; *a ~ gloves gaýyş ellik; ~ bottle meşik; made of ~ gönden edilen.*

**leave** [li:v] rugsat; gitme; / (left) (taşlap) gitmek, terk etmek; göçmek; goýmak; galdyrmak; ugramak; *to ~ the money pul goýmak; ~ it as it's şu durşuna goý! to ~ alone öz gününe goýmak; the train ~s at three otly üçde ugraýar; to ~ for Paris Parižе ugramak; ~ it to me bu işi maňa goýuň!*

**left I** [left] past we p.p. < leave.

**left II** [left] çep, sol; çep ta-rap; *~ bank çep kenar; to turn ~ çepe öwürmek; on the ~ side çepde; to keep to the ~ çepden ýöremek.*

**leg** [leg] aýak (dabandan ýanbaşa çenli); direg, paýa; daýanç; *the ~ of a chair oturgyjyň aýagy; to stretch one's ~s aýagyňy ýazmak; to stand on one's own ~s aýagyň üstünde durmak; to set smb. on his ~s birini aýak üstüne galdyrmak.*

**legal** [ˊli:gəl] hukuk..., hukuky; kanuny; *~ aid bureau hukuk geňeşhanasy; ~ profession ýuristlik hünäri; ~ holiday kanuny dynç güni.*

**lend** [lend] (lent) karz bermek; (ulanmaga) bermek; *I don't ~ my books men kitaplarymy hiç kime beremok; to ~ assistance kömek bermek; to ~ support goldaw bermek;* ✧ *to ~ one's ear(s) gulak goýmak.*

**length** [leŋθ] uzynlyk; aralyk; dowamlylyk; *at full ~ bar uzynlygyna; in ~ of time wagtyň geçmegi bilen; at ~ jikme-jik; through the ~ and breadth eriş-argaç.*

**lent** [lent] past p.p. we < lend.

**less** [les] azrak; kem; *~ time azrak wagt; ~ important ähmiýeti azrak; ~ known az tanalýan; more or ~ azda-kände; none the ~ muňa garamazdan; a year ~ three days üç güni kem bir ýyl; to sleep ~ az ýatmak.*

**lesson** [ˊlesn] sapak, ders; *to give ~s sapak bermek; to take ~s sapak almak; to give smb. a ~ birine takal okamak; the ~ is over sapak gutardy.*

**let I** [let] (let) ygtyýar etmek, rugsat bermek; mümkinçilik (ýol) bermek; goýbermek; akdyrmak; kireýne bermek; geliň!, goý!, *to ~ smb. go birine gitmäge rugsat etmek; to ~ drop gaçyrmak; to ~ smb. know birini habardar etmek; to ~ in öýi kireýne bermek; to ~ alone öz gününe goýmak; ~ us go! ýörüň!; ~ him do goý, ol etsin; ✧ to ~ down ýüňsakgal etmek; ~ alone aýtmanyňdada.*

**let II** [let] (letted) päsgel (zyýan) bermek, böwet bolmak / päsgelçilik, böwet; (sport.) hasap edilmedik utuk.

**let III** [let] past we p.p. < let I.

**letter** [ˊletə] harp; hat; *a capital ~ baş harp; a registered ~ bellige alnan hat; to the ~ nokatma-nokat, takyk; ~ of credit akkreditiw; ~-box hat gutusy.*

**level** [ˊlevl] dereje; düz, tekiz; düzlemek, tekizlemek; gyradeň etmek; *below the ~ derejeden pes; sea ~ deňiz derejesi; ~ road tekiz ýol; to ~ to (with) the ground ýere ýegsan etmek.*

**library** [ˊlaibrəri] kitaphana; *at the ~ kitaphanada; free ~ mugt kitaphana; walking ~ janly ensiklopediýa.*

**lid** [lid] gapak, agyzýapy; gabak; *the ~ of a box gutynyň gapagy.*

**lie I** [lai] ýalan (sözlemek); aldamak; *to tell a ~ ýalan sözlemek; to give the ~ to smth. bir zady ýalana çykarmak; white ~ mejbury ýalan.*

**lie II** [lai] (lay; lain) ýatmak; ýerleşmek, uzalyp gitmek, ýaýylyp ýatmak; *to ~ still rahat ýatmak; to ~ idle boş ýatmak; our way ~s along the coast biziň ýolumyz kenaryň boýy bilen uzalyp gidýär.*

**life** [laif] durmuş, jan; ömür; *~ is short ömür gysga; to enter upon ~ durmuşa girmek; to come to ~ janlanmak; to bring to ~ özüne getirmek.*

**lift** [lift] gal(dyr)mak, göter(il)mek; / göteriji, lift; *to ~ one's hand against smb. birine el galdyrmak; to ~ up one's head kelläňi galdyrmak; not to ~ a finger ýatan çöpi galdyrmazlyk.*

**light I** [lait] yşyk, ýagty(lyk); nur; çyra;/(lit) ýakmak, otla(n)mak; ýanmak; ýagtyltmak; *to see the ~ dünýä inmek; to strike a ~ otlyçöp çakmak; will you give me a ~? çilim otlalyla; to bring to ~ ýüze çykarmak; to come to ~ ýüze çykmak; to throw (to shed) ~ upon smth. bir zady aýdyňlaşdyrmak.*

**light II** [lait] ýeňil; aňsat; *as ~ as a feather ýelek ýaly ýeňil; to give ~ weight ýeňil çekmek; ~ meal ýeňil nahar; ~ work aňsat iş; to travel ~ gezelenje az ýük götermek.*

**lightning** [ˈlaitniŋ] ýyldyrym; *like ~, with (at) ~ speed ýyldyrym çaltlygynda; summer (heat) ~ şapak.*

**like I** [laik] halamak, gowy görmek; *how do you ~ it here? bu ýerini nähili görýäňiz? to ~ smb./smth. birini/bir zady halamak; do as you ~ halanyňyzy ediň.*

**like II** [laik] meňzeş, ýaly; *to look ~ meňzeş bolmak; it looks ~ snow gar ýagýan ýaly; smth. ~ this şuňa meňzeş bir zat; there is nothing ~ home öz öýüň ýaly ýer bolmaz; what is he ~? ol nähili adam?*

**likely** [ˈlaikli] ähtimal, mümkin, bolup biljek.

**limb** [lim] el, aýak; bogun; agza; şaha; *~ of the devil şeýtan zürýatlary.*

**limit** [ˈlimit] serhet, çäk, het; möhlet; / çäklendirmek; *superior ~ iň ahyrky çäk; inferior ~ iň aşaky çäk; to set the ~ çäk goýmak; time ~ ahyrky möhlet; to go beyond the ~ hetdiňden aşmak.*

**line** [lain] çyzyk; ýol; gasyn, ýygyrt; ugur; hatar; setir; / çyzyk çyzmak; çekmek, geçirmek; hatara goýmak; *a few ~s birnäçe setir; a straight ~ göni çyzyk; the top ~ ýokarky setir; to draw a ~ çyzyk çekmek; the ~ is busy telefon meşgul; the telephone ~ telefon simi.*

**lion** [ˈlaiən] (ýol)bars, şir; *(L.) Bars ýyldyzlar topary; ~'s share ep-esli bölegi;* ✧ *to put one's head in the ~'s mouth töwekgellik etmek.*

**lip** [lip] dodak, leb; gyra, erňek; *not a word has passed his ~s agzyndan söz çykanok; to escape one's ~s diliňden sypmak.*

**liquid** [ˈlikwid] suwuk(lyk); hakyky; *~ milk hakyky (tebigy) süýt.*

**list** [list] sanaw, ýazgy; / birme-bir aýtmak; sanawa ýazmak; *to be on the ~ sanawda bolmak; to enter in a ~ sanawa goşmak; to make a ~ sanaw düzmek.*

**listen** [ˈlisn] diňlemek, gulak asmak; diýen etmek; *~ here! gulak as!; to ~ in radio (telefon gürrüňini) diňlemek; to ~ to smb. birine gulak asmak; you are not ~ing siz meni diňläňizok.*

**lit** [lit] past we p.p. < light II.

**literature** [ˈlitəritʃə] edebiýat.

**litre** [ˈli:tə] **(amer. liter)** litr.

**little** [ˈlitl] kiçi, uly bolmadyk; gysga; az; ähmiýetsiz;

ownuk, çäkli; *a ~ girl kiçijik gyz; a ~ one çagajyk; ~ things ownuk zatlar; ~ time az wagt; a ~ biraz; I speak English just a ~ men iňlisçe biraz gürläp bilýärin; a ~ less sähel azrak; ~ by ~ az-azdan, ýuwaş-ýuwaşdan; a ~ finger külembike.*

**live** [liv] ýaşamak; *to ~ in a small way pukara ýaşamak; to ~ on one's salary aýlyga ýaşamak; to ~ on bread and water suw-çörek bilen oňmak; to ~ abroad daşary ýurtda ýaşamak; to ~ through a war urşy başdan geçirmek; ~ and learn! ölýänçäň, öwrenip gez!*

**live** [laiv] diri, janly; ýanyp duran; hakyky; işeňňir, galdaw; göni efire berilýän; *~ weight diri agramy; a ~ issue wajyp mesele; a ~ programme gös-göni alnyp berilýän gepleşik; a ~ wire ot ýaly adam.*

**load** [loud] ýük; alada; agram; / ýükle(n)mek; ok sürmek; *~ of responsibility jogapkärçilik (ýüki); to ~ a ship gämä ýüklemek; to ~ a gun tüpeňe ok sürmek.*

**loaf** [louf] bir tokga; bir döwüm; bir dişlem.

**local** [ˈloukəl] ýerli; şäher etegine gatnaýan (otly); *~ committee ýerli komitet; ~ government ýerli dolandyryş.*

**lock** [lɔk] zülp; çogdam saç; gulp; kilt;/gulpla(n)mak; *to ~ a door with a key gapyny gulplamak; to ~ smb. up biriniň üstünden gulplamak; it ~s easily bu aňsat gulplanýar; to ~ in gulp astynda saklamak.*

**lodging** [ˈlɔdʒiŋ] öý, ýaşalýan ýer, ýaşaýyş jaýy.

**log** [lɔg] töňňe; pürs.

**lonely** [ˈlounli] ýeke, ýalňyz; çola, çet; *to feel ~ ýalňyzlyk duýmak; I am not only who is ~ ýalňyz ýeke men däl.*

**long** [lɔŋ] uzyn; uzak; süýri; /islemek, jan etmek; ymtylmak; *~ measures uzynlyk ölçegleri; before ~ tizden; for a ~ time uzak wagtlap; a mile ~ bir mil uzynlykda; an hour ~ bir sagatlyk; how ~ näçe (wagt, aralyk); ~ after köp wagtdan soň; ~ ago bir wagtlar; ~ before has öň; he is no ~er here ol indi bu ýerde ýok.*

**look** [luk] nazar, serediş; daş görnüş, keşp;/seretmek, bakmak; görünmek, görnüşde bolmak; daşyňa çykarmak; *to ~ after yzarlamak; seretmek; to ~ at bir zada (birine) seretmek; to ~ for gözlemek; to ~ forward intizar bolmak; to ~ like ýaly bolmak, meňzemek; to ~ over/to ~ through gözden geçirmek; to ~ over smb.'s shoulders biriniň egnaşyry seretmek; ~ here! gulak as!*

**loose** [lu:s] boş, azat; salpy, gowşak; ýaýraň, ýaýyk; giň; azgyn, ýoldan çykan; ýumşak; yrga, yranyp duran;/erk,

ygtyýar; azatlyk, erkinlik; giňlik, gowşaklyk; *a ~ nail yrgyldap duran çüý; the bandage is too ~ daňy salparypdyr; the button is ~ ilik gowşapdyr; a ~ dress giň köýnek.*

**lord** [lɔ:d] jenap; hökümdar, hojaýyn, eýe; lord; *the L. Kadyr Alla; ~ of the manor mülk eýesi; the cotton ~ dokma hannasy.*

**lose** [lu:z] (lost) ýitirmek, mahrum bolmak; elden bermek; utulmak; *to ~ one's way azaşmak; to ~ weight horlanmak; to ~ a game utulmak; to ~ time wagt ýitirmek.*

**loss** [lɔs] ýitgi; ýitik, ýiten zat; zyýan, zelel, zeper; utulma; *to have a ~, to meet with a ~ zyýan çekmek; to sell at a ~ zyýanyňa satmak; dead ~ arassa zyýan; to be at a ~ kelebiň ujuny ýitirmek; ~ of money and time pul hem wagt ýitgisi.*

**lost** [lɔst] past we p.p. < lose.

**lot** [lɔt] bije; täleý, takdyr; (bir bölek) ýer; köplük; (haryt) toplumy; *to cast (to draw) ~s bije atmak; to settle by ~ bije arkaly çözmek; the ~ fell upon me meniň bijäm galdy; a ~ (of), ~s of köp; ~s and ~s of ummasyz.*

**loud** [laud] gaty, batly, güýçli; sesli; ýiti, göze ilginç; *in a ~ voice gaty ses bilen.*

**love** [lʌv] söýgi; /söýmek; islemek; *~ of adventure töwekgellige söýgi; to ~ smb. birini söýmek; to give ~ to smb. birine salam ibermek; to be in ~ (with) biri bilen söýüşmek; to fall in ~ (with) birine aşyk bolmak.*

**low** [lou] pes; gowşak, basyk; pessaý, ýuwaş; *~ wages az aýlyk; in ~ water ýalpaklykda; to live ~ garyp ýaşamak; to speak ~ ýuwaş gürlemek; to speak in a ~ voice pessaý gürlemek.*

**lower** [ˈlouə] aşaklatmak; peseltmek, aşak düşmek; azal(t)mak; kemeltmek;/aşaky; *to ~ the flag baýdagy goýbermek; the ~ lip aşaky dodak; ~ orders aşaky gatlak.*

**loyal** [ˈloiəl] wepaly, sadyk.

**loyalty** [ˈlɔiəlti] wepalylyk, sadyklyk.

**luck** [lʌk] ykbal; täleý, tötänlik; şowlulyk, bagt; *bad (ill) ~ şowsuzlyk; good ~ şowlulyk; rough ~ keç täleý; to try one's ~ bagtyňy synap görmek; we had the ~ to see him bize ony görmek bagty miýesser etdi.*

**lucky** [ˈlʌki] bagtly, bagty getiren; işi şowuna (ugruna); bagt getirýän; *to be ~ bagtyň getirmek.*

**lump** [lʌmp] harsaň, ullakan bölek; tokga; töňňe, kesindi; *a ~ in the throat bokurdagyň dolmagy; a ~ sugar tokga gant; a ~ sum umumy mukdar.*

**lunch** [lʌntʃ] guşluk nahary, ikinji ertirlik; ýeňil nahar; *to have ~ guşluk naharyny edinmek.*

**lung** [lʌŋ] öýken; *the ~s öýken; good ~s güýçli ses.*

# M

**machine** [məˈʃi:n] maşyn, enjam, mehanizm; /mehaniki; *~ age maşyn asyry; ~ works maşyn gurluşyk kärhanasy; to start a ~ maşyny otlamak; a sewing ~ tikin maşyny; ~-made maşyn ýasan.*

**machinery** [məˈʃi:nəri] maşynlar, enjamlar; mehanizmler.

**mad** [mæd] däli; guduz; *to drive smb. ~ birini däliretmek; to go ~ däliremek; to run ~ after smth. bir zat üçin däli-diwana bolmak.*

**made** [meid] past we p.p.< make.

**magazine** [ˌmægəˈzi:n] döwürleýin žurnal; ok-ýarag ammary, gorhana; okdan; *a weekly ~ hepdelik žurnal.*

**magic** [ˈmæʤik] jady, owsun.

**magician** [məˈʤiʃən] jadygöý, owsungär; gözbagçy.

**mail** [meil] poçta, poçta aragatnaşygy; / poçta bilen ibermek; *air-~ awiapoçta; by return ~ jogap haty arkaly.*

**main** [mein] baş, esasy; *in the ~ esasan; the ~ reason esasy sebäp; ~ line esasy demirýol.*

**make** [meik] (made) etmek, amala aşyrmak; öndürmek, ýasamak, çykarmak; döretmek; mejbur etmek, zor etmek, etdirmek; / iş; önüm; ösüş, emele geliş; görnüş, şekil; kysym; usul; häsiýet; adamyň ýasalyşy; *to ~ for a living gazanç etmek; to ~ a dress köýnek tikmek; to ~ tea çaý demlemek; to ~ a report çykyş etmek; to ~ a mistake ýalňyşmak; to ~ friends with smb. biri bilen dostlaşmak; to ~ smb. happy birini bagtyýar etmek; to ~ up düzmek; grimlenmek; to ~ out words sözleri aňşyrmak.*

**male** [meil] erkek (adam); erkek; erkege degişli; *a ~ cat erkek pişik; a ~ dog köpek; a ~ screw* içine girýän wint*; a ~ thread daşky hyr.*

**man** [mæn] adam, erkek adam; *a ~ of genius akyldar; a kind ~ hoşniýetli adam; be a ~ erkek bol!*

**manage** [ˈmæniʤ] ýolbaşçylyk etmek; dolandyrmak; başarmak, edip bilmek; oňarmak, erk etmek, bilmek; *to ~ a child çagany oňarmak; how did you ~ to get there siz nädip ol ýere düşüp bildiňiz?*

**manager** [ˈmæniʤə] dolandyryjy, ýörediji, müdir.

**manner** [ˈmænə] usul, ýol, tär; edep, ekram, edim-gylym; *~ of life (of thought) durmuş (pikirleniş) täri; to have no ~s edepsiz bolmak; to have good ~s edepli bolmak.*

**many** [ˊmeni] köp; köpler; *how ~? näçe sany?; as ~ şunça; as ~ as three years laýyk üç ýyl; not so ~ as -dan az; a good ~ ep-esli; a great ~ ummasyz; the ~ köplük.*

**map** [mæp] geografiýa kartasy; çyzgy;/karta çyzmak.

**march** [mɑ:tʃ] marş, ýöriş; ýöriş sazy; ýöriş etmek; *to ~ ahead öňe gitmek; to ~ off gitmek, daşlaşmak; to ~ on öňe süýşmek.*

**mark** [mɑ:k] bellik; belgi, alamat, nyşan; tagma; ball, dereje; / bellemek; bellik etmek; tagmalamak; baha goýmak; marka (pul birligi); *~ of interrogation sorag alamaty; beside the ~ ýerliksiz; above the ~ bellenen derejeden ýokary; below the ~ bellenen derejeden pes; ~ my words! şu sözlerimi ýatda sakla!; to get a ~ baha almak; to ~ a date bir senäni bellemek.*

**market** [mɑ:kit] bazar; satyş; söwda; *to come into the ~ bazara çykarylmak; to put on the ~ bazara çykarmak; the ~ rose bazar galypdyr; to find a ~ bazary duşmak, geçmek.*

**marriage** [ˊmæridʒ] nika; durmuş gurma; toý; *to contract a ~ nikalaşmak; to give in ~ durmuşa çykarmak.*

**marry** [ˊmæri] öýlenmek; (durmuşa) çykmak; öýermek, (durmuşa) çykarmak; *to ~ smb. birine öýlenmek (barmak); to ~ to smb. birine öýermek (çykarmak); they married olar öýlendiler.*

**mass** [mæs] köplük, köp zat, köp; üýşmek, toplum, tümmek; köp bölegi, aglabasy; halk köpçüligi; / köpçülikleýin; *in the ~ umuman; a ~ meeting köpçülikleýin ýygnak; a ~ production köpçülikleýin öndürme; the broad ~es halk köpçüligi.*

**master** [ˊmɑ:stə] hojaýyn, zat eýesi; ussat; ökde; mugallym;/öwrenmek, ele almak; *~ of the house öý eýesi, maşgalabaşy; to be one's own ~ öz eliň, öz ýakaň bolmak; a music ~ saz mugallymy; M. of Arts sungat (gumanitar ylymlar) boýunça magistr; to ~ a profession bir hünäri ele almak.*

**mat** [mæt] boýra; düşek(çe); /tutuk, soluk, garamtyl.

**match I** [mætʃ] kükürt, otlyçöp; pelte; *to strike a ~ kükürt çakmak.*

**match II** [mætʃ] deň, taý; är-aýal; ýaryş;/deňini tapmak; utgaşdyrmak; laýyk bolmak, mynasyp bolmak; utgaşmak; garşy goýmak; *he has not his ~ onuň deňi-taýy ýok; to meet one's ~ mynasyp garşydaşa duşmak; to make a ~ öýlenmek, durmuşa çykmak; these colours don't ~ bu reňkler utgaşmaýar; a return ~ jogap oýny.*

**material** [mə'tiəriəl] madda, jisim; mata; maglumat, esbap; / maddy; *~ world maddy dünýä; ~ needs fiziki talaplar; ~ losses maddy zyýan; raw ~s çig mal; writing ~s ýazuw esbaplary.*

**matter** ['mætə] madda; mesele; gürrüňiň özeni; / ähmiýeti bolmak; *a ~ of time wagta bagly mesele; a ~ of common knowledge hemmä mälim zat; a ~ of dispute jedelli mesele; what's the ~? näme boldy?; as a ~ of fact hakykatdan; it does not ~ zyýany ýok, aýby ýok; no ~ barybir; no ~ what her näme bolsa-da.*

**May** [mei] *maý*

**may** [mei] (might) başarmak, edip bilmek; mümkinçiligiň (ygtyýaryň) bolmak; *may I come in? girmek bolýarmy?; he ~ not come today ol bu gün gelmän biler; I ~ come, but I'm not sure men gelip bilerin, ýöne anyk däl; ~be bolup biler; you ~ go gidip bilersiňiz.*

**meal** [mi:l] nahar(lanmak); *to have a ~ naharlanmak; to have three ~s a day günde üç gezek nahar iýmek.*

**mean I** [mi:n] ganymat; gowşak; pes, haýyn; *no ~ abilities gowy ukyp; to feel ~ müýnli bolmak; näsag bolmak.*

**mean II** [mi:n] orta san; orta; orta baha; *the golden ~ ähli tarapy kanagatlandyrýan ortalyk ýagdaý; ~ time orta wagt; in the ~ time şol aralykda.*

**mean III** [mi:n] (meant) aňlatmak; diýjek bolmak; niýet etmek, niýetlenmek; göz öňünde tutmak; manysy bolmak; *the word ~s bu söz ... diýmegi aňladýar; what do you ~? siz näme diýjek bolýarsyňyz?; I ~ to say men ... diýjek bolýaryn.*

**meaning** ['mi:niŋ] many; *with ~ köp manyly.*

**means** [mi:nz] serişde, usul; baýlyk; *by ~ of ... arkaly; by no ~ asla; ~ of subsistence ýaşaýyş serişdesi; by all ~ her edip, hesip edip; by any ~ her zat edip; the ~ of communication aragatnaşyk serişdeleri; the man of ~ barly adam.*

**meant** [ment] past we p.p. < mean III.

**measure** ['meʒə] ölçeg; çäre; iş; / ölçemek, ölçegini almak; *dry (linear, liquid, square) ~s ürgün jisimler (uzynlyk, suwuklyk, meýdan) ölçegi; in a ~, in some ~ käbir derejede; made to ~ ölçelip tikilen.*

**meat** [mi:t] et; etli; nahar; *at ~ nahar başynda; after ~ nahardan soň; before ~ nahardan öň; green ~ gök önüm; roasted ~ gowrulan et.*

**medical** ['medikəl] lukmançylyga degişli; *a ~ history keseliň taryhy; a ~ jurisprudence sud lukmançylygy; a ~ man lukman; a ~ service lukmançylyk hyzmaty.*

**medicine** [ˈmedsin] medisina, lukmançylyk, tebipçilik; derman; *to take one's ~ derman içmek.*

**meet** [mi:t] (met) garşylamak, garşy almak; duşuşmak, üýşmek, ýygnanyşmak; kanagatlandyrmak; tölemek; *to ~ smb. biri bilen tanyşmak; birini garşylamak; to ~ with smb. biri bilen duşuşmak; to ~ smb.'s needs biriniň islegini kanagatlandyrmak; to make both ends ~ ýykma-ýykylma gün görmek.*

**meeting** [ˈmi:tiŋ] üýşmeleň, ýygnak; maslahat, mejlis; duşuşyk; *a ~ point duşuşyk ýeri; to address the ~ ýygnaga ýüzlenmek; to attend a ~ ýygnaga barmak.*

**melt** [melt] ere(t)mek; ýumşa(t)mak; snow *~s gar ereýär; to ~ away eräp gutarmak; to ~ down eretmek; to ~ out eredip guýmak.*

**member** [ˈmembə] agza; *M. of Parliament parlament agzasy; a ~ of sentence sözlemiň agzasy; to become a ~ of a party partiýa agza bolmak.*

**memory** [ˈmeməri] huş, ýat(keşlik); ýatlama; hatyra; *in ~ of smb. (smth.) biriniň (bir zadyň) ýadygärligine; to have a good ~ ýatkeşligiň gowy bolmak; to the best of my ~ meniň ýadyma düşüşiçe; memories of the past geçmiş hatyralary.*

**mend** [mend] bejermek, düzetmek; ýamamak; sagal(t)mak, gutul(t)mak; *to ~ roads ýollary bejermek; ~ or end bellisini etmek; that won't ~ matters bu iş bitirmez.*

**mention** [ˈmenʃən] belläp geçmek, agzamak; salgylanmak; *to make ~ of ýatlamak; don't ~ my name meniň adymy tutmaň! don't ~ it "thank you!" sözüne jogap; not to ~ agzamanyňda-da.*

**merry** [ˈmeri] şat, şadyýan; alçak; gülküli, gülkünç; *merry-go-round karusel; to make ~ şatlanmak.*

**message** [ˈmesidʒ] tabşyryk; hat, habar, maglumat; *did you get my ~? siz meniň iberen habarymy aldyňyzmy? send me a ~ maňa habar ediň.*

**messenger** [ˈmesindʒə] çapar, habarçy; alamat; nyşan.

**met** [met] past we p.p. < meet.

**metal** [ˈmetl] metal; / çagyl; metal ýüz tutmak; çagyl ýazmak; *~s demirýol; the train left (ran off) the ~s otly ýolundan çykypdyr.*

**method** [ˈmeθəd] usul, ýol.

**metre** [ˈmi:tə] **(amer. meter)** metr; ölçeg, sazlaşyk, akgynlylyk.

**metric** [ˈmetrik] metr ölçegi; *~ system onluk ýa metr ölçeg ulgamy.*

**microscope** [ˈmaikrəskoup] mikroskop.

**middle** [ˈmidl] orta; ortalyk, orta(d)aky; *~ aged orta ýaşly; in the ~ of the room ota-*

*gyň ortasynda; in the ~ of nowhere näbelli bir ýerde; ~ class(es) orta synp; a ~ peasant orta daýhan; ~ finger orta barmak.*

**might I** [mait] güýç, kuwwat; *with ~ and main bar güýji bilen.*

**might II** [mait] past < may I.

**mile** [mail] mil *(gury ýerde = 1609 m.; deňizde = 1853 m.); ~s easier (better) müň esse aňsat (gowy).*

**military** [ˈmilitəri] uruş, harby; goşun; *~ oath harby kasam; ~ post meýdan poçtasy; ~ school harby okuw jaýy; ~ service harby gulluk.*

**milk** [milk] süýt; süýtli; / sagmak, süýt almak; süýt bermek; *coffee with ~ süýtli kofe; ✧ to ~ the bull tekeden süýt almak.*

**mind** [maind] aň, akyl, pähim, paýhas; oý, pikir, düşünje, garaýyş; isleg, arzuw; huş, ýatkeşlik; / ýadyňda bolmak; aladasyny etmek, seresap bolmak; garşy bolmak; *a keen ~ ýiti akyl; to change one's ~ pikiriňi üýtgetmek; the great ~s of the world beýik akyldarlar; to have (to bear, to keep) in ~ ýadyňda bolmak, göz öňünde tutmak; to my ~ meniň pikirimçe; do you ~ my smoking? çilim çekmek bolýarmy?; ~ your own business öz işiň bilen bol!; never ~ alada etmäň!*

**mine I** [main] (magdan) käni; magdan ýatagy; *a coal ~ kömür käni; ~r magdançy.*

**mine II** [main] mina; / minalamak; *to lay a ~ for mina goýmak.*

**mineral** [ˈminərəl] mineral; magdan; mineral suw; organiki däl; *~ jelly wazelin; ~ oil çig nebit.*

**minister** [ˈministə] ministr; ilçi; ruhany; hyzmatkär, ýerine ýetiriji.

**minute** [ˈminit] minut; pursat, salym; dem;/taslama, garalama, bellikler; *in a ~ bir minutdan; wait a ~ birje minut!; ~s mejlis ýazgysy; to ~ down bellige almak.*

**mirror** [ˈmirə] (ýüz görülýän) aýna.

**miss I** [mis] nyşana degmezlik; sypdyrmak, elden gidermek; taşlap gitmek; küýsemek; sypmak, halas bolmak; *to ~ a letter bir harpy sypdyrmak; to ~ an opportunity pursaty elden bermek; to ~ smb.'s words biriniň aýdanlaryny eşitmän galmak; to ~ the mark syp geçmek; to ~ the aim nyşana degmezlik; to ~ the train otla gijä galmak; to ~ home öýüňi küýsemek.*

**miss II** [mis] miss, hanym *(Ms. ulugyza ýa ärsiz aýala ýüzlenme);* ulugyz.

**mist** [mist] ümür, ýuka duman; tüssejik;/çisňemek; *it is ~ing ýagyş çisňeýär.*

**mistake** [mis´teik] ýalňyş; säwlik, hata; / ýalňyşmak; *by ~ ýalňyşlyk bilen; to make a ~ ýalňyşmak; to ~ smb. for birini başga biridir öýtmek.*

**mister** [´mistə] mister, jenap.

**mistress** [´mistris] *(Mrs. ['misiz])* hanym *(ärli aýalyň familiýasynyň öňünden ulanylýar);* öý bikesi, öý eýesi aýal.

**mix** [miks] garmak, garyş(dyr)mak; bulaşdyrmak; garym-gatym etmek; çaknyşdyrmak, çekmek; *oil will not ~ with water ýag suw bilen garyşmaz; to ~ up garyşdyrmak; bulaşdyrmak; to be ~ed up bir zatda eliň bolmak.*

**mixture** [´mikstʃə] garyndy; suwuk derman;

**model** [´mɔdl] ülňi, nusga; kysym; / kysymymyny ýasamak; şekil bermek, şekile getirmek; *to ~ oneself (up) on smb. birinden görelde almak.*

**modern** [´mɔdən] (iň) täze, döwrebap; häzirki zaman; *in ~ times häzirki döwürde.*

**moment** [´moumənt] (bir) dem, pursat; ähmiýet, möhümlik; *at (for) the ~ hut häzir; this ~ häziriň özünde; ýaňyja; it is of no ~ munuň ähmiýeti ýok.*

**money** [´mʌni] pul; ✧ *~ makes the mare go berim gökden ýol ýasar; ~ makes ~ baýam baýa berer; ~ order pul geçirme.*

**monkey** [´mʌŋki] maýmyn.

**month** [mʌnθ] aý (30-31 gün); *this ~ şu aý; next ~ indiki aý; it lasted a ~ bu bir aýa çekdi.*

**monthly** [´mʌnθli] aýlyk; aýda bir gezek;/aýlyk žurnal; *~ payment aýlyk töleg.*

**moon** [mu:n] Aý (iki manyda-da); *at the time of the new ~ täze Aý doganda; to bay the ~ Aýa üýrmek; to aim (to level) at the ~ göwnüň Kap dagynda bolmak.*

**moonlight** [´mu:nlait] aý yşygy.

**moonlit** [´mu:nlit] aý-aýdyň.

**moral** [´mɔrəl] pent, öwüt, nesihat, wagyz; ahlak; ahlak kadalary; *~s ahlaklylyk; gylyk, häsiýet; edep, edep-ekram; to draw the ~ ahlak öwrenmek; ~ philosophy ahlakyýet; ~ life ahlakly ýaşaýyş.*

**more** [mɔ:] köp(räk); goşmaça, üste; ýene; *once ~ ýene bir gezek; ~ over üstesine; ~ powerful has kuwwatly; ~ or less azda-kände; takmynan; the ~ ... the ~ näçe ..., şonça... neither ~ nor less than azam däl, köpem; never ~ hiç haçan; what is ~ üstesine-de.*

**morning** [´mɔ:niŋ] daň, ertir, säher, saba; *good ~ ertiriňiz haýyr!; the ~ of life ömrüň başlangyjy; ~ dress adaty geýim; ~ gown halat; ~ star daň ýyldyzy.*

**most** [moust] iň köp; hemmeden köp, bar zatdan beter; örän, juda, aňrybaş;/iň köp mukdar; (bir zadyň) uly bölegi; ~ *beautiful iň owadan; the ~ part of smth. bir zadyň iň uly bölegi; at ~ iň köpi, aňry-başy; three at ~ iň köpi üç; ~ of them olaryň aglabasy; ~ of the time wagtyň köp bölegini; ~ people adamlaryň aglabasy.*

**mother** [ˊmʌðə] ene, eje; başlangyç, gözbaş; *~land ene toprak; ~ tongue ene dil; ~ wit tebigy paýhas; ~ oil çig nebit.*

**motor** [ˊmoutə] motor; awtomobil; motorly gaýyk; herekete getiriji.

**mountain** [ˊmauntin] dag; ✧ *to make a ~ out of a molehill peşeden pil ýasamak.*

**mouse** [maus] (*köplügi: **mice***) syçan.

**mouth** [mauθ]; (*köplügi* [mauðz]) agyz; bokurdak; (derýanyň) aýagy, guýýan ýeri; çüýşäniň bokurdagy; tüpeňiň agzy; *by ~, by word of ~ dilden; from ~ to ~ dilden dile; to take the words out of smb.'s ~ biriniň sözüni agzyndan kakyp almak.*

**move** [mu:v] göçüm; hereket; / gozgama(k), ýerini üýtgetme(k); süýşürmek, süýşmek; herekete getirmek; tolgundyrmak; göçmek; *to make a ~ ugramak; / göçüm etmek; hereket etmek; to ~ a table stoly süýşürmek; to ~ smb. to tears birini aglatmak.*

**much** [mʌʧ] köp;/örän; has, juda; tas, diýen ýaly, takmynan; *~ snow köp gar; ~ time köp wagt; how ~ näçe? ~ better has gowy; ~ of a size şol ölçegde diýen ýaly; so ~ the better bu ondanam gowy; not ~ asla; very ~ örän.*

**mud** [mʌd] palçyk, laý; läbik; *to stick in the ~ laýa batmak.*

**multiply** [ˊmʌltiplai] art(dyr)mak, ulal(t)mak; köpel(t)mek.

**murder** [ˊmə:də] ganhorluk, adam öldürme(k).

**muscle** [ˊmʌsl] muskul, myşsa; güýç; *a man of ~ pälwan.*

**music** [ˊmju:zik] saz; nota; *to ~ saza goşup; he plays without ~ ol notasyz çalýar; to listen to ~ saz diňlemek.*

**musician** [mju:ˊziʃən] sazanda; saz düzüji.

**must** [mʌst] borçlulyk; zerurlyk; ynamlylyk, göz-görtelelik, gadaganlyk aňladýan modal işlik: *I ~ go home men öýe hökman gitmeli; you ~ do as you are told siz aýdylyşy ýaly etmeli; if you ~, you ~ etmelimi, etmeli; the ~ book hökman alynmaly kitap; you ~ be aware of this siz bu barada bilýän bolmaly; you ~ have heard about it siz bu barada eşiden bolmaly; you ~ not go there siz ol ýere barmaly däl.*

**myself** [mai´self] özümi, özüme; özüm; *I have hurt ~ bir ýerimi agyrtdym; I saw it ~ ony hut özüm gördüm; I am not ~ özüme ýer tapamok.*

**mysterious** [mis´tiəriəs] syrly, gizlin; akyl ýetmez.

**mystery** [´mistəri] syr; syrly, syrdan doly; *to make a ~ of bir zady syr ýaly saklamak; ~ novel syrly roman.*

# N

**nail** [neil] dyrnak; penje; çüý; / çüý kakmak; çüýlemek; *the head of a ~ çüýüň kellesi; to have one's boots ~ed ädigiňi çüýletmek; to cut ~ dyrnak almak; to fasten with ~s çüýläp berkitmek.*

**name** [neim] at; familiýa; at-abraý; adygan adam; sögünç; / at dakmak, atlandyrmak; *by ~ ady boýunça; adyny tutup; full ~ doly adyň; what is your ~? adyňyz näme? to ~ the price baha kesmek; by (of, under) the ~ of ady bilen; in the ~ of hatyrasyna, adyndan, ady bilen; common ~ jyns at; people of ~ tanymal adamlar; to call ~s sögmek; to ~ after adyny dakmak.*

**narrow** [´nærou] dar; çäkli; kyn, agyr;/daral(t)mak; *in the ~est sense iň dar manysynda; ~ circumstances, ~ means agyr (kyn) ýagdaý; ~ majority sähelçe agdyklyk; ~ victory kynlyk bilen ýetilen ýeňiş; to ~ down jemlemek, toplamak, birleşdirmek.*

**nasty** [´nɑ:sti] ýigrenji, ýürek bulaýjy, nejis, pis, haram; gaharjaň, gaharly; ýarak; *~ job hapa (haram) iş; ~ sight elhenç görnüş; ~ weather erbet howa; ~ smell myrtar ys; a ~ dog ýarak it; to turn ~ gaharlanmak.*

**nation** [´neiʃən] halk, millet; halkyýet; döwlet; ýurt; *all the ~s of the world dünýäniň ähli halklary; most favoured ~ iň amatly şertlerde ýaşaýan millet; United Nations Organization (UN) Birleşen Milletler Guramasy.*

**national** [´næʃənl] milli, halk; döwlet; / ildeş; raýat; *~ economy halk hojalygy; ~ minority milli azlyk; ~ anthem döwlet senasy; ~ bank döwlet banky; ~ park milli goraghana; ~ enterprise döwlet kärhanasy.*

**nature** [´neitʃə] tebigat; esas, düýp, özen; organizm; häsiýet, gylyk, boluş; *N.'s engineering tebigatyň işi; against ~ tebigata garşy; by ~ tebigaty boýunça, doga; a law of ~ tebigat kanuny; good ~ hoşniýetlilik.*

**naval** [ˈneivəl] harby-deňiz; deňiz, flot; ~ *forces harby-deňiz güýçleri.*

**navy** [ˈneivi] harby-deňiz floty; *N. Department harby-deňiz ministrligi.*

**near** [niə] golaý, ýakyn; ýakyndaky;/ýanyna; ýakynyna; / golaýlaşmak, ýanyna barmak; ~ *akin häsiýeti boýunça golaý; ~by golaýda(ky), goňşy; to come ~ golaýa gelmek; to live ~ the river derýanyň ýakasynda ýaşamak; in the very ~ future ýakyn gelejekde; ~ translation asyl nusgasyna golaý terjime.*

**nearly** [ˈniəli] golaý; tas; takmynan; ~ *related ýakyn garyndaş; ýakyn gatnaşykda; he ~ fell down ol tas ýykylypdy; it is ~ time to begin başlamaga wagt boldy diýen ýaly; not ~ asla ... däl.*

**neat** [ni:t] arassa, päkize; sünnälenen; timarlanan; ökde, ussat, başarjaň; ~ *figure gözel syrat; to make a ~ job of it bir zady ussatlarça etmek.*

**necessary** [ˈnesisəri] gerek, zerur; hökmany; mejbury; *the ~ pul; the ~ person gerek adam; if ~ gerek bolsa.*

**neck** [nek] boýun, ýeňse; bokurdak; bogaz; bir zadyň inçelýän ýeri; ýaka; *to break one's ~ özüňi heläk etmek; to break the ~ of smth. bir işiň agramyny almak; to risk one's ~ janyňy howp astynda goýmak; to harden the ~ ýeňse damaryň gatamak.*

**need** [ni:d] zerurlyk, mätäçlik; hajat, isleg, talap; ýetmezçilik, garyplyk;/mätäç bolmak; hajatyň, (islegiň, talabyň) bolmak; gerek bolmak, zerur bolmak; garyp ýaşamak, mätäçlik çekmek; ...maly /...meli; *to be in ~ of, to feel the ~ of, to have ~ of bir zada mätäç bolmak; if ~ be (were) gerek bolsa; to meet the ~s islegleri kanagatlandyrmak; for ~ of ýetmezçilik zerarly;* ✧ *a friend in ~ is a friend indeed dost başa iş düşende tanalar.*

**needle** [ˈni:dl] iňňe, temen; çiş; (enjamyň) dili; tiken, pür, pytanak, iňňe ýaprak; *~'s eye iňňäniň gözi; as sharp as a ~ ýiti, duýgur.*

**neighbour** [ˈneibə] **(amer. neighbor)** goňşy; ýakyndaky; ýanaşyk; / serhetleşmek, galtaşmak; *the wood ~s upon the lake tokaý edil kölüň ýakasynda ýerleşýär.*

**neighborhood** [ˈneibəhud] **(amer. neighborhood)** goňşulyk, golaýlyk; golaý-goltum, daş-töwerek; etek; oba, etrap, welaýat; *in the ~ ýanynda; takmynan; in our ~ biziň töweregimizde; good ~ hoşniýetli goňşuçylyk.*

**neither** [ˈnaiðə]; **(amer.)** [ˈni:ðə] (ikiniň) hiç biri; hiç kim; şeýle hem; ~ *of you knows*

*siziň hiç biriňiz(em) bileňizok; ~ sentence is correct sözlemleriň hiç birem dogry däl; I didn't like this book, ~ did he men bu kitaby halamadym, olam; ~ ... nor ... ne ... ne ...; ~ here nor there ne eýläk, ne beýläk.*

**nerve** [nə:v] nerw; gyzmalyk, gaharjaňlyk; güýç, gaýrat, hyjuw, joşgun; *a fit (attack) of ~s nerw tutgaýy; to get on one's ~s biriniň gaharyny getirmek; a man of ~ sowukganly adam.*

**nest** [nest] höwürtge; / höwürtge gurmak; ✧ *to foul one's own ~ öz aýbyňy özüň açmak; to feather one's ~ jübiňi doldurmak.*

**net** [net] tor; kerep; ulgam; / tor gurmak; tor bilen tutmak; tor taşlamak, tora salmak; tora girmek.

**network** [ˊnetwə:k] tor; örme sebet; ulgam; *Internet is a worldwide computer ~ Internet bütindünýä kompýuter ulgamydyr.*

**never** [ˊnevə] hiç wagt, hiç haçan; asla, eger-eger; *one ~ knows soňuny görüp gelen ýok; ~ before henize çenli bir gezegem; ~ fear asla gorkmaň; ~ mind alada etmäň!*

**new** [nju:] täze; başga; ter; öňdebaryjy, täze açylan;/ýaňy, täzelikde; *~ bread gyzgyn çörek; ~ potatoes ýaş kartofel; New Year täze ýyl; is there anything ~ täzelik barmy?*

**news** [nju:z] täzelik, habar(lar); *what is the ~? näme täzelik?; no ~ (is) good ~ (bet) habaryň ýoklugy eýgilikdir.*

**newspaper** [ˊnju:sˏpeipə] gazet; *a daily ~ gündelik gazet.*

**next** [nekst] indiki geljek; iň ýakyn(daky), ýanaşyk; / soň, ondan soň; indiki gezek; gaýtadan;/ ýanynda; *~ year indiki ýyl; ~ door (to) indiki gapy; till ~ time indiki gezege çenli; ~ to nothing "hiç zat" diýen ýaly; what ~? onsoň näme?; who is ~? indi kimiň nobaty?*

**nice** [nais] gowy, ýagşy, ajaýyp, enaýy, eýjejik; edepli; gadyrly; inçe, nepis; *~ weather ajaýyp howa; a ~ home enaýyja öýjagaz; a ~ question irnik mesele; it is ~ of you siz diýseň mähriban.*

**night** [nait] gije; agşam; agşamky, gijeki; *all ~ (long) uzynly gije; at ~ gije; by ~ gijäniň dowamynda; ýüzüni gijä tutup; good ~ gijäňiz ra-hat! last ~ öten agşam; ~ after ~, ~ by ~ her agşam (gije).*

**nine** [nain] dokuz; / dokuzlyk; *to the ~s doly, tutuş.*

**no** [nou] ýok; / asla…däl; / hiç hili, hiç bir; *~, I cannot ýok, men başaramok; he has ~ friends onuň asla dosty ýok; in ~ book hiç kitapda; ~ doubt şübhesiz; ~ less than ... dan az däl; ~ longer*

*mundan artyk; ~ more başga hiç zat; ~ such thing beýle zat ýok; ~ smoking! çilim çekmek gadagan!; ~ wonder geň däl.*

**noble** [ˈnoubl] asylly; adamkärçilikli, merhemetli, rehimli, geçirimli; a ~ *action asylly hereket.*

**nobody** [ˈnoubədi] hiç kim, hiç kes;/näkes; bigaýrat, binamys; ~ *came hiç kim gelmedi.*

**noise** [noiz] gykylyk, galmagal, goh; *to make a ~ galmagal etmek; what is the ~? bu nämäniň galmagaly?*

**none** [nʌn] hiç kim (kes), hiç zat; hiç bir(i); hiç hili; / asla, hiç; ~ *is here bu ýerde hiç kes ýok; ~ of us hiç birimiz; ~ but ... başga hiç kim, diňe; ~ the less asla az däl; muňa garamazdan.*

**nonsense** [ˈnɔnsəns] biderek zat, ugursyz zat, ähmiýetsiz zat, hiç zat, patarraky, manysyz zat; pähimsizlik, paýhassyzlyk.

**nor** [nɔ:] ne, däl; şeýle hem, … hem; *neither... ~ ne ... ne ...; neither hot ~ cold ne so-wuk, ne yssy.*

**north** [nɔ:θ] demirgazyk; *from the ~ demirgazykdan; in the ~ of ... dan demirgazyga; to the ~ demirgazyga; to go ~ demirgazyga gitmek.*

**northern** [ˈnɔ:ðən] demirgazyk...; demirgazykdan öwüsýän; demirgazykda ýaşaýan; demirgazyk ýeli.

**nose** [nouz] burun; ys alyş; jüründik; bokurdak; *to blow one's ~ sümgürinmek; to have a good ~ ys alyşyň ýiti bolmak;* ✧ *to turn up one's ~ at burnuňy ýokary tutmak.*

**not** [nɔt] däl; *he is ~ at home ol öýde däl; ~ cold sowuk däl; ~ a few köpler; ~ like this munuň ýaly däl; ~ at all asla; bile ýalkasyn! (diýen ýaly jogap); ~ for the world/~ in the least asla; why ~? näme üçin bolmasyn?*

**nothing** [ˈnʌθiŋ] hiç zat; ~ *else başga hiç zat; ~ of the kind beýle zat ýok; all to ~ bary biderek; to come to ~ netijesiz gutarmak; for ~ biderek ýere; next to ~ hiç zat diýen ýaly; with ~ boş.*

**notice** [ˈnoutis] üns bermek, görmek; belläp geçmek; duýdurmak; syn ýazmak; / habar, duýduryş; bildiriş; syn; ~ *of death ölüm habary; to give ~ habar bermek, duýdurmak; to put up a ~ bildiriş asmak; to take no ~ of smb. birine üns bermezlik; at a moment's ~ dessine.*

**noun** [naun] at, proper ~ has at; common ~ *jyns at.*

**now** [nau] indi, häzir; derrew, dessine;/eger, eger-de, şeýle bolsa;/häzirki döwür, şu pursat; *just (but) ~ ýaňyja; ~ and again, ~ and then wagtal-wagtal; ~ ... ~ ... kä ... kä ...; ~ then*

*şeýlelikde; before ~ öň; by ~ mundan öň; till ~, up to ~ şu wagta çenli.*

**nowhere** [΄nouwεə] hiç ýerde; hiç ýere.

**number** [΄nʌmbə] san, mukdar; nomer; / nomerlemek; degişli etmek, goşmak; *in ~ san taýdan; out of ~ sansyz, hasapsyz; a ~ of books köp kitap; the ~ of books kitaplaryň sany; chapter ~ two ikinji bap.*

**numerous** [΄nju:mərəs] köp, köp mukdarda.

**nurse** [nə:s] eneke; şypagat uýasy; hassa bakyjy; / enekelik etmek; seretmek, idetmek; *at ~ enekäniň elinde; to put out to ~ enekä bermek.*

**nut** [nʌt] hoz; gaýka; ✧ *a hard ~ to crack çeýneljek çöp däl; adamçylygy pes adam; not for ~s asla.*

**nylon** [nailən] neýlon; neýlon önümi.

# O

**obedience** [ə΄bi:djəns] diýen etme, tabynlyk, boýun egme; *in ~ to laýyklykda.*

**obedient** [ə΄bi:djənt] tabyn, diýenediji; *an ~ child diýenediji çaga.*

**obey** [ə΄bei] boýun egmek, tabyn bolmak; buýrugy ýerine ýetirmek; *to ~ an order buýruga tabyn bolmak.*

**object** [΄ɔbʤikt] zat; obýekt; maksat; doldurgyç; *to fail in one's ~ niýetiň amala aşmazlyk.*

**object** [əb΄ʤekt] garşylyk görkezmek; garşy çykmak; halamazlyk, ýigrenmek; *I ~ to smoking men çilim çekilmegine garşy.*

**obtain** [əb΄tein] almak; gazyp almak, tapmak; edinmek; ykrar edilmek; kabul edilmek; *to ~ a prize baýrak almak.*

**occasion** [ə΄keiʒən] pursat, mümkinçilik; ýagdaý; sebäp, esas, delil; bahana; waka, hadysa; *for the ~ bu ýagdaý üçin; to celebrate the ~ bir wakany bellemek; on ~ käwagtlar; on the ~ of ... ... mynasybetli.*

**ocean** [΄ouʃən] umman, okean; *in the ~ okeanda; ~ bed okeanyň düýbi.*

**o'clock** [ə΄klɔk] sagat; *it is six ~ sagat alty.*

**odd** [ɔd] täk, ýeke; artyk, goşmaça; geň, del; *~ houses täk nomerli öýler; ~ months 31 günli aýlar; twenty ~ years ýigrimiden gowrak ýyl; ~ money gaýtargy; ~ moments boş wagtlar; ~ job tötänden gabat gelen iş; that's very ~ bu örän geň.*

**of** [ɔv] -yň/-iň, -uň/-üň, -ň; hakynda, barasynda; *some ~ us*

*käbirimiz; a glass ~ milk bir stakan süýt; a dress ~ silk ýüň köýnek; a girl ~ ten on ýaşlaryndaky gyzjagaz; the city ~ London London şäheri; to get rid ~ smth. bir zatdan dynmak; it is nice ~ you siz örän merhemetli.*

**off** [ɔf] daşlaşmagy, gutarmagy, peselmegi, sönmegi aňladýar: *far ~ uzak; to go ~ gitmek; to switch ~ söndürmek; hands ~ eliňi çek! to turn ~ söndürmek; to cut ~ kesip aýyrmak; to wash ~ ýuwup aýyrmak; take ~ your coat! paltoňyzy çykaryň!*

**offence** [ə′fens] **(amer. offense)** kemsitme, öýke, kine; hüjüm; düzgüni bozma; *to cause ~, to give ~ kemsitmek; to take ~ (at) gaty görmek; without ~ gaty görmäň.*

**offend** [ə′fend] kemsitmek, göwne degmek; mertebesini peseltmek; gaharyny getirmek ýigrenç döretmek; bozmak; *to ~ smb. birini kemsitmek; to ~ against custom adaty bozmak.*

**offensive** [ə′fensiv] kemsidiji, göwne degiji, mertebäňi peseldýän; agressive; ýigrenji.

**offer** [′ɔfə] teklip; synanyşyk;/teklip etmek; synanyşmak; *to ~ an apology ötünç soramak; to ~ resistance garşylyk görkezmek; to ~ to strike urjak bolmak; on ~ satlyk; ~ing sadaka.*

**officer** [′ɔfisə] edara işgäri, gullukçy, wezipe eýesi; ofiser; polisiýa işgäri; *medical ~, ~ of health harby lukman; ~ of the day nobatçy ofiser.*

**official** [ə′fiʃəl] resmi; gulluk; / wezipeli adam; gullukçy; *~ duties gulluk wezipeleri; ~ representative resmi wekil; ~ statement resmi beýannama.*

**step** [step] ädim, gadam; aýak sesi; ýöreýiş; aýak yzy; çäre; aýakbasar, basgançak; / ýöremek, ädim ätmek; ädimläp ölçemek; *~ by ~ ädimme-ädim; at every ~ her ädimde; in ~ aýakdaş; quick ~s çalasyn ädimler; to keep ~ with (... bilen) deň gadam basmak; to ~ on bir zady basmak; to take ~s çäre görmek; wooden ~s tagta basgançaklar; to watch one's ~s seresap hereket etmek.*

**stick** [stik] taýak; çybyk; hasa; çöp; / **(stuck)** dürtmek, sokmak, sançmak, sünçmek; çümdürmek; dykmak; somalyp durmak; ýelmemek; ýelmeşmek; ýelimlemek; *to ~ to the point iş hakda gürlemek; to ~ at ýelmeşip ýatmak.*

**sticky** [stiki] ýelmeşegen; ýaýdanjaň; gagal, oňşuksyz.

**stiff** [stif] gaty, berk; gatap galan, doňup galan; tutanýerli, ýanbermez; mejbury edilýän, ýasama; *~ in death gatap galan jeset; ~ denial üzül-kesil ret etme; ~ bow sowuk-sala salamlaşma; ~ task agyr wezipe.*

**still** [stil] hereketsiz, ýata; ümsüm, parahat, ýuwaş, sessiz, asuda; / ýuwaşatmak, köşeşdirmek; / häzire çenli, şu wagta çenli, entek, heniz; ...sada/...se-de; eýsem-de; hasam, mundanam; *to keep ~ ümsüm bolmak; to sit ~ gymyldaman oturmak; to ~ a child çagany köşeşdirmek; he is ~ here ol henizem şu ýerde; ~ more köpräk; ~ longer uzynrak; they ~ went there olar eýýäm ol ýere gitdiler.*

**stole** [stoul] past < steal.

**stolen** [ˈstoulən] p.p. < steal.

**stomach** [ˈstʌmək] aşgazan; garyn; işdä; *to turn one's ~ ýüregiňi bula(ndyr)mak; to have ~ for bir zada islegiň bolmak; to ~ an insult öýkäni ýuwutmak.*

**stone** [stoun] daş; daşdan; şänik; / daş düşemek; şänigini çykarmak; daşlamak; *to throw a ~ daş zyňmak; ~ implements daş gurallar.*

**stood** [stud] past we p.p. < stand.

**stop** [stɔp] durma, säginme; duralga; dyngy belgileri; dyky; / durmak, säginmek; bes etmek, gutar(t)mak; *bus ~ awtobus duralgasy; to ~ a car ma-*

*şyny saklamak; to ~ with smb. birine myhman düşmek; to ~ the game oýny bes etmek; ~ talking! gürlemäň!; to ~ at nothing hiç zatdan gaýtmazlyk; full ~ nokat; to bring to a ~ saklamak; to come to a ~ saklanmak; to put a ~ to smth. bir zada soň goýmak.*

**store** [stɔ:] ätiýaçlyk; gor; ammar, gülebenthana; dükan; uniwermag; / üpjün etmek; ätiýaç üçin goýmak; ammara tabşyrmak, ammarda saklamak; saklamaga bermek; *book ~ kitap dükany; to lay in ~ for the winter gyşa ätiýaçlyk toplamak; ~ clothes taýyn geýim.*

**storm** [stɔ:m] gaý, tupan, syrgyn, harasat; gom; göçgün, joşgun; zabt etme(k); *a snow ~ gar syrgyny; a thunder ~ gök gürrüldisi; a ~ of applause göçgünli el çarpyşmalar.*

**story** [´stɔ:ri] hekaýa, kyssa, powest; taryh; rowaýat; erteki; toslama, takal; *short ~ nowella; the ~ goes that rowaýatda şeýle diýilýär; according to his ~ onuň aýtmagyna görä.*

**straight** [streit] dogry, göni; düz; açyk, gös-göni, aç-açan; dogruçyl; derrew, dessine; *~ eye ýiti göz; to put ~ tertibe getirmek; a ~ question gönümel sorag; ~ talk aç-açan gürrüň; ~ away dessine; ~ off şarkşurk; ~ out gönüläp, göni.*

**strange** [streinʤ] ýat; nätanyş; nämälim; geň, täsin; del; adaty däl; *in ~ lands ýat ýurtlarda; there is nothing ~ about it bu ýerde geň zat ýok; a ~ voice ýat ses.*

**stranger** [´streinʤə] ýat, nätanyş, keseki; daşary ýurtly; näbelet; *you are quite a ~ here sizem ýat bolduňyz; he is a ~ to fear ol gorky-ürkini bilenok; to make a ~ of smb. birine ýüz bermezlik.*

**stream** [stri:m] akym; akar, bulak; / akmak, dökülmek, guýmak, çüwdürilmek; kükemek, burk urmak; *in a ~, in ~s sil ýaly; a ~ of cars maşyn akymy; to go with (against) the ~ akymyň ugruna (tersine) ýüzmek.*

**street** [stri:t] köçe; *at the corner of a ~ köçäniň burçunda; what ~ does he live in? ol haýsy köçede ýaşaýar?; ~ fighting köçe söweşi.*

**strength** [streŋθ] güýç, kuwwat; berklik, mäkämlik; *physical ~ fiziki güýç; the ~ of mind ruhy güýç; to have the ~ of will erkiň bolmak.*

**stretch** [streʧ] dartma, giňeltme, uzaltma, süýndürme, sozma; gerinme;/dart(yl)mak, uzal(t)mak, giňel(t)mek, süýn(dür)mek; soz(ul)mak; gerinmek; ýaýylyp ýatmak; *~ of authority ygtyýaryňy hetden aşyrma; at a ~ yzygiderli; to ~oneself gerinmek; to ~ point çygyrdan çykmak; to ~ one's legs aýagyňy ýazmak.*

**stroke** [strouk] urgy; gerim, ýaýylma, açylma; çyzyk(lar); / sypalamak; *heat ~ gün urma; he had a ~ ol ysmaz bolupdy; a clever ~ ýeser emel; a ~ of luck şowlulyk.*

**strong** [strɔŋ] güýçli, kuwwatly, gujurly; *a ~ army kuwwatly goşun; ~ coffe ajy demlenen kofe; he is ~ in chemistry ol himiýa ökde; ~ measures berk çäreler; a ~ remedy güýçli serişde; a ~ language paýyş sözler; a ~ reason degerli sebäp.*

**structure** [ˊstrʌktʃə] düzüm, gurluş; *social ~ sosial gurluş; the ~ of a language diliň düzümi; the ~ of a sentence sözlemiň gurluşy.*

**struggle** [ˊstrʌgl] göreş; / göreşmek; uruşmak; söweşmek; *class ~ synpy göreş; the ~ for existence ýaşaýyş ugrundaky göreş; to ~ against difficulties kynçylyklar bilen göreşmek.*

**stuck** [stʌk] past we p.p. < stick.

**student** [ˊstju:dənt] okuwçy; talyp.

**study** [ˊstʌdi] öwrenmek, derňemek; garamak; üstünde oýlanmak; okamak, bilim almak; ýat tutmak; / öwrenme, derňew; okuw; ylym; ylmy iş; iş otagy; oçerk; etýud; *to ~ English iňlis dilini öwrenmek; to ~ hard erjellik bilen okamak.*

**stung** [stʌŋ] past we p.p. < sting.

**stupid** [ˊstju:pid] samsyk, akmak, pekge, kelesaň, kelew, tünt, körzehin, kemakyl; *a ~ joke samsyklaç degişme; a ~ fellow tentek ýigit; ~ with sleep alasarmyk.*

**style** [stail] stil; ýol, usul; moda, biçüw; *in ~ moda laýyklykda; that ~ of thing munuň ýaly zat.*

**subject I** [ˊsʌbdʒikt] tema; sorag, mesele; ders, sapak; subýekt; sözlemiň eýesi; *the ~ of the lecture takalyň temasy; let's keep to the ~ temadan daşlaşmalyň.*

**subject II** [ˊsʌbdʒikt] tabyn, garaşly; sezewar edilen; degişli; / [səbˊdʒekt] tabyn (boýun) etmek; sezewar etmek; garamaga bermek; *~ nations bakna döwletler; ~ to eger; to ~ a plan for consideration plany ara alyp maslahatlaşmaga bermek.*

**substance** [ˊsʌbstəns] jisim, madda; materiýa; özen; düýp manysy; *in ~ hakyna seredeniňde; devoid of ~ esassyz; to have no ~ esassyz bolmak; a man of ~ barly adam.*

**subtract** [səbˊtrækt] aýyrmak.

**succeed** [səkˊsi:d] üstünlik gazanmak; niýetiňi amala aşyrmak; yzyndan gelmek; ýerine gelmek; miras almak; *the generation that ~s us geljekki nesil; to ~ smb. biriniň mirasdary bolmak; to ~ in life durmuşda üstünlik gazanmak.*

**success** [sək´ses] üstünlik, şowlulyk; *the experiment was a ~ tejribe şowly geçdi;* ✧ *~ is never blamed gün güýçlüniňki.*

**successful** [sək´sesful] üstünlikli, şowly; bagtly; *a ~ attemt şowly synanyşyk; a ~ experiment şowly tejribe; to be ~ üstünlik gazanmak.*

**such** [sʌtʃ] şeýle, beýle, şunuň (munuň) ýaly; şu, bu; *and ~ things we şonuň ýaly; ~ as mysal üçin; ... ýaly; at ~ a time şeýle wagtda; on ~ a day şunuň ýaly bir günde; ~ are the facts faktlar şeýle; ~ fine weather şeýle gowy howa!*

**suck** [sʌk] emme(k); sorma(k), siňdirme(k), çekme(k); *to give ~ (to) emdirmek; the pump ~s nasos suw ýerine howa sorýar; to ~ out sorup çykarmak.*

**sudden** [´sʌdn] duýdansyz, garaşylmadyk; okgunly; *a ~ attack duýdansyz hüjüm; all of a ~, on a ~ duýdansyz ýerden.*

**suffer** [´sʌfə] ejir çekmek, horlanmak, görgi görmek; dert çekmek; başdan geçirmek, çekmek, çydamak; zyýan çekmek, kösenmek; *to ~ defeat ýeňlişe sezewar bolmak; to ~ a loss zyýan çekmek; to ~ a pain agyry çekmek.*

**sugar** [´ʃugə] gant; şekerli; *to have ~ with one's tea çaýy gant bilen içmek.*

**suggest** [sə´dʒest] teklip etmek; maslahat bermek; pikir aýtmak; ynandyrmak, pikire eltmek; çak (çen) etmek; *to ~ a plan maksatnama teklip etmek; what does this sound ~ bu ses size nämäni ýatladýar?*

**suit** [sju:t] kostýum; dileg, haýyş; sawçylyk; dawa; ylalaşyk, sazlaşyk; gabat gelme; / gelişmek; talaby ödemek; işiňe ýaramak; laýyk bolmak; ylalaşdyrmak, sazlaşdyrmak; *the ~ becomes you bu kostýum size gaty gowy gelişýär; the dress doesn't ~ her bu köýnek oňa gelişmeýär; the time doesn't ~ me bu wagt maňa laýyk däl; to ~ the action to the word sözüňi iş bilen berkitmek.*

**suitable** [´sju:təbl] laýyk, gabat gelýän, mynasyp, ýaramly; *~ place and time mynasyp ýer we wagt.*

**sum** [sʌm] mukdar, möçber; jem; mesele;/goşmak, jemlemek, jemini çykarmak; *total ~ umumy jemi; in ~ mahlasy, umuman; to do ~s mesele çözmek; he is good at ~s ol hasaba ökde; to ~ up jemini çykarmak.*

**summer** [´sʌmə] tomus; tomusky; *last ~ öten tomus; one ~ day bir tomus güni; in the ~ time tomusda; ~ house ýazlag.*

**sun** [sʌn] gün; güneş, *against the ~ gün hereketiniň garşysyna; with the ~ gün hereketiniň ugruna; to lie in the ~ günde ýatmak; under the ~ şu*

*dünýäde; ýer ýüzünde; to take the ~ güne ýanmak; to rise with the ~ gün bilen bile turmak; from ~ to ~ gün dogandan gün batýança; to ~ oneself güneşlemek.*

**sung** [sʌŋ] p.p. < sing.

**sunk** [ˈsʌŋk] p.p. < sink.

**supper** [ˈsʌpə] agşamlyk nahar, şam; *at ~ agşam nahar başynda; to have ~ agşam naharyny iýmek.*

**supply** [səˈplai] üpjün etme, getirme, üpjünçilik; azyk; ätiýaçlyk; teklip; / üpjün etmek; getirmek, gowşurmak; ýerini tutmak; öwezi bolmak; ödemek; *~ and demand isleg we teklip; ~ pressure zynjyrdaky napryýaženiýe; ~ ship, ~ train üpjünçilik gämisi/otlusy.*

**support** [səˈpɔ:t] goldaw, goltgy, ýardam; ekleýji; direg, söýeg, daýanç; paýa; / goldamak; goltgy bermek; eklemek; idetmek; berkitmek; aşagyndan diremek, söýemek, söýget bermek; götermek; *in ~ of goldap; to lend (to give) ~ (to) ýardam (goltgy) bermek.*

**suppose** [səˈpouz] hasaplamak, saýmak; çen etmek, çak etmek; güman etmek, oýlamak; mümkinligini kabul etmek; *I ~ so men şeýle güman edýärin; let's ~ that ... diýip, oýlanalyň; what do you ~ this means? siziňçe bu nämäni aňladýar?*

**sure** [ʃuə] dogry, dürs; ygtybarly; şübhesiz, gürrüňsiz, şeksiz; ynamly; elbetde; hakykat; *a ~ method dogry usul; ~ shot mergen; to be ~ of smb. birine ynamyň bolmak; to feel ~ özüňe ynamyň bolmak; he is ~ to come ol hökman geler; he is ~ not to come ol asla gelmez; to make ~ göz ýetirmek; as ~ as ... ýaly dogry.*

**surface** [ˈsə:fis] ýüz, üst; daş keşp; daşky; ýüzleý; *on the ~ daşyndan (seredeniňde); ~ mail guryýer poçtasy; ~ politeness ýasama mylakatlylyk.*

**surprise** [səˈpraiz] sürpriz; geň galma;/geň (täsin, haýran) galdyrmak; gapyl basmak; *to show ~ geň galmak; by ~ gapyl; to take smb. by ~ birini gapyl basmak; a ~ attack duýdansyz hüjüm.*

**surround** [səˈraund] gabamak, gallamak, gurşamak, daşyny almak, daşyna aýlamak; *to ~ a city with a wall şäheriň daşyna haýat aýlamak; to ~ smb. with love and attention birini söýgi we alada bilen gurşamak.*

**swallow I** [ˈswɔlou] ýuwutmak, owurtlamak; sormak; çydamak; güpbe ynanmak; *at a ~ bir owurtda; to ~ an insult öýkäni ýüze çykarmazlyk; to ~ the bait çeňňege düşmek; to ~ one's words sözüňi gaýdyp almak.*

**swallow II** [ˈswɔlou] garlawaç; ✧ *one ~ does not make a summer bir gül bilen ýaz gelmez.*

**swam** [swæm] past < swim.

**swear** [swɛə] **(**swore; sworn**)** ant **(**kasam**)** içmek, kasam etmek, söz bermek; sögünmek, birine sögmek; Hudaýa dil ýetirmek, küpür geplemek; *to ~ an oath kasam etmek; to ~ allegiance wepalylygyň barada kasam etmek; to ~ by bir zatdan kasam içmek; to ~ to ant içip tassyklamak.*

**sweep** [swi:p] süpürmek, syrmak; syryp-süpürip gitmek, süpürip taşlamak, ýok etmek; alyp gitmek; ýel ýaly gitmek; çalt geçmek; büremek, gurşamak, gaplamak; *to ~ off syryp-süpürip taşlamak; to ~ one's hand across one's face eliňi ýüzüňe sylmak; to ~ past ok ýaly geçip gitmek; to ~ away slavery gulçulygy ýok etmek.*

**sweet** [swi:t] süýji; hoşboý ysly, ýakymly ysly; mylaýym, ýakymly; söýgüli; mylakatly; eziz; lezzetli; kemput; *I like my tea ~ men çaýy süýji içýärin; it's ~ of you sizden örän hoşal; ~ water süýji suw; ~ face ýakymly ýüz; ~ words süýji söz.*

**swell** [swel] çiş;/çişmek; ýellenmek, gabarmak; pökgermek; güberilmek; gatalmak, güýçlenmek; *some ~ fellows gül ýaly oglanlar; ~ society ýokary gatlak; the river is swollen derýa çişipdir; the heart ~s ýüregim çişýär.*

**swelled** [sweld] past < swell.

**swept** [swept] past we p.p. < sweep

**swim** [swim] ýüz**(**dür**)**mek; suwa düşünmek; *to go for a ~ ýüzmäge gitmek; to have (to take) a ~ biraz ýüzüp çykmak; to be in the ~ bolup geçýän zatlardan habarly bolmak; to be out of the ~ bolup geçýän zatlardan bihabar bolmak.*

**swing** [swiŋ] çaýkanma, yr**(**gal**)**anma, yraň atma; gerim, aralyk; bat alma;/**(**swung**)** çaýkanmak, yranmak, yraň atmak; galgatmak, salgamak; *in full ~ gyzgalaňly döwri; to go with a ~ ýag ýaly gitmek; to ~ a bell jaň kakmak; to ~ one's arms elleriňi galgatmak; to ~ open giňden açylmak; to ~ shut, to ~ to şarkyldap ýapylmak.*

**switch** [switʃ] açar, geçiriji; / açmak; söndürmek, ýapmak; öwürmek; ugruny üýtgetmek; *to ~ off söndürmek; to ~ on açmak (işletmek).*

**swollen** [ˈswoulən], **swelled** [sweld] p.p. < swell.

**sword** [sɔ:d] gylyç; gama; *cavalry ~ atly goşun gylyjy; court ~ sport gylyjy; the ~ of justice adalat gylyjy; to draw the ~ gylyjy gynyndan çykarmak.*

**swore** [swɔ:] past < swear.

**sworn** [swɔ:n] p.p. < swear;/ ant içen, kasam eden; ~ *brothers dogan okaşanlar; ~ friends ýegre (jan) ýaly dostlar; ~ enemies ganym duşmanlar.*

**swum** [swʌm] p.p. < swim.

**swung** [swʌŋ] past we p.p. < swing.

**sympathetic** [ˌsimpəˈθetik] duýgudaşlykly, duýgudaşlyk bildirýän; görmegeý, görmekli, görkli; ~ *strike duýgudaşlyk üçin iş taşlama; ~ vibration jogap yrgyldysy.*

**sympathy** [ˈsimpəθi] duýgudaşlyk; gynanç, rehim, ýüregiň awama; höwes, gyzyk; *a man of ready ~ ýüregi ýuka adam; in ~ with ... bilen doly ylalaşykly; out of ~ dawaly.*

**system** [ˈsistim] ulgam; *operating ~ işledýän ulgam; a ~ of education bilim ulgamy.*

# T

**table** [ˈteibl] stol; saçak, tagam, nahar; tablisa; *at ~ nahar başynda; at the ~ stoluň başynda; ~ of contents mazmuny; mathematical ~s matematika tablisalary; ~ land üsti tekiz belentlik; ~ spoon nahar çemçesi; to be (to sit) at ~ nahar iýmek.*

**tail** [teil] guýruk; gulpak, bir örüm saç; aşaky yz tarap; etek, syý; nobat; syrt; arka tarap, yz; ~ *light yzky çyra; heads or ~s? kellemi, guýruk? ~ of one's eye gözüň gytagy;* ✧ *to turn ~ ökje götermek; to ~ out zut gitmek.*

**take** [teik] (took, taken) almak, eýelemek; tutmak; kabul etmek, ylalaşmak; içmek, atmak; kireýne almak; äkitmek; öýtmek; düşünmek; aýyrmak; surat almak; surata düşmek; *to ~ part gatnaşmak; to take smb. by the hand biriniň elinden tutmak; it ~s time to do smth. Bir zat etmek üçin wagt gerek; it took me very long bu meniň köp wagtymy aldy; to ~ account of göz öňünde tutmak; to ~ tea çaý içmek; to ~ care of alada etmek; to ~ place bolup geçmek; to ~ a seat oturmak; to ~ a train otly bilen gitmek; to ~ for bir zat hökmünde kabul etmek; to ~ off çykarmak; uçmak; ~ your time! gyssanmaň! to ~ leave gitmek; to ~ a walk gezmelemek.*

**taken** [ˈteikn] p.p. < take.

**talk** [tɔ:k] gürrüň, söhbet; gepleşik; gep-gürrüň, myş-myş; /gürle(ş)mek, geple(ş)mek; söhbet etmek; gybat etmek; maslahat etmek; *to ~ to smb. biri bilen gürleşmek; to ~ about*

*smb. biri hakynda gürleşmek; to have a ~ with smb. biri bilen gümür-ýamyr etmek.*

**tall** [tɔ:l] uzyn; beýik, belent; ynanyp bolmajak; üýtgeşik; *to be rather ~ gaty uzyn bolmak; to grow ~ boýuň uzamak.*

**task** [tɑ:sk] sagatly iş; wezipe; tabşyryk, ýumuş; *to set a ~ before smb. biriniň öňünde wezipe goýmak.*

**taste** [teist] tagam; zowk; / dadyp görmek; başdan geçirmek; tagamyny duýmak (almak); (bir zadyň) tagamy bolmak; *it ~s delicious bu örän tagamly; sweet to the ~ tagamy süýji; to ~ pepper burçuň tagamyny barlamak; ✧ ~s differ kim gaýkyny söýer, kim küýküni; to give a ~ of smth. bir zadyň tagamyny bermek.*

**taught** [tɔ:t] past we p.p. < teach.

**tax** [tæks] salgyt; paç, gümrük haky; ýük, alada;/salgyt salmak, paç almak; agram salmak; synamak; *to levy ~es salgyt almak; heavy ~ agyr salgyt; ~able salgyt salynýan; ~free salgytdan boş; ~payer salgyt töleýji.*

**taxi** [ˊtæksi] taksi;/taksili gitmek; *to take a ~ taksi tutmak.*

**tea** [ti:] çaý; *fresh ~ täze demlenen çaý; a cup of hot ~ bir käse gyzgyn çaý; ✧ another cup of ~ düýpden başga gep.*

**teach** [ti:ʧ] okatmak, öwretmek, sapak bermek; käýemek, temmi bermek; *to ~ at school mekdepde okatmak; to ~ smb. French birine fransuz dilini öwretmek.*

**team** [ti:m] sport topary; brigada, işçi topary; araba goşulan mallar; *a football ~ futbol topary.*

**tear I** [tiə] (tore; torn) ýyrt(yl)mak, gop(ar)mak, ýol(un)mak; kakyp almak; soý(ul)mak; *to ~ up tike-tike etmek; to ~ open an envelope bukjany ýyrtyp açmak; to ~ a leaf out of a daybook gündelikden bir kagyz ýyrtyp almak; to ~ away gop(ar)mak; to ~ in (to) pieces tike-tike etmek.*

**tear II** [tiə] gözýaş; çyg damjasy; *bitter ~s ajy gözýaşlar; in ~s gözi ýaşly; to break into ~s gözýaş döküp başlamak.*

**telephone** [ˊtelifoun] telefon; / telefon (jaň) etmek; *to answer the ~ telefona jogap bermek.*

**television** [ˊteliyiʒ(ə)n] (TV) telewideniýe; *a ~ (receiver) set telewizor; to watch ~ telewizora tomaşa etmek; ~ broadcasting telewizion gepleşik.*

**tell** [tel] (told) aýtmak, diýmek; gürrüň bermek; buýruk (görkezme) bermek; habar bermek; *to ~ the truth hakyka-*

*ty aýtmak; to ~ a lie ýalan sözlemek; to ~ smb the time birine sagat aýtmak; to ~ smb. to do smth. birine bir zat etmelidigini aýtmak; to ~ good-bye hoşlaşmak.*

**temper** [ˈtempə] häsiýet, gylyk; keýp, ýagdaý; gahar, gazap; / kadalaşdyrmak; suwuny almak, taplamak; *to keep (to control) one's ~ özüňe erk etmek; to lose one's ~ özüňe erk edip bilmezlik; to recover (to regain) one's ~ özüňi ele almak, rahatlanmak.*

**temperature** [ˈtempritʃə] temperatura, ýylylyk; *to have a high ~ gyzgynyň bolmak; to take ~ gyzgynyňy ölçemek.*

**tend I** [tend] syrkaw soramak; seretmek, hyzmat etmek; ideg etmek.

**tend II** [tend] ugramak; bir zada alyp barmak; meýilli bolmak, ýykgyn etmek; *it ~s to become cold at night gije howa sowajaga meňzeýär.*

**tendency** [ˈtendənsi] ymtylyş; ymtylma; ýykgyn, meýil.

**tender I** [ˈtendə] resmi teklip; potrat haýyşnamasy; / teklip etmek; öňünden pul tölemek; haýyşnama bermek; *legal ~ kanuny töleg serişdesi; to ~ one's thanks minnetdarlyk bildirmek; to ~ an apology ötünç soramak.*

**tender II** [ˈtendə] näzik; mylaýym; mähirli, mylakatly; hamrak; ýumşak; gowşak; ynjyk; irnik, agyryly; *~ passion (sentiment) näzik duýgy; ~ heart ýumşak ýürek; a ~ spot (place) gowşak ýeri.*

**tennis** [ˈtenis] tennis; *~ ball tennis topy; ~ court tennis meýdançasy.*

**tense I** [tens] zaman; *past ~ öten zaman; present ~ häzirki zaman.*

**tense II** [tens] dartgynly, dartylan.

**tent** [tent] çadyr; bassyrma.

**terrible** [ˈterəbl] gorkunç, elhenç, eýmenç, edrenç; *it's terrible to see muny görmek gorkunç; how ~ nähili elhenç!*

**terror** [ˈterə] gorky, heder, eýmenç howp; terror; gorkuly zat; *in ~ gorkan; the king of ~s ölüm.*

**test** [test] synag; barlag; barlag işi; derňew;/barlamak, synagdan geçirmek; tejribe geçirmek; *to put to the ~ synagdan geçirmek; to stand (to bear) the ~ synagdan geçmek; a ~ in English iňlis dili boýunça barlag işi; a ~ station barlag merkezi.*

**test-tube** [ˈtesttju:b] probirka; synag çüýşesi.

**than** [ðæn] -dan/-den; -ndan /-nden; görä, garanyňda; *more ~ -dan/-den köp; he is taller ~ you are ol senden uzynrak; I'd rather stay ~ go men gidenimden galanymy*

*gowy görjek; none other ~ -dan / -den başga hiç kim däl.*

**thank** [θæŋk] minnetdarlyk (bildirmek), "Taňry ýalkasyn" bermek; ~ *you/~s sag boluň!; Taňry ýalkasyn!; ~ you very much/many ~s köp sag boluň! ~s to saýasynda, kömegi bilen.*

**that** [ðæt] ol, hol, şol; / şeýle (bir), şunça, şol derejede; / baglaýjy söz; türkmen diline terjime edilmeýär: *do you see ~ house? hol öýi görýärsiňizmi? ~ night şol gije; the year ~ he died onuň ölen ýyly; ~ is ýagny; her face is like ~ of her mother onuň ýüzi ejesiniňkä meňzeş; it was so cold ~ şeýle sowukdy welin ...*

**the** [ðə, ði:, ði] mälim artikl; köplenç terjime edilmeýär ýa-da "bu, şu, şol" sözleri arkaly terjime edilýär: *the book I'm reading meniň okaýan kitabym; I dislike the man men şu adamy ýigrenýärin;* / hut, iň, tüýs: *he is the man I want ol tüýs meniň diýýän adamym;* / ada umumy many berýär: *the horse is a useful animal at peýdaly haýwan;* / ýeke-täk zatlaryň ýa hadysalaryň atlarynyň öňünden ulanylýar: *~ Sun Gün, ~ Moon Aý;* / takyk ada umumylaşdyryjy many berýär: *~ stage sahna, artistlik işi; /~ more ~ better näçe köp bolsa, şonça gowy; ~ less said ~ better söz näçe az bolsa, şonça gowy; ~ worse for him onuň üçin has beter.*

**theatre** [ˊθiətə] teatr; sahna; drama edebiýaty; *he is fond of the ~ ol teatryň ölemen aşygy; the ~ of operations (war) harby hereketler sahnasy.*

**themselves** [ðəmˊselvz] özleri, özlerine, özlerini; *they wash ~ olar ýuwunýarlar; they have built ~ a house olar özlerine jaý gurdular; they built the house ~ olaryň özleri jaý gurdular.*

**then** [ðen] şonda, şol wagt; soň, on(dan)soň; onda, beýle bolsa; ondan başga; -da/-de, bolsa-da;/şol wagtky, şol döwrüňki; *he was a little boy ~ ol wagt ol kiçijik oglandy; speak to him and ~ call me onuň bilen gürleş-de maňa jaň et; by ~ şol wagta çenli; since ~ şol wagtdan bäri; every now and ~ wagtal-wagtal.*

**there I** [ðεə] ol ýerde, şol ýerde, şeýlede, beýlede; şol ýere, şeýläk, heýläk; / şol ýer, ol ýer, hol ýer; / ana!, ine!; *from ~ ol ýerden; ~ and back aňryk hem bärik; here and ~ hem bu ýerde, hem ol ýerde; who is ~ kim bar?*

**there II** [ðεə] giriş sözi, terjime edilmeýär; "to be" işligi bilen gelende, "bar bolmak" manysyny berýär; *~ are many books in our library biziň kitaphanamyzda kitap köp; ~ ca-*

*me a knock on the door birden gapy kakyldy.*

**therefore** [ˈðɛəfɔ:] şonuň üçin, şol sebäpli.

**these** [ði:z] bular, şular.

**thick** [θik] galyň; ýogyn; inli; gür; goýy; doly, hyryn-dykyn; püre-pür; *a ~ wall galyň diwar; ~ hair gür saç; ~ forest sümme tokaý; ~ soup goýy çorba; ~ head tünt; in the ~ of it jümmüşinde.*

**thief** [θi:f] ogry.

**thin** [θin] ýuka; inçe; hor, arryk; seýrek; ýuwan; gowşak; / horlanmak; inçelmek; seýreklemek; *~ sheet ýuka tagta; ~ excuse gowşak bahana; to have ~ time wagtyňy ýaramaz geçirmek; that is too ~ bu gaty yrga.*

**thing** [θiŋ] zat; iş, geýim-gejim, gerek-ýarak zatlar, esbaplar; *the best ~ iň gowusy; the first ~ to do ilkinji etmeli zat; how are ~s? işler nähili? to take off one's ~s geýimiňi çykarmak.*

**think** [θiŋk] oýlanmak, pikirlenmek; pikir etmek; pikir ýöretmek; oýlap tapmak; öýtmek; niýetiň bolmak; *~ a little oýlanyň!; what do you ~ about? siz näme hakda oýlanýarsyňyz? what do you ~ about it? bu barada siziň pikiriňiz nähili? to ~ hard beýniňe zor salmak.*

**thirsty** [ˈθə:sti] teşne, suwsuz; *I am ~ men suwsaýaryn.*

**this** [ðis] bu, şu; *~ day şu gün; ~ week şu hepde; ~ day week (month, year) laýyk bir hepdeden (aýdan, ýyldan); ~ day last week öten hepdäniň şu güni; ~ morning şu gün ertir; ~ time şu gezek; ~ way bärik; ~ book şu kitap; like ~ şunuň ýaly.*

**thorough** [ˈθʌrə] doly, kämil; düýpli, esasly, jikme-jik.

**those** [ðouz] olar.

**though** [ðou] garamazdan, garaman, şeýle-de bolsa; eýsem-de bolsa; ...sa-da / ...se-de; ...anam bolsa /...enem bolsa; *as ~ göýä (diýersiň); it is worth attempting, ~ we fail eýgertmese-de, synanyşanyňa degýär.*

**thought I** [θɔ:t] oý, pikir; niýet, maksat; *to be deep in ~ çuňňur pikire batmak; to collect one's ~s pikiriňi jemlemek; (lost) in ~ pikire çümen.*

**thought II** [θɔ:t] past we p.p. < think.

**thread** [θred] sapak, ýüplük; ýüp, bag, tor; sim; hyr; / (iňňä) sapak sapmak; monjuk düzmek; sümülip geçmek; hyr kesmek; *the ~ of the story hekaýanyň özeni; to lose the ~ of näme diýip oturanyňy ýadyňdan çykarmak; to resume (to take up) the ~ (of) söhbeti dowam etdirmek.*

**threat** [θret] howp, hatar; haýbat; *a ~ of war uruş howpy; there is a ~ of rain ýagyş ýagmak gorkusy bar.*

**threaten** [ˊθretn] howp salmak; haýbat atmak, gorkuzmak; *to ~ punishment jeza bilen gorkuzmak.*

**threw** [θru:] past < throw.

**throat** [θrout] bokurdak, bogaz, damak; wulkanyň agzy; (bir zadyň) inçelýän ýeri; *to clear a ~ bokurdagyňy arçamak; full to the ~ bokurdaga çenli dok; to stick in one's ~ bokurdagyňda tegek bolmak.*

**through** [θru:] içinden, üsti bilen, arkaly; boýunça; dowamynda; çenli; sebäpli, netijesinde; parran; doly, tutuş, bütinleý; başdan-aýaga, boýdan-başa; dogry, göni; *~ the gate derwezeden; ~ this country tutuş ýurt boýunça; I am wet ~ men süllümbaý ezildim; to get ~ içinden geçmek; to look ~ gözden geçirmek; to be ~ (with) bir zady gutarmak; ~ ticket gös-göni bilet; ~ train göni gidýän otly.*

**throw** [θrou] zyňmak, oklamak, taşlamak; atdan agdarmak, ýykmak;/zyňma, zyňyş; *to ~ oneself topulmak; to ~ stones at smb. birine daş zyňmak; to ~ a glance nazar aýlamak; to ~ light on the matter meseläni aýdyňlaşdyrmak.*

**thrown** [θroun] p.p. < throw.

**thumb** [θʌm] başam barmak; *under smb.'s ~ biriniň gol (aýak) astynda.*

**thunder** [ˊθʌndə] gök gürrüldisi; güpürdi, gümmürdi, goh, galmagal.

**thus** [ðʌs] şeýle, şunuň ýaly; şonuň üçin; *~ and ~ şeýle-şeýle; ~ far häzire çenli; ~ much şunça.*

**ticket** [ˊtikit] bilet; ýarlyk, tagma; şahadatnama; *a railway ~ demirýol biledi; single ~ bir taraplaýyn bilet; return (round trip) ~ yzyňa gaýtmak üçin bilet.*

**tie** [tai] baglanyşyk; gatnaşyk; galstuk; daňy, bagjyk; / daň(yl)mak, bagla(n)mak; *~s of friendship dostluk gatnaşyklary; ~ it in a knot düwün ediň.*

**tiger** [ˊtaigə] gaplaň.

**tight** [tait] dykyz, syk; gysylan; dartylyp duran; geçirmeýän; gysby, dar, şaplaşyp duran; gysganç; / dartdyrmak; *to sit ~ bek oturmak; water ~ suw geçirmeýän.*

**till** [til] çenli, deňeç; -ça / -çe; *~ now (then) häzire (şol wagta) çenli; he did not write ~ last week öten hepdä çenli ol hat ýazanokdy; wait ~ I come men gelýänçäm, garaşyň.*

**time** [taim] wagt; möhlet; döwür, zaman; eýýam; gezek; depgin, takt; belli bir wagta degişli; wagt hasabyndan (sagatlaýyn) tölenýän; *all the ~ hemişe; at that ~ şol wagt; at ~s wagtal-wagtal; at no ~ hiç wagt; at the same ~ şol bir wagtyň özünde; before ~ has ir; for a long ~ uzak wagtlap;*

*from ~ to ~ wagtal-wagtal; in no ~ derrew, dessine; in course of ~ wagtyň geçmegi bilen; out of ~ biwagt; in a short ~ tizden; for a short ~ az wagtlyk; to make ~ wagt tapmak; it is ~ to go gider wagty boldy; ~ is up wagt gutardy; for the first ~ birinji gezek; ~ and again gaýta-gaýta; one at a ~ bir gezekde birini; next ~ indiki gezek; another ~ başga wagt; to ask the ~ sagat soramak; to be short of ~ wagtyň az bolmak; what is the ~? sagat näçe?*

**time-table** [ˊtaim͵teibl] rejenama, wagt ýazgysy.

**tin** [tin] galaýy; galaýylanan demir, ak ýuka demir; galaýy guty; konserw hokgasy; / galaýy çaýmak; konserw etmek.

**tire** [ˊtaiə] tigir demri; tigir rezini.

**tired** [ˊtaiəd] ýadaw, argyn, surnugan; iren, bez bolan; *a ~ face ýadaw sypat; to be ~ ýadaw bolmak; I am ~d men ýadadym.*

**title** [ˊtaitl] sözbaşy, at; dereje, mertebe; a ~ *holder çempion.*

**to** [tu:] ýöneliş düşüm goşulmalary we "tarap", "sary" sözleri arkaly terjime edilýär; çenli, deňeç; üçin; *~ the door gapa (tarap); ~ the left çepe; from 9 ~ 12 9-dan 12-ä çenli; two steps ~ the door gapydan iki ädimlikde; ten ~ one on minudy kem bir; it's clear ~ me bu maňa düşnükli.*

**tobacco** [təˊbækou] temmäki.

**today, to-day** [təˊdei] bu gün, şu gün, häzir, biziň günlerimizde; şu günki gün; *for ~ şu günlükçe; ~'s news şu günki habarlar.*

**toe** [tou] aýak barmagy; daraklyk, aýagyň (köwşüň) burny; *from top to ~ başdan-aýak; to be on one's ~s aýak üstünde bolmak.*

**together** [təˊgeðə] bile, bilelikde; bir-biri bilen; yzly-yzyna, üznüksiz; şol bir wagtda; *all ~ hemmämiz birlikde; to get ~ ýygnanmak, üýşmek; to join ~ birleşmek; to cooperate ~ hyzmatdaşlyk etmek; ~ with bilen birlikde.*

**told** [ˊtould] past we p.p. < tell.

**tomorrow, to-morrow** [təˊ mɔrou] ertir; ertirki gün; ertirki; *~ morning ertir irden.*

**ton** [tʌn] tonna; köplük, aglaba; *long ~, gross ~ uly tonna (1016 kg); metric ~ metrik tonna (1000 kg); short (net) ~ kiçi tonna (907,2 kg).*

**tongue** [tʌŋ]] dil; gepleýiş usuly; *his ~ failed him onuň dili tutuldy; the mother (native) ~ ene dili; he has a ready ~ onuň jogaby nagt; to find one's ~ diliň açylmak; to hold one's ~ diliňi saklamak.*

**tonight, to-night** [təˊnait] şu agşam; şu gije.

**too** [tu:] juda, has, örän, gaty; şeýle hem, şunuň ýaly-da; ~ *dark gaty garaňky; I'll come ~ menem geljek.*

**took** [tuk] past < take.

**tool** [tu:l] gural; desga; abzal; enjam; ✧ *a bad workman quarrels with his ~ oýun bilmeýän gyza ýer dar bolar.*

**tooth** [tu:θ] diş; *to pull a ~ out diş sogurmak;* ✧ *to show one's teeth dişiňi gyjap gürlemek; ~ and nail diş-dyrnak bolup; to clean one's teeth dişiňi ýuwmak.*

**tooth-paste** [´tu:θpeistj] diş mäjumy (pastasy).

**top** [tɔp] çür başy, depesi, iň ýokarsy; ýokary başy; gapak; ýokarky; iň ýokary; iň uly, baş; ~ *quality iň ýokary hil; ~ price iň ýokary baha; ~ secret aşa gizlin; ~ speed iň ýokary tizlik; from ~ to bottom ýokardan aşak; from ~ to toe başdan aýak; on ~ of everything else bularyň üstesine; the ~ shelf ýokarky tekje.*

**tore** [tɔ:] past < tear.

**torn** [tɔ:n] p.p. < tear.

**total** [toutl] jem; tutuş, doly; ähli; ählumumy; / jemini jemlemek; deň bolmak.

**touch** [tʌʧ] galtaşmak; ellemek; degmek; täsir etmek; ynjalyksyzlandyrmak, janyňa degmek; öwüşgin bermek; / galtaşma; ýanaşyklyk; gatnaşyk, baglanyşyk; timarlama; ýokundy; öwüşgin; *to ~ smb. birine degmek; to ~ upon a subject bir meselä degip geçmek; to be ~ed to tears gözüňe ýaş aýlanmak; the soft ~ ýumşaklyk bilen degme; soft to the ~ eliňe ýumşak gelme; to get in ~ gatnaşyk açmak.*

**tour** [tuə] sapar, syýahat; gezelenç; işçi çalşygy; nobat, gezek;/syýahat etmek, ýolagçy bolmak; aýlanyp görmek; *to make a ~ of the world dünýäni aýlanyp çykmak; a foreign ~ daşary ýurt syýahaty.*

**tourist** [´tuərist] turist, syýahatçy, jahankeşde; *a ~ agency syýahatçylyk edarasy.*

**towards** [tə´wɔ:dz] -a/-e; -na /-ne; tarap; üçin, niýet (maksat) bilen; *the windows look ~ the sea penjireler deňze bakyp dur; ~ morning (evening) ertire (agşama) golaý.*

**tower** [´tauə] diň; minara; daýanç, paýa; *a ~ of strength ygtybarly daýanç.*

**town** [taun] kiçi şäher; şäherçe; şäherliler; *out of ~ obada; saparda; ~ house şäher öýi; ~ water şäheriň agyz suwy.*

**toy** [tɔi] oýnawaç, oýunjak, jäjek, oýun, güýmenje; *a ~ car oýnawaç maşyn; to make a ~ of smth. bir zada güýmenmek; to play with ~ oýunjak oýnamak.*

**track** [træk] yz; aýak yzy; ýoda; demirýol; lyža ýoly, ylgaw ýoly; ýeňil atletika; / yzarlamak, aňtamak; yz galdyrmak; ýol goýmak; ugur kesgitlemek; *to keep ~ of yzarla-*

*mak; off the ~ azaşan, ýoluny urduran; to leave the ~ ýoldan çykmak.*

**trade** [treid] iş, senet, kär, hünär; söwda; / söwda etmek, satmak; peýda görmek; *the ~ of war harby hünär; (domestic) ~ içerki söwda; foreign (over-sea) ~ daşary söwda; fair ~ iki tarapa bähbitli söwda; ~(s) committee kärdeşler arkalaşygy.*

**trade union** [ˊtreidˊju:njən] kärdeşler arkalaşygy.

**traffic** [ˊtræfik] (ýol) hereketi; gatnaw; ulag; söwda; *arterial ~ esasy köçe gatnawy; heavy ~ agyr gatnaw; ~ jam ulag dykyny; a ~ rule köçe hereketleri düzgüni.*

**train** I [trein] otly; gelnalyjy; gölegçiler; kerwen; düzüm, zynjyr; guýruk; dişli hereket geçiriji; netije; *a fast ~ tiz gidýän otly; to go by ~ otly bilen gitmek; to take a ~ otla münmek; mixed ~ ýolagçy-ýük otlusy; goods ~ ýük otlusy; to lose one's ~ otla gijä galmak; to make (to catch, to nick) the ~ otla ýetişmek; in the ~ netijede; in its ~ netijesinde.*

**train** II [trein] terbiýelemek, türgenleş(dir)mek; okatmak, ata baş öwretmek, ite "dil öwretmek".

**translate** [trænsˊleit] terjime etmek; teswirlemek; amala aşyrmak; alyp eşitdirmek; *to ~ from English into Turkmen iňlis dilinden türkmen diline terjime etmek; to ~ promises into actions beren sözüňi ýerine ýetirmek.*

**transparent** [trænsˊpɛərənt] dury, aňyrsy görünýän; düşnükli; aýdyň; mese-mälim; gönümel, dogruçyl.

**trap** [træp] duzak; tor; gapan; / duzak (tor, gapan) gurmak; duzak (tor, gapan) bilen tutmak; tora (duzaga) düşürmek; / *to set a ~ duzak gurmak; to fall into a ~ duzaga düşmek.*

**travel** [ˊtrævl] ýolagçylyk (syýahat) etmek; ýöremek, ýol aşmak; ýaýramak; aýlanyp söwda etmek; / ýolagçylyk, syýahat; jahankeşdelik; *to ~ all over the country bütin ýurdy aýlanyp çykmak; I like ~ing by car men maşynly syýahat etmegi halaýaryn.*

**treat** [tri:t] daraşmak, çemeleşmek; garamak; (işläp) bejermek; teswirlemek, düşündiriş bermek; hödür etmek; *to stand ~ hödür etmek; he ~ed my words as a joke ol meniň sözlerimi oýna öwürdi; to ~ an illness kesel bejermek.*

**treatment** [ˊtri:tmənt] çemeleşme; daraşma; garama; işläp bejerme; kesel bejerme, syrkawa seretme; *a new ~ for an old illness köne keseliň täze bejergisi; to take ~s bejergi almak; manipulation ~ bejergi amallary.*

**tree** [tri:] agaç, daragt; şejere; sütün, paýa; ok; *in a ~ agaçda; the ~ of knowledge bilim daragty.*

**tremble** [ˊtrembl] titremek, sandyramak, galpyldamak, galdyramak, gagşamak; pasyrdamak, parlamak; *all in (on, of) a ~ titir-titir edip; to ~ for one's life janyňdan gorkmak; to ~ with anger gahardan titremek.*

**tribe** [traib] tire, taýpa, urug; arka, nesil; maşgala.

**trick** [trik] al, hile, mekirlik, ýeserlik, aldaw; emel; oýun, degişme; garagolluk; hokga; / aldamak, oýnamak; *by ~ aldaw bilen; to play smb. a ~ birini oýnamak; a dirty ~ haýynlyk; shabby ~s nejis oýunlar.*

**trip** [trip] syýahat; sapar, ýolagçylyk, gezelenç; büdreme; säwlik, hata, ýalňyşlyk; badak; ilgiç, gulp, kilt; agdarýan gurluş; *a business ~ iş sapary; round ~ gidip-gelme; to ~ up badak salmak.*

**tropical** [ˊtrɔpikəl] tropiki; gyzgyn, hyjuwly.

**trouble** [trʌbl] alada, birahatlyk, howsala, tolgunma; kynçylyk; betbagtçylyk, gaýgy, gam, gussa; syrkawlyk; / alada etmek, alada goýmak, birahatlanmak, birahat etmek, howsala düşmek (salmak); horlamak, ezýet bermek; *he never ~s about it ol asla munuň aladasyny edenok; may I ~ you to shut the door? gapyny ýapaýyň-da; may I ~ you for the salt? maňa duzy geçiräýiň-dä; to get into ~ bela uçramak; what's the ~? näme boldy? to take the ~ aladasyny etmek, zähmet çekmek; the heart ~ ýürek keseli.*

**trousers** [trauzəz] jalbar, balak.

**true** [tru:] dogry, çyn; hakyky; asyl, has; wepaly, berlen, sadyk; *it is ~ bu – dogry; it is not ~ bu dogry däl; to come ~ amala aşmak; a ~ friend hakyky dost.*

**trunk** [trʌŋk] göwre; uly ýol; ýol sandygy, çemodan; holtum; wentilýasiya ýoly; baş arteriýa; *to live in one's ~s göçüp-gonup ýörmek.*

**trust** [trʌst] ynam, ynanç; jogapkärçilik; umyt; karz; howandarlyk, hossarlyk; trest; / ynanmak, ygtybar etmek; bil baglamak; umyt etmek; karz bermek; *to have (to put, to repose) ~ in ynamyň bolmak; to hold in ~ ygtybarly saklamak; a man not to be ~ed ygtybarsyz adam; to ~ smb. with smth., to ~ smth. to smb. birine bir zady ynanmak.*

**truth** [tru:θ] hakykat; dogrulyk, çynlyk; takyklyk; *to tell the ~ hakykaty aýtmak; hakyna seredeniňde; the home (bitter) ~ ajy hakykat; the ~s of science ylmy hakykat.*

**try** [trai] barlamak, synamak, synagdan geçirmek, synap görmek; tejribe geçirmek; synanyşmak; çalyşmak, jan etmek; sud etmek; ýadatmak; horlamak; arassalamak; ýag eretmek; ýylmamak; *to ~ one's fortune bagtyňy synap görmek; to ~ one's best eliňden gelenini etmek; do ~ to come gaýrat edip geliň; to ~ for bir zat ugrunda çalyşmak; to ~ hard köp tagalla etmek; to ~ on geýip görmek.*

**tube** [tju:b] turba(jyk); týubik; metro, tunnel; tigriň içkisi; elektron lampa.

**tune** [tju:n] owaz, labyz, saz; heň; äheň, ses; / düzmek; laýyklaşdyrmak; ýaňlanmak; saz çalmak, aýdym aýtmak; *to sing in ~ heňine aýtmak; the piano is in (out of) ~ pianino düzük (bozuk); ✧ to be out of ~ (with) bir zada çapraz gelmek.*

**turn** [tə:n] aýlaw; öwrüm; özgeriş; nobat; hyzmat; aýlaň-çaýlaň; ukyp; hüý-häsiýet; usul, tär; / aýla(n)mak, pyrla(n)mak; öwürmek, öwrülmek; agdar(yl)mak; agynamak; togalanmak, aşyr atmak; çöwürmek; nobatlaşmak; üýtge(t)mek; bolmak, öwrülmek, dönmek; *to ~ on açmak, işletmek; to ~ off söndürmek; to ~ out kowmak, goýbermek; he ~ed out to be a doctor ol lukman bolup çykdy (eken); to ~ right saga öwürmek; to ~ left çepe öwürmek; to ~ pale ýüzüň agarmak; to ~ away from smb. birinden ýüz öwürmek; to ~ a corner burça öwrülmek; to ~ up birden peýda bolmak; in one's ~ nobatyňda.*

**twice** [twais] iki gezek; iki esse; *~ two is four iki ikiň dört bolýar; ~ as good iki esse gowy; ~ as much iki esse köp; ✧ to think ~ (before, doing smth.) ýedi ölçäp, bir kesmek.*

**twist** [twist] egrem, aýlaw, öwrüm; towlama; tow berme, işme; twist tansy; / towlamak, tow bermek, iş(il)mek, bükdür(il)mek; çyrmaşmak; sykmak; aýlamak, pyrlamak; towlamak; öwürmek; öwrülmek; gyşartmak; *to ~ off towlap açmak; to ~ up dolamak.*

**type** [taip] görnüş, topar, hil; nusga, ülňi; alamat, nyşan; maşynda ýa kompýuterde ýazmak; *~ page ýygym sahypasy; true to ~ tipik; häsiýetli; blood ~ gan topary; to ~ a word bir sözi çap etmek; ~setter harp ýygnaýjy.*

**typewriter** [ˈtaipˌraitə] hat ýazýan maşyn, çap enjamy.

**typical** [ˈtipikəl] tipik, mahsus.

**tyre** [ˈtaiə] tigiriň gurşawy; tigiriň daşy.

# U

**ugly** [ˈʌgli] bedroý, betnyşan, betgelşik, görmeksiz; ýigrenji, nejis, ýakymsyz; *an ~ look ýakymsyz nazar.*

**uncle** [ˈʌŋkl] aga, daýy.

**under** [ˈʌndə] aşak, ast; -da /-de; -a/-e, -na/-ne; laýyklykda, görä; pes, az, kem; *~ the table stoluň aşagynda; ~ the agreement ylalaşyk esasynda; ~ the condition şertde; the question is ~ consideration (discussion) mesele ara alnyp maslahatlaşylýar; the road is ~ repair ýoly bejerýärler; ~ arms ýaragly; ~ground metro.*

**understand** [ˌʌndəˈstænd] (understood) düşünmek; *I don't quite ~ you men size kän bir düşünip baramok.*

**understood** [ˌʌndəˈstu:d] past we p.p. < understand.

**undid** [ˌʌnˈdid] past < undo.

**undo** [ˈʌnˈdu:] ýok etmek; açmak, çözmek; sökmek; bozmak.

**undone** [ˈʌnˈdʌn] p.p. < undo; / edilmedik; gutarylmadyk; zaýalanan, sandan çykarylan.

**uniform** [ˈju:nifɔ:m] forma, ýörite geýim; / birmeňzeş; deň; / forma geýdirmek; *in dress ~ baýramçylyk lybasynda.*

**union** [ˈju:njən] birlik, bileleşik; birleşme; agzybirlik, jebislik; *Trade Union kärdeşler arkalaşygy.*

**unit** [ˈjunit] birlik; ölçeg birligi; bileleşik; bölüm; harby bölüm; ast bölüm.

**unite** [ju:ˈnait] birleş(di)rmek, birik(dir)mek.

**United Nations** [ju:ˈnaitidˈneiʃənz] Birleşen Milletler Guramasy.

**universe** [ˈju:nivə:s] älem, jahan, dünýä.

**university** [ˌju:niˈvə:siti] uniwersitet; *a ~ student uniwersitet talyby.*

**until** [ʌnˈtil] çenli, deňeç; *~ now häzire çenli; ~ he comes ol (gelýänçä) gelmänkä.*

**up** [ʌp] ýokary, ýokarda, ýokaryk; gala; *high ~ the air al-asmanda; (right) ~ çenli; to eat ~ iýmek; to tear ~ ýyrtmak; to be ~ oýa bolmak; what is ~ näme bolýar? to come ~ ýanyna gelmek; time is ~ wagt gutardy.*

**upper** [ˈʌpə] ýokar(da)ky; üstdäki; *the ~ lip ýokarky dodak.*

**upright** [ˈʌpˈrait] dik, göni; kert; / [ˈʌprait] direg, daýanç; sütün; / dogruçyl.

**upset** [ʌpˈset] agdar(yl)mak, düňder(il)mek; keýpini bozmak, gynandyrmak; bozmak; *the car ~ maşyn agdaryldy; to get ~ keýpiň bozulmak; to ~ smb.'s plans biriniň niýetini puja çykarmak.*

**upside-down** [ˈʌpsaidˈdaun] başaşak(lygyna); agdar-düňder, bulam-bujar.

**upstairs** [ˈʌpstɛəz] (basgançak bilen) ýokarlygyna,

ýokaryk; ýokarda, ýokarky gatda; *to go ~ basgançak bilen ýokaryk çykmak; to live ~ ýokarky gatda ýaşamak.*

**urge** [ə:ʤ] mejbur etmek, gyssamak, zor etmek, itermek; höweslendirmek; ruhlandyrmak; küşgürmek; öjükdirmek; / itergi, höweslendirme; ymtylyş.

**urgent** [ˊə:ʤənt] gyssagly, wajyp; gaty zerur, möhüm; tutanýerli, erjel.

**use** [ju:z] ulanmak, peýdalanmak; / [ju:s] ulan(yl)yş, ulanma, peýdalanma; peýda, haýyr, bähbit; *to ~ new words täze sözleri ulanmak; what ~ of it? mundan näme peýda bar? to get ~d öwrenişmek, endik etmek; he ~d to ask me a lot of questions käwagtlar ol maňa dynman sorag bererdi; we ~d to go school together biz mekdepde bile okapdyk.*

**useful** [ˊju:sful] peýdaly, ýaramly; *~ advice peýdaly maslahat; it's ~ bu – peýdaly.*

**useless** [ˊju:slis] peýdasyz; ýaramsyz; *to be ~ to smb. birine peýdaň degmezlik.*

**usual** [ˊju:ʒuəl] adaty; *as ~ hemişeki ýaly; earlier than ~ adatdakydan irräk; the ~ adaty zat.*

**usually** [ˊju:ʒuəli] adatça, endik boýunça.

# V

**valley** [ˊvæli] jülge; düzlük.

**valuable** [ˊvæljuəbl] gymmatbahaly; gymmatly; gymmat; peýdaly; *a ~ picture gymmatbahaly surat; he gave me ~ information ol maňa gymmatly maglumat berdi.*

**value** [ˊvælju:] baha, nyrh, gymmat; ähmiýet; ululyk; / baha bermek, baha (nyrh) kesmek, bahalamak; gadyryny bilmek, gymmatly tutmak; hormat goýmak; *of no ~ gymmaty ýok; surplus ~ goşmaça gymmat; exchange ~ çalyşma nyrhy; market ~ bazar bahasy.*

**variety** [vəˊraiəti] üýtgeşiklik, dürli-dürlülik; köptaraplylyk; birnäçe, ençeme, birgiden; görnüş, hil; başga görnüş, üýtgeşik görnüş; *I was struck by the ~ of his attainments men onuň hemme taraplaýyn zehinine haýran galdym; for a ~ of reasons birgiden sebäbe görä.*

**various** [ˊvɛəriəs] üýtgeşik, (her) dürli; *there are ~ reasons for believing so şeýle pikir etmäge birgiden sebäp bar.*

**vary** [ˊvɛəri] üýtge(t)mek, özger(t)mek; tapawut etmek; çapraz gelmek; dürli-dürli etmek; *to ~ directly (inversely) dogry*

*(ters) gatnaşykda üýtgemek; opinions ~ on this point bu meselede pikirler çapraz gelýär.*

**vegetable** [ˊvedʒitəbl] gök önüm, gök ekin, gök;/ösümlik; gökli; *green ~s gök önümler; ~ oil ösümlik ýagy; ~ life höwessiz durmuş; to cook ~s gök önüm bişirmek; ~ dish gökli nahar; a ~ meal gök önümli iýmit.*

**vehicle** [ˊvi:ikl] ulag, awtomobil, araba.

**verb** [və:b] işlik.

**very** [ˊveri] örän, gaty, iňňän; hakyky, çyn; tüýs; *~ good örän gowy; ~ much örän, iňňän; ~ much interested gaty gyzyklanýan; I like it ~ much men ony gaty gowy görýärin; ~ well örän gowy; the ~ same hut şol; the ~ truth tüýs hakykat; this ~ day hut şu gün; the ~ man I want tüýs maňa gerek adam.*

**victory** [ˊviktəri] ýeňiş; *to gain (to win) a ~ ýeňiş gazanmak.*

**view** [vju:] görnüş; gözýetim; pikir, garaýyş; syn; / gözden geçirmek; synlamak; *in ~ of gözýetimde; to have (to keep) in ~ gözden sypdyrmazlyk; in my ~ meniň pikirimçe; with the ~ of, with a ~ to niýet (maksat) bilen; on ~ tomaşa goýlan; point of ~ nukdaýnazar.*

**village** [ˊvilidʒ] oba; oba ilaty, obalylar.

**violence** [ˊvaiələns] zorluk, sütem; güýç, kuwwat, gahar-gazap; okgunlylyk, çakganlyk; *to do ~ to zorluk etmek.*

**violent** [ˊvaiələnt] zorlukly, zorluk bilen; güýçli, joşgunly, gazaply, aýylganç, elhenç; hyjuwly, göçgünli; ýoýlan, nädogry; *~ efforts gaýduwsyz tagallalar; ~ pain elhenç agyry; ~ heat aýylganç yssy; ~ yellow parlak sary; ~ contrast güýçli gapma-garşylyk; ~ speech joşgunly sözlenen söz.*

**visit** [ˊvizit] sapar; görme-görüş; myhmançylyk; / görmäge barmak; sapara gitmek; myhman barmak; *a business ~ iş sapary; to be on a ~ saparda bolmak; to pay (to make) a ~ to smb. birini görmäge barmak; to ~ with smb. biriniň myhmany bolmak.*

**voice** [vɔis] ses; pikir; dereje; *in a loud ~ gaty ses bilen; to raise one's ~ sesiňi gataltmak; with one ~ biragyzdan.*

**vote** [vout] ses; ses berme; sese goýma; wotum; karar; / ses bermek; karar etmek; *to cast a ~ ses bermek; to put to the ~ sese goýmak; to count the ~s sesleri sanamak.*

**vowel** [ˊvauəl] çekimli ses.

**voyage** [ˊvɔidʒ] deňiz syýahaty; uçup geçme;/gämili syýahat etmek; uçarly gitmek; *to go on a ~ (gämili) syýahata ugramak; to make a ~ (gämili) syýahat etmek.*

# W

**wage I** [weiʤ] aýlyk haky; jeza, hak, almyt; *living ~ ölmez-ödi ýaşamaga ýetjek aýlyk haky; ~ scale aýlyk ha-ky pellesi; ~ labour hakyna tutma zähmet; a rise in the ~s aýlyk hakynyň köpelmegi, his ~s are high onuň aýlygy köp.*

**wage II** [weiʤ] uruş alyp barmak; göreşmek; *to ~ struggle against smb. birine garşy göreş alyp barmak.*

**waist** [weist] bil.

**waistcoat** [ˊweiskout] ýeňsiz gursakça.

**wait** [weit] garaşma(k); nahar getirmek; hyzmat etmek; hemra bolmak; / buky, intizarlyk; *~ a moment bir dem garaşyň; to ~ for a long time köp garaşmak; to ~ for smb. birine garaşmak.*

**waiter** [ˊweitə] ofisiant; garaşýan.

**wake** [weik] oýanmak; oýarmak; şöwür çekmek; özüňe gelmek; *to ~ the memories of the past öten hatyralary oýarmak; to ~ up smb. birini oýarmak; to ~ up early in the morning ir turmak.*

**walk** [wɔ:k] ýöremek; pyýadalamak; aýlanyp çykmak; gezdirmek, ýöretmek; gezim (gezelenç) etdirmek; / ýöreýiş; ädim; gezim, gezelenç; aralyk; *a mile's ~ from -dan/-den bir mil uzaklykda; to go for a ~ gezmelemek; to take a ~ gezim etmek; to go ~s with children çagalary gezmäge alyp çykmak; to ~ all the way ýoly pyýada geçmek; ten minutes ~ pyýada on minutlyk ýol; can the baby ~ ýet? çaga ýöräp bilýärmi?*

**wall** [wɔ:l] diwar, haýat; päsgelçilik, böwet; berkitme; *behind the ~ diwaryň arkasynda.*

**wander** [ˊwɔndə] aýlanyp ýörmek; entemek, selpemek; ykmak; agyp-dönmek; azaşmak; ýoluňy urdurmak; *to ~ out of one's way ýoldan çykmak, azaşmak; to ~ from the point gürrüňiň özeninden daşlaşmak.*

**want** [wɔnt] islemek; mätäç bolmak; gyt bolmak; / ýetmez(çilik), gytlyk; zerurlyk, mätäçlik; talap, isleg; höwes; *the book ~s two pages at the end kitabyň ahyrynda iki sahypa ýetenok; the house ~s repair öý bejergä mätäç; you ~ to see a doctor siz lukmana görünmeli; for ~ of smth. bir zat ýetmezçiligi zerarly; to be in ~ of smth. bir zada mätäç bolmak.*

**war** [wɔ:] uruş; harby; *civil ~ raýatlyk urşy; cold ~ sowuk uruş; ideological ~ ideologiýa urşy; in the ~ uruş ýyl-*

*lary; at ~ uruş ýagdaýynda; to declare ~ on smb. birine uruş yglan etmek; council of ~ harby geňeş; the Great W., World W. I Birinji Jahan Urşy; World W. II Ikinji Jahan Urşy.*

**warm** [wɔ:m] maýyl; ýyly; yssy; gyzgyn, ýürekden; gany gyzgyn; hyjuwly; / gyz(dyr)-mak, ýylanmak, ýylatmak; höweslenmek, ruhlanmak; *I am ~ men üşämok; to keep the water ~ suwy ýyly saklamak; to get ~ ýylanmak, gyzmak.*

**warmth** [wɔ:mθ] ýyly(lyk); ýürekdeşlik; gyzgynlyk; gaharjaňlyk ; *the ~ of the fire oduň ýylysy.*

**warn** [wɔ:n] duýdurmak, dyýduryş bermek; habardar etmek.

**warning** [ˊwɔ:niŋ] duýduryş; habardarlyk; alamat, nyşana; *to give a ~ duýduryş bermek; it must be a ~ to you goý, bu siziň üçin duýduryş bolsun.*

**wash** [wɔʃ] ýuw(un)mak; ýuwup aýyrmak;/ýuwuş; kir ýuwma; ýuwundy; *to have a ~ ýuwunmak; to give a ~ ýuwundyrmak; to ~ smb. birini ýuwundyrmak; to ~ one's hands el ýuwmak;* ✧ *to ~ one's dirty linen at home aýbyňy ýaşyrmak; to ~ one's dirty linen in public öz aýbyňy özüň açmak;*

**waste** [weist] sowurmak, bisarpa tutmak; zaýalamak, ysgynyny almak; tozdurmak; guramak, solmak; gutarmak; / ýitgi; zyýan, isrip; taşlandy, galyndy; *~ effort biderek tagallalar; ~ products galyndylar; ~ paper taşlandy kagyzlar; ~ steam ulanylan bug; to ~ words sözüňi zaýalamak; ~ of time wagt ýitirme.*

**watch I** [wɔʧ] synlamak; yzarlamak, gözegçilik etmek; garawullamak; goramak, saklamak; garaşmak; / garawul, sakçy; gorag; *to ~ for garaşyp durmak; to ~ TV telewizora seretmek; night ~ gijeki garawul; to ~ one's step basjak ýeriňi bilmek.*

**watch II** [wɔʧ] goşar sagady; *by my ~ meniň sagadymda; my ~ is ten minutes slow and his ~ is right meniň sagadym on minut yza galýar, onuň sagady dogry işleýär.*

**water** [ˊwɔ:tə] suw; nem, yzgar; der; peşew; howdan; / öllemek; suwarmak, suwlamak; suwa ýakmak; suw dolmak; suw goşmak; ýuwmarlamak; ýaşarmak; derlemek; *cold ~ sowuk suw; hot ~ gyzgyn suw; to make ~ peşew etmek; bitter / brachish ~ ajy suw; fresh ~ süýji suw; heavy ~ agyr suw; running ~ akar suw; to turn off the ~ suwy ýapmak; there is little ~ left suw az galypdyr.*

**wave** [weiv] tolkun; yrgyldy; salgama, galgatma, el ýşa-

raty; buýra; / galgamak, pasyrdamak; ygşyldamak; hallan atmak; buýralanmak; salgamak, galgatmak; el bulamak; *a ~ of enthusiasm galkynyş tolkuny; ~ mechanics tolkun mehanikasy; to ~ in farewell, to ~ farewell el salgap hoşlaşmak.*

**way** [wei] ýol; ugur; aralyk, uzaklyk; usul, tär; *half the ~ ýoluň ýarsy; to ask the ~ ýol soramak; to give the ~ ýol bermek; to take one's ~ ýola düşmek; to lead the ~ öňe düşmek; to lose one's ~ azaşmak; on the ~ ýolda; to stand (be) in the ~ biriniň ýolunda durmak, päsgel bermek; by the ~ ýogsa-da; make ~ for smb., smth birine (bir zada) ýol bermek; to make one's ~ ýol arçamak; the only ~ ýeke-täk ýoly; the best ~ iň gowy ýoly; the other ~ başgaça; to find a ~ out çykalga tapmak.*

**weak** [wi:k] gowşak; ysgynsyz, gowuşgynsyz; ejiz; *a ~ heart ejiz ýürek; ~ point, ~ spot gowşak tarap; ~ refusal gowşak garşylyk.*

**wealth** [welθ] baýlyk; bolluk; *the ~ baýlar, barlylar.*

**weapon** [ˊwepən] ýarag; serişde; *~ of mass destruction köpçülikleýin gyryş serişdesi.*

**wear** [wεə] geýmek; dakmak; geýdirmek; / geýim; könelme; *to ~ glasses äýnek dakmak; to ~ out geýip ýyrtmak; to ~ well uzak geýdirmek; men's ~ erkek geýimi; working ~ iş geýimi.*

**weather** [ˊweðə] *howa; bad ~ ýaramaz howa; good ~ gowy howa; ~ conditions howa şertleri; ~ report howa maglumaty; what a fine ~ today bu gün howa nähili ajaýyp!; in the ~ açyk howada; to keep one's ~ eye open hüşgär bolmak; ~ permittig howa gowy bolsa.*

**weave** [wi:v] dokamak; örmek; toslamak; sepleş(dir)mek; hallan atmak.

**wedding** [ˊwediŋ] toý; *the ~ ring nika ýüzügi; the ~ day toý güni.*

**week** [wi:k] hepde; *in a ~ bir hepdeden; he came back Saturday ~ altynjy gün onuň gelenine bir hepde bolýar (boldy); ~end hepdäniň ahyry; this ~ şu hepdede; a ~ ago bir hepde mundan öň; twice a ~ hepdede iki gezek; what day of the ~ is it today? şu gün näçenji gün?*

**weekly** [ˊwi:kli] hepdede bir, her hepde; hepdelik; hepdelik gazet.

**weigh** [wei] çekmek, agramyny ölçemek; saldarlamak, ölçermek; agramyň bolmak; abraýyň bolmak; *to ~ the advantages and disadvantages ähli peýdaňy-zyýanyňy ölçermek; to ~ ones words aýdýan sözüňi saldarlap görmek; how much do you ~? agramyňyz näçe?; to ~ down agyr gelmek;* ***ezýet*** *bermek.*

**weight** [weit] agram; agyrlyk, ýük; abraý; güýç; terezi daşy, çeküw daşy; goterme daşy; *to put on ~ semremek; men of ~ abraýly adamlar; an argument of great ~ saldamly delil; ~ lifting daş göterme; Weights and Measures Department ölçeg we agyrlyk edarasy; what is your ~ agramyňyz näçe?*

**welcome** [ˊwelkəm] "hoş geldiň!" diýmek, salam bermek; gyzgyn garşy almak; / gyzgyn garşylama; / islegli, ýakymly, hoş; *you are ~! hoş geldiňiz!; to give a warm ~ gyzgyn garşy almak; (you are) ~ "thank you!" sözüne jogap; to make smb. ~ birini gyzgyn garşy almak.*

**well I** [wel] gowy, sagat; akylly-başly; paýhasly; doly; bütünleý, tutuş; örän, has; *I am ~ janym sag; very ~ örän gowy; ~ done! gaty gowy; to behave ~ özüňi gowy alyp barmak; as ~ üstesine; şonuň ýaly-da; as ~ as şeýle hem; ✧ ~ begun is half done ýagşy niýet ýarym döwlet; ~, what next? hawa, onsoň näme?*

**well II** [wel] çeşme, gözbaş; guýy,

**went** [went] past < go.

**west** [west] günbatar; günbatara; *~ country ýurduň günbatar bölegi.*

**western** [westən] günbatar, günbatara degişli; günbatarly.

**wet** [wet] öl, yzgarly, nemli; ýagynly, çygly; suwuk; / öllemek, çyglandyrmak, nemlendirmek; *~ to the skin* (*through*), *süllümbaý ezilen; to talk ~ biderek samahyllamak; to get ~ ezilmek.*

**what** [wɔt] näme?, nähili?, näçe?; *~ is it? bu näme?; ~ is he? ol näme bolup işleýär; ~ about ...? ... näme?; what's his name? onuň ady näme?; ~ for? näme üçin?; ~ if...? ...sa /...se näme?; ~ next? soň näme; ~ of it? bolanda näme?; he gave her ~ he had ol barja zadyny gyza berdi; I know ~ to do men näme etmelidigini bilýärin; ~ an interesting book it is! nähili gyzykly kitap!; ~ a pity it is! nähili gynançly!; ~ time is it? ~ is the time? sagat näçe?; ~ is the matter? näme bolýar?*

**whatever** [wɔtˊevə] her näme; islendik zat; *I am right ~ you think sen her näme pikir etseň-de, meniňki dogry; is there any hope ~? heý, umyt barmy?; ~ happens her näme bolsa-da.*

**wheat** [wi:t] bugdaý; *winter ~ güýzlük bugdaý; summer ~ ýazlyk bugdaý.*

**wheel** [wi:l] tigir, çarh; welosiped; / tigirlemek, sürmek; welosiped sürmek; *the ~s of state döwlet çarhy; to go on ~s gülala-güllük bolmak; to put a spoke into smb.'s ~s biriniň öňünde böwet bolmak.*

**when** [wen] haçan?; haçan-da; ... wagty; ...ka/...kä; *come ~ you like islän wagtyňyz geliň; during the time ~ you were away siz ýokkaňyz; I don't know ~ she will come onuň haçan geljegini bilemok; ~ speaking gürläp durka; till ~ can you stay? haçana çenli galyp bilýärsiňiz?*

**whenever** [wen′evə] haçan?; / her sapar ...da /...de; haçan ...sa / ...se; *come ~ you can haçan gelip bilseňiz, geliň; ~ will you learn? sen haçan ýat tutjak? I am at home ~ he arrives haçan gelse-de, men – öýde.*

**where** [wɛə] nire, nirä, nirede, nireden?;/ol ýere; ... ýerine; / wakanyň bolup geçen ýeri; *the place ~ we lived biziň ýaşan ýerimiz; ~ from? nireden?; ~ do you come from? siz nireli?; ~ to nirä?; ~ did you put my bag? meniň sumkamy nirede goýduň?*

**whether** [′weðə] -my?/-mi?; / ikiden biri; *I don't know ~ he is here men onuň şu ýerdedigini, däldigini bilemok; ask him ~ he will come ondan geljegini-gelmejegini soraň.*

**which** [witʃ] haýsy? haýsy biri?; *~ of these books bu kitaplaryň haýsy biri? ~ of you? haýsy biriňiz? ~ of us haýsy birimiz? ~ of them? haýsy biri? ~ way? haýsy tarapa?; the book ~ you gave me siziň maňa beren kitabyňyz.*

**whichever** [witʃ′evə] islendik, haýsam bolsa; *take the book ~ you like halan kitabyňyzy alyň.*

**while** [wail] wagt, pursat, wagt aralygy;/-ka/-kä, -ça/-çe; ... garamazdan, ...sa/...se; *after a ~ biraz wagtdan; a long ~ uzak wagtlap; a short ~ derrew; for a ~ wagtlaýynça; in a ~ tizden; once in a ~ wagtal-wagtal; do it ~ I am away muny men ýokkam et.*

**whip** [wip] gamçy, çygar çybyk; / gamçylamak, saýgylamak; gyssamak; ýazgarmak; (gaýmagy) bulap köpürjikletmek.

**whisper** [′wispə] çawuş, pyşyrdy; myş-myş, gybat; şygyrdy, ygşyldy, çygşyldy; / pyşyrdap gürleşmek, çawuş çakmak; ýuwaşlyk bilen duýdurmak; şygyrdamak, ygşyldamak, çybşyldamak; *to speak in a ~ pyşyrdap gürlemek; to give the ~ duýdurmak; it is ~ed gep-gürrüň bar.*

**whistle** [′wisl] sykylyk; jürrüldi; jürlewük; / sygyrmak, sykylyk atmak; jürletmek; sykylyklap, saz çalmak.

**white** [wait] ak; reňksiz, soluk, öçük; çal, kümüşreňk; dury; arassa, päk, tämiz; aklyk; *to turn ~ reňkiň öçmek; ~ lie mukaddes ýalan; ~ man arassa adam; ~ light gündizlik ýagtysy; ~ night ukusyz gije.*

**who** [hu:] kim? *(ýöneliş we ýeňiş düşümde **whom**); ~ is there? kim bar?; whom did you see? kimi gördüňiz?; the man who came here şu ýere gelen adam; to know ~ is ~ kimiň-kimdigini bilmek;* ✧ *~ breaks pays eli bilen eden egni bilen çeker.*

**whoever** [hu:´evə] *(ýöneliş we ýeňiş düşümde whomever)* kimdir biri, kimem bolsa, biri; haýsam bolsa, biri.

**whole** [houl] ähli, bütin, tutuş; sag-salamat; *on (upon) the ~ umuman; a ~ hour tutuş bir sagat; the ~ world bütin dünýä; ~ number bütin san; three ~ days tutuş üç günläp; with one's ~ heart bütin durkuň bilen.*

**whose** [hu:z] kimiň?

**why** [wai] näme üçin? nä sebäpden?; / sebäp, delil; *~ so? näme üçin (beýle)? I don't know ~ they are late men olaryň näme üçin gijä galýandygyny bilemok.*

**wicked** [´wikid] gaharly, hyrsyz, yzgytsyz; bet, pis, ýaramaz, ahlaksyz, bozuk, azgyn; ýigrenji, nejis; *a ~ look ýakymsyz nazar; the ~s näletkerdeler; the ~ one şeýtan.*

**wide** [waid] giň; inli; ümmülmez; giňişleýin; *two metres ~ ini iki metr; the ~ world bütin dünýä; ~ knowledge giňişleýin bilim; ~ open giňden açyk.*

**widespread** [´waidspred] giňden ýaýran.

**width** [widθ] giň, giňlik; gerim.

**wife** [waif] aýal; *to take to ~ öýlenmek; old wives' tales heleý gürrüňleri.*

**wild** [waild] ýabany; ürkek, tez; tarp; joşgunly, göç-günli; harasatly; aýylganç, elhenç; gazaply; *~ beast ýabany haýwan; it drives me ~ bu meni däli edýär; ~ with joy şat-lykdan özüni bilmeýän; ~ guesses esassyz pikirler.*

**will I** [wil] erk, yrada; erkiň güýji, erjellik; isleg, arzuw; wesýetnama; / erjellik etmek, tutanýerlilik görkezmek; wesýet etmek; *the ~ to live ýaşaýşa bolan höwes; against one's ~ öz islegiňe garşy; at ~ islege görä; with a ~ höwes bilen; to ~ oneself to fall asleep özüňi uklamaga mejbur etmek.*

**will II** [wil] geljek zamany ýasaýan kömekçi işlik: *he ~ come at two o'clock ol sagat ikide geler;* (kähalatda terjime edilmeýär): *boys ~ be boys oglan oglan bolýar;* (niýet, aýgytlylyk, wada, çaklama, haýyş aňladýan modal işlik): *I ~ let you know men hökman habar bererin: You ~ be mr. Brown? Siz mr. Braun bolmaly? ~ you close the door, please gapyny ýapsaňyzla! shut the window, ~ you? gaýrat edip, penjiräni ýapyň! won't you sit down otursaňyzla!*

**willing** [ˈwiliŋ] meýilli, meýletin; yhlasly; häzir, taýyn; höwesli, islegli; *to be ~ to do smth. bir zady etmäge meýilli bolmak.*

**win** [win] **(won)** utmak, ýeňmek, üstünlik gazanmak, ýeňiş gazanmak; ýetmek; gazanmak; / utuş; ýeňiş; *to ~ consent razylyk almak; to ~ one's way ýol gazanmak; to ~ respect hormat gazanmak.*

**wind** I [wind] ýel; şemal; howa akymy; ys, ruh; / ýelejiretmek; ýele guratmak; *a cutting ~ kesip barýan ýel; the ~ blows warm maýyl şemal öwüsýär; fair (contrary, head, adverse) ~ ugurdaş (garşylykly) ýel.*

**wind** II [waind] aýlaw, öwrüm; sargy; egrem; / **(wound)** aýlamak; egrelmek; sara(l)mak; çyrmaşmak; towla(n)mak; tow bermek; *she wound her arms round the child ol çagany gujagyna dolady; to ~ a watch sagada tow bermek.*

**window** [ˈwindou] penjire; *at the ~ penjiräniň öňünde; to look out of the ~ penjireden seretmek.*

**wine** [wain] çakyr; *~ and dine hödür-kerem.*

**wing** [wiŋ] ganat; / ganat ýaýmak, uçmak.

**winter** [ˈwintə] gyş; gyşky; güýzlük; / gyşlamak; gyşdan çykmak; gyşlatmak, gyşdan çykarmak; *a hard ~ agyr gyş; in ~ gyşda.*

**wire** [ˈwaiə] sim; telegraf; telegramma; / sim bilen daňmak; sim çekmek; telegramma ibermek; *I'll reply by ~ men telegramma arkaly jogap bererin; send me a ~ maňa telegramma iberiň; ~ hanger sim asgyç.*

**wireless** [ˈwaiəlis] simsiz; radio;/radiogramma ibermek; *a ~ phone simsiz telefon; by ~ radioda.*

**wisdom** [ˈwizdəm] pähim, parasat, paýhas, akyl, danalyk.

**wise** [waiz] akylly, pähimli, paýhasly; parasatly, dana; belet, bilýän; *~ after the event akyly soňundan gelýär; in no ~ asla.*

**wish** [wiʃ] isleg; islegli, islenýän zat; / islemek; isleg bildirmek, islegiň bolmak; *I ~ you happiness size bagt arzuw edýärin; to ~ smb. happy New Year birini täze ýyly bilen gutlamak; if you ~ isleseňiz.*

**with** [wið] bilen, bile; -ly/-li; -dan/-den, sebäpli; garamazdan, -sa-da, / -se-de; *he came ~ his brother ol dogany bilen geldi; to write ~ a pen ruçka bilen ýazmak; a book ~ pictures suratly kitap; ~ smb. biri bilen; ~ pleasure höwes bilen; ~ care emaý bilen.*

**within** [wiˈðin] içinde, çäginde; dowamynda; -da/-de; *~ a month (year) bir aýyň (ýylyň) dowamynda; to keep ~ the law kanundan çykmazlyk; the door opens from ~ gapy içinden açylýar.*

**without** [wi'ðaut] -syz/-siz, -suz/-süz; -mazdan/-mezden, -man/-män; daşardan; / daş tarap; ~ *friends dostsuz; to do ~ smth. bir zatsyz oňmak; things ~ us bize bagly bolmadyk zatlar; ~ taking leave hoşlaşman; ~ saying gürrüňsiz; ~ saying anything hiç zat diýmän.*

**witness** ['witnis] şaýat; gözi bilen gören; subutnama, delil; şaýat bolmak, şaýatlyk etmek; görmek; görkezme bermek; tassyklamak; delil (subutnama) bolmak; *in ~ of smth. bir zadyň subutnamasy hökmünde.*

**woke** [wouk] past < wake.

**woken** ['woukən] p.p. < wake.

**woman** ['wumən] aýal; aýal halky; *women's rigths aýallaryň deňhukuklylygy;* ✧ *to play the ~ heleýlemek; ~ suffrage aýallaryň saýlamak hukugy.*

**won** ['wʌn] past we p.p. < win.

**wonder** ['wʌndə] geň (del, täsin, üýtgeşik) zat; / geň galmak; höwes bildirmek, gyzyklanmak, bilmek islemek; *(it is) no ~ (that) ... geň däl; what ~? geň galar ýaly näme bar?; to work ~s täsinlikler döretmek; why didn't he come I ~ ol näme üçin gelmedikä?*

**wood** [wud] tokaý, daragtlyk; tagta, agaç; odun; *made of ~ agaçdan ýasalan.*

**wooden** ['wudn] agaç(dan); tagta(dan); a ~ *head saňsar kelle; ~ horse ejir berme desgasy; ~ spoon ýaryşda iň soňky ýer; ~ ware agaç önümleri.*

**wool** [wul] ýüň; ýüň ýüplük; *ball of ~ ýüň ýüplük ýumagy;* ✧ *dyed in the ~ ýüplügi boýalan; made of ~ ýüňden edilen.*

**woolen** ['wuln] ýüň, ýüňden.

**word** [wə:d] söz; gep, gürrüň; käýinç; wada; *to say in few ~s gysgaça aýtmak; to tell in one's own ~s öz sözleriň bilen aýtmak; in a ~ mahlasy; ~ for ~ sözme-söz; to keep one's ~ sözüňde tapylmak; upon my ~ gara çynym.*

**wore** [wɔ:] past < wear.

**work** [wə:k] iş; zähmet; kär; eser; / işlemek, zähmet çekmek, hereket etmek; işletmek; *at ~ işde; in ~ işli; out of ~ işsiz; to get to ~ işe başlamak; dirty ~ haýynlyk; a ~ of art sungat eseri; good ~s sogap işler; to ~ out işläp düzmek; complete ~s ýygyndylaryň doly toplumy; a ~ing day iş güni.*

**world** [wə:ld] dünýä, älem, jahan; jemgyýet; *to bring into the ~ dünýä indermek; to come into the ~ dünýä inmek; the whole ~ bütin dünýä; all over the ~ bütin dünýäde.*

**worm** [wə:m] gurçuk; ýigrenji (nejis, pis) adam; *a poor ~ like him onuň ýaly pis mahluk; the ~ of conscience wyždan azaby.*

**worn** [wɔ:n] p.p. < wear.

**worry** [ˈwʌri] alada (ünji) etmek; birahatlandyrmak; azar bermek; / alada, gaýgy, ünji; *don't let that ~ you bu sizi birahat etmesin; don't ~ alada etmäň.*

**worse** [wə:s] ýamanrak, beter; ...dan/...den ýaman; *he is ~ today bu gün onuň ýagdaýy beterräk; to go from bad to ~ gitdigiçe beterlemek; to have the ~ beterine uçramak; ~ cannot happen mundan beteri ýokdur.*

**worship** [ˈwə:ʃip] sejde etme(k), tagzym etme(k); ybadat etme(k); uýmak; çakdanaşa söýmek; *place of ~ ybadathana; a man of great ~ çuňňur hormatlanýan adam; to win ~ şöhrat gazanmak.*

**worst** [wə:st] iň ýaman, iň beter; *at (the) ~ iň erbet ýagdaýda; ✧ if the ~ comes to the ~ beterinden beteri başa gelende.*

**worth** [wə:θ] baha, gymmat; mertebe; baýlyk; *to be ~ bahasy bolmak, degmek; what is it ~? munuň bahasy näçe?; it is ~ attention muňa üns bereniňe degýär; this play is ~ seeing bu oýny göreniňe degýär; it is not ~ taking the trouble alada edeniňe degenok.*

**worthy** [ˈwə:ði] mynasyp, laýyk; *~ of praise, ~ to be praised öwgä mynasyp.*

**would** [wud] : *he told us he ~ come at two ol bize ikide geljegini aýtdy; it ~ be better gowy bolardy; he ~ stand for hours watching the machine work ol sagatlap maşynynyň işleýşini synlap durardy; I warned you, but you ~ do it men size duýdurypdym, emma siz hötjetlik etdiňiz; I ~ like islärdim; ~ you help me, please maňa kömek etseňizle.*

**wound** [wu:nd] ýara; şikes, zeper;/ýaralamak; ynjytmak.

**wrap** [ræp] dolamak, oramak, çolamak, düýrlemek; gurşamak, gallamak; *affair is ~ed in mystery bu iş syrly dolaga dolanan ýaly; ~ paper round it daşyna kagyz oraýyň; to ~ over üstüni örtmek; to ~ up bürenmek.*

**wreck** [rek] çakyşma; heläkçilik; gark bolma; heläkçilige uçran gäminiň galyndysy; harabaçylyk;/çakyş(dyr)mak, agdar(yl)mak; gark bolmak (etmek), batyrmak; syn(dyr)mak; bozmak; weýran etmek; *~er talaňçy; ~ mark gäminiň batan ýerini aňladýan alamat.*

**wrist** [rist] goşar, bilek; *~let bilezik, sagat bagy; ~ watch goşar sagady.*

**write** [rait] ýazmak; *to ~ a good hand owadan ýazmak; to ~ large (small, plain) uly (ownuk, düşnükli) ýazmak; to ~ an article makala ýazmak; to ~ down ýazyp bellemek; to ~ off hasapdan çykarmak; (bergini) geçmek; to ~ out göçürmek.*

**writer** [ˊraitə] ýazyjy; mürze; *the present ~ şu setirleri ýazýan.*

**written** [ˊritn] p.p. < write.

**wrong** [rɔŋ] ýalňyş, nädogry; ýaramaz; adalatsyz; çöwre; gurat däl;/nädogrulyk, säwlik, hata; ýamanlyk; adalatsyzlyk; / zelel ýetirmek; ýamanlyk etmek; adalatsyzlyk etmek; *the ~ side çöwre ýüzi; you are ~ siz ýalňyşýarsyňyz; my watch is ~ meniň sagadym ýalňyş işleýär; it is the ~ man bu ol diýilýän adam däl; at the ~ time biwagt; to do ~ säwlik etmek; to be ~ ýalňyşmak; what's ~ with it? munuň nämesi bolanok; something is ~ with the motor motora bir zad-a bolýar.*

**wrongdoing** [rɔŋduiŋ] bet iş.

**wrote** [rout] past < write.

# X

**Xerox** [zerəks] kseroks.

**X-mas** [ˊkrismas] Kristmas, Isa pygamberiň doglan güni.

**X-ray** [ˊeksˊrei] rentgen şöhleleri; rentgen; / rentgen şöhlesine tutmak; *~ therapy rentgen şöhleleri bilen bejermek; ~ picture rentgen suraty.*

# Y

**yard I** [jɑ:d] howly; / *a school ~ mekdep howlusy; stock ~ mal howlusy.*

**yard I** [jɑ:d] ýard (914,4 mm); *by the ~ ýard ölçegi.*

**year** [jə:] ýyl; ýaş; *this ~ şu ýyl; ~ by ~ her ýyl; from ~ to ~, ~ after ~ ýyl geldigiçe; ~ in ~ out ýyl-ýyldan; arly ýyl; three ~s later üç ýyldan soň; once a ~ ýylda bir gezek; I am twenty ~s old men ýigrimi ýaşymda; Happy New Year! Täze ýylyňyz gutly bolsun!; ~s (and ~s) ago bir wagtlar; in ~s ýaşuly.*

**yearly** [jə:li] ýyllyk; her ýyl, ýylda; ýylda bir gezek.

**yellow** [ˊjelou] sary; görip, gysganç, şübheli.

**yes** [jes] hawa.

**yesterday** [ˊjestədi] düýn; *~ morning düýn ertir; the day before ~ öňňün.*

**yet** [jet] heniz, entek; şu wagta çenli; eýýäm; has-da; onda-da*;* emma; ...sa-da /...se-

-de; ... garamazdan; *not ready ~ heniz taýýar däl; is he in ~? ol eýýäm geldimi?; ~ he went the-re ol onda-da ol ýere gitdi; though strange ~ true geňem bolsa, hakykat; ~ more mundan-da köp; need you go ~? siz eýýäm gitmelimi?; as ~ şu wagta çenli.*

**young** [jʌŋ] ýaş; täze; tejribesiz; kiçi; *the ~s ýaşlar; çagalar; a ~ man ýaş ýigit; ~ people ýaşlar; ~ blood ýaş nesil; ~ and old ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşara.*

**yourself** [jɔ:ˊself] degişli düşümlerde üýtgeýän ikinji ýöňkeme üçin "**öz**" sözi; *have you hurt ~? (öz) bir ýeriňizi agyrtdyňyzmy?; how's ~ ? öz ýagdaýlaryňyz nähili?; you told me so ~ siziň özüňiz maňa şeýle diýdiňiz; you are not quite ~ today şu gün size bir zad-a bolýar.*

**youth** [ju:θ] ýaşlyk, juwanlyk, ýigitlik; ýaşlar; juwanlar; ýetginjek, ýigdekçe; *the fountain of ~ ýaşlyk çeşmesi.*

# Z

**zero** [ˊziərou] nol; hiç zat; *above ~ noldan ýokary (maýyl); below ~ noldan aşak (sowuk).*

**zinc** [ziŋk] sink; sinkden; / sinklemek; *white ~ sink reňki.*

**zipper** [ˊzipə] syrma.

**zone** [zoun] zolak, guşaklyk; etrap; / guşaklamak, gurşamak; guşaklyklara bölmek; *frigid ~ polýar guşaklyklar; temperate ~s aram guşaklyklar; ~ time ýerli wagt.*

**zoo** [zu:] haýwanat bagy.

## At çalyşmalary

**I** [ai] men;
**you** [ju:] sen, siz;
**he** [hi:] ol *(erkek adam üçin)*;
**she** [ʃi:] ol *(aýal maşgala üçin);*
**it** [it] ol *(jansyz zatlar we haýwanlar üçin)*;
**we** [wi:] biz;
**they** [ðei] olar.

## At çalyşmalary ýeňiş we ýöneliş düşümde

**me** [mi:] meni, maňa;
**you** [ju:] seni, saňa/sizi, size;
**him** [him] ony, oňa *(erkek adam üçin)*;
**her** [hə:] ony, oňa *(aýal maşgala üçin)*;
**it** [it] ony, oňa *(jansyz zatlar we haýwanlar üçin)*;
**us** [ʌs] bizi, bize;
**them** [ðem] olary, olara.

## Degişlilik çalyşmalarynyň doly däl görnüşleri (At çalyşmalary eýelik düşümde)

**my** [mai] meniň; öz;
**your** [jɔ:] seniň, siziň; öz;
**his** [hiz] onuň; öz *(erkek adam barada)*;
**her** [hə:] onuň, öz *(aýal maşgala barada)*;
**its** [its] onuň; öz; (zat we haýwanlar hakda)
**our** [ˊauə] biziň;
**their** [ðeə] olaryň, öz.

## Degişlilik çalyşmalarynyň doly görnüşi

**mine** [main] meniňki;
**yours** [jɔ:z] seniňki, siziňki;
**his** [hiz] onuňky *(erkek adam barada)*;
**hers** [hə:z] onuňky *(aýal maşgala barada)*;
**its** [its] onuňky; (zat we haýwanlar hakda)
**ours** [ˊauəz] biziňki;
**theirs** [ðeəz] olaryňky.

## Görkezme çalyşmalary

**this** [ðis] bu, şu;
**that** [ðæt] ol, şol, hol;
**these** [ði:z] bular, şular.
**those** [ðouz] olar.

## Sorag sözleri

**who** [hu:] kim?
**what** [wɔt] näme?
**which** [witʃ] haýsy?
**why** [wai] näme üçin?
**when** [wen] haçan?
**where** [wɛə] nire, nirä, nirede, nireden?
**whose** [hu:z] kimiň?
**how** [hau] nähili, neneň?
**how many** [ˈhauˏmeni] näçe sany?
**how much** [ˈhauˏmʌtʃ] näçe?
**how old** [ˈhauˏould] näçe ýaşynda?

## Hepdäniň günleri

**Sunday** [ˈsʌndi] ýekşenbe.
**Monday** [ˈmʌndi] duşenbe.
**Tuesday** [ˈtjuzdi] sişenbe.
**Wednesday** [ˈwenzdi] çarşenbe.
**Thursday** [ˈθə:zdi] penşenbe.
**Friday** [ˈfraidi] anna, juma.
**Saturday** [ˈsætədi] şenbe.

## Aý atlary

**January** [ˈʤænjuəri] ýanwar.
**February** [ˈfebruəri] fewral.
**March** [mɑ:tʃ] mart.
**April** [ˈeiprəl] aprel.
**May** [mei] maý.
**June** [dʒu:n] iýun.
**July** [dʒu:ˈlai] iýul.
**August** [ˈɔ:gəst] awgust.
**September** [səpˈtembə] sentýabr.
**October** [ɔkˈtoubə] oktýabr.
**November** [nouˈvembə] noýabr.
**December** [diˈsembə] dekabr.

# Sanlar

| Mukdar sanlar | Tertip sanlar |
|---|---|
| 1– one [wʌn] | $1^{st}$ first [fə:st] |
| 2 – two [tu:] | $2^{nd}$ second [΄sekənd] |
| 3 – three [θri:] | $3^{rd}$ third [θə:d] |
| 4 – four [fɔ:] | $4^{th}$ fourth [fɔ:θ] |
| 5 – five [faiv] | $5^{th}$ fifth [fifθ] |
| 6 – six [siks] | $6^{th}$ sixth [siksθ] |
| 7 – seven [sevn] | $7^{th}$ seventh [΄sevnθ] |
| 8 – eight [eit] | $8^{th}$ eighth [eitθ] |
| 9 – nine [nain] | $9^{th}$ ninth [nainθ] |
| 10 – ten [ten] | $10^{th}$ tenth [tenθ] |
| 11 – eleven [i΄levn] | $11^{th}$ eleventh [i΄levnθ] |
| 12 – twelve [twelv] | $12^{th}$ twelfth [twelvθ] |
| 13 – thirteen [΄θə:΄ti:n] | $13^{th}$ thirteenth [΄θə:΄ti:nθ] |
| 14 – fourteen [΄fɔ:΄ti:n] | $14^{th}$ fourteenth [΄fɔ:΄ti:nθ] |
| 15 – fifteen [΄fif΄ti:n] | $15^{th}$ fifteenth [΄fif΄ti:nθ] |
| 16 – sixteen [΄siks΄ti:n] | $16^{th}$ sixteenth [΄siks΄ti:nθ] |
| 17 – seventeen [΄sevn΄ti:n] | $17^{th}$ seventeenth [΄sevn΄ti:nθ] |
| 18 – eighteen [΄ei΄ti:n] | $18^{th}$ eighteenth [΄ei΄ti:nθ] |
| 19 – nineteen [΄nain΄ti:n] | $19^{th}$ nineteenth [΄nain΄ti:nθ] |
| 20 – twenty [΄twenti] | $20^{th}$ twentieth [΄twenti:θ] |
| 21 – twenty-one [΄twenti΄wʌn] | $21^{st}$ twenty-first [΄twenti΄fə:st] |
| 30 – thirty [΄θə:ti] | $30^{th}$ thirtieth [΄θə:ti:θ] |
| 31 – thirty-one [΄θə:ti΄wʌn] | 31 thirty-first [΄θə:ti΄fə:st] |
| 40 – forty [΄fɔ:ti] | $40^{th}$ fortieth [΄fɔ:ti:θ] |
| 41 – forty-one [΄fɔ:ti΄wʌn] | $41^{st}$ forty-first [΄fɔ:ti΄fə:st] |
| 50 – fifty [΄fifti] | $50^{th}$ fiftieth [΄fifti:θ] |
| 51 – fifty-one [΄fifti΄wʌn] | $51^{st}$ fifty-first [΄fifti΄fə:st] |

| | |
|---|---|
| 60 – sixty [′siksti] | $60^{th}$ sixtieth [′siksti:θ] |
| 61 – sixty-one [′siksti′wʌn] | $61^{st}$ sixty-first [′siksti′fə:st] |
| 70 – seventy [′sevnti] | $70^{th}$ seventieth [′sevnti:θ] |
| 71 – seventy-one [′sevnti′wʌn] | $71^{st}$ seventy-first [′sevnti′fə:st] |
| 80 – eighty [′eiti] | $80^{th}$ eightieth [′eiti:θ] |
| 81 – eighty-one [′eiti′wʌn] | $81^{st}$ eighty-first [′eiti′fə:st] |
| 90 – ninety [′nainti] | $90^{th}$ ninetieth [′nainti:θ] |
| 99 – ninety nine [′nainti′nain] | $99^{th}$ ninety ninth [′nainti′nainθ] |
| 100 – one hundred<br>[′wʌn′hʌndrəd] | $100^{th}$ one hundredth<br>[′wʌn′hʌndrədθ] |
| 121 – one hundred and twenty one<br>[′wʌn′hʌndrədən′twenti′wʌn] | 121 one hundred and twen-ty first<br>[′wʌn′hʌndrədən′twenti′fə:st] |
| 200 – two hundred<br>[′tu:′hʌndrəd] | $200^{th}$ two hundredth<br>[′tu:′hʌndrədθ] |
| 300 – three hundred<br>[′θri:′hʌndrəd] | $300^{th}$ three hundredth<br>[′θri:′hʌndrədθ] |
| 400 – four hundred<br>[′fɔ:′hʌndrəd] | $400^{th}$ four hundredth<br>[′fɔ:′hʌndrədθ] |
| 500 – five hundred<br>[′faiv′hʌndrəd] | $500^{th}$ five hundredth<br>[′faiv′hʌndrədθ] |
| 600 – six hundred<br>[′siks′hʌndrəd] | $600^{th}$ six hundredth<br>[′siks′hʌndrədθ] |
| 700 – seven hundred<br>[′sevn′hʌndrəd] | $700^{th}$ seven hundredth<br>[′sevn′hʌndrədθ] |
| 800 – eight hundred<br>[′eit′hʌndrəd] | $800^{th}$ eight hundredth<br>[′eit′hʌndrədθ] |
| 900 – nine hundred<br>[′nain′hʌndrəd] | $900^{th}$ nine hundredth<br>[′nain′hʌndrədθ] |
| 999 – nine hundred and ninety-nine<br>[′nain′hʌndrədən′nainti′nain] | $999^{th}$ nine hundred and ni-nety-ninth<br>[′nain′hʌndrədən′nainti′nainθ] |
| 1000 – one thousand<br>[′wʌn′θauz(ə)nd] | $1000^{th}$ thousandth<br>[θauz(ə)ndθ] |

| | |
|---|---|
| 1001 – one thousand and one | 1001st one thousand and first |
| 1121 – one thousand one hundred and twenty one | 1121st one thousand one hundred and twenty first |
| 1.000.000 – one million [ˈwʌnˈmiljən] | 1000000th one millionth [ˈwʌnˈmiljənθ] |

## B e l l i k

Adatça, Britan iňlis dilinde goşma sanlarda ýüzlükler bilen onluklaryň arasynda, onluklar bolmasa, ýüzlükler bilen birlikleriň arasynda, ýüzlüklerem bolmasa, müňlükler bilen birlikleriň arasynda **«and»** baglaýjysy ulanylýar: ***two hundred and thirty two.*** *Amerikan iňlis dilinde bolsa,* ***«and»*** *ulanylmaýar:* ***two hundred thirty two.***

## Ýyl aňladylyşy

Ýyl aňladýan sanlar iki san-iki san bölünip, aýry-aýry aýdylýar.

1985 nineteen eighty-five. 1903 nineteen-oh-three.
2003 twenty-oh-three. 1900 nineteen-oh-oh.

## Hasap amallary

Six can be divided by two and three – alty ikä we üçe bölünýär.
Three twos make six – üç ikimiz alty bolýar.
Two and three make five – ikä üçi goşsaň, bäş bolýar.
Six subtracted by two make four – altydan ikini aýyrsaň, dört galýar.

## Ýaşyň aýdylyşy

He is forty-six (he's 46 years old) – ol kyrk alty ýaşynda.

She's in her sixties (she is between 60 and 69 years old) – ol aýal ýetmişiň onunda .

## Wagt aňladylyşy

We left at two twenty-five (25 minutes after two) – biz iki ýigrimi bäşde (üçden 25 minut işlände) gitdik.

## Ölçeg aňladylyşy

This shirt is a thirty-eight (size 38) – bu köýnegiň ölçegi otuz sekiz.

## Bahalaryň aýdylyşy

It costs eight seventy-five ($ 8.75 ýa-da 8 dollars 75 cents). Munuň bahasy sekiz dollar ýetmiş bäş sent.

## Temperaturanyň aňladylyşy

The temperature fell to minus fourteen (- 14) degrees – howanyň temperaturasy minus 14 gradusa çenli aşak düşdi.

## Oýun hasabynyň aňladylyşy

He won the first set six-three – ol birinji tapgyry alty-üç hasaby bilen utdy.

## Ölçeg birlikleri

### Uzynlyk ölçegleri

1 inch [intʃ] = 2,54 cm.
1 foot [fu:t] = 1/3 yard = 12 inch = 30,48 cm.
1 yard [jɑ:d] = 35,9 inch = 3 foot = 91,4 cm.
1 mile [mail] = 1. gury ýer mili = 1609 m = 1,6 km.
2. Deňiz mili / geografik mil = 1853 m = 1,8 km.

1 cm = 0.39 inch.
1 m = 39,4 inch = 3,28 foot = 1,09 yard = 100 cm.
1 km = 1094 yard = 0,6 mile = 1000 metr.

## Agram ölçegleri

1 ounce [ɑun(t)s] = 28,3 g.
1 pound [paund] = 16 ounce = funt; öň gyzyl-kümüş çekmek üçin ulanylan funt = 373,2 g; häzirki zaman agram birligi hökmünde = 453,6 g = 0,45 kg.
1 g = 0,035 ounce.
1 kg = 2,2 pound = 1000 g.
1 tonne [tʌn] = 2204,6 pound = 1000 kg.

## Suwuk jisimleriň göwrüm ölçegleri

1 pint [pint] = 0,568 l (Angl.); 0,473 l (ABŞ).
1 gallon [ˈgælən] = 8 pint = 4,54 l (Angl.); 3,78 l (ABŞ).
1 litre [ˈliːtə] = 1,76 pint = 0,22 gal.

## Meýdan ölçegi

1 acre [ˈeikə] = 0,4 hectare = 4000 kwadrat metr.
1 hectare [ˈhektɛə/ˈhektɑː] = 2,47 acre = 10000 kwadrat metr.

## Temperatura ölçegleriniň tapawudy

| | Farengeýt ölçegi | Selsiý ölçegi |
|---|---|---|
| Gaýnama nokady | 212 | 100 |
| Doňma nokady | 32 | 0 |
| Absolýut nol temperaturasy | -459,67 | -273,15 |

Farengeýt ölçeginden Selsiý ölçegine geçmek üçin, berlen sandan 32-ni aýryp, dokuzdan bäşe köpeltmeli.

Selsiý ölçeginden Farengeýt ölçegine geçmek üçin, berlen sany dokuzdan bäşe köpeldip, 32-ni goşmaly.

# Sözlükde ulanylan nädogry işlikleriň sanawy

**awake** [ə′weik] (awoke; awoken)
**bear** [bɛə] (bore; born, borne)
**beat** [bi:t] (beat; beat, beaten)
**become** [bi′kʌm] (became; become)
**begin** [bi′gin] (began; begun)
**bend** [bend] (bent)
**bind** [baind] (bound)
**bite** [bait] (bit; bit, bitten)
**bleed** [bli:d] (bled)
**blow** [blou] (blew; blown)
**break** [breik] (broke; broken)
**breed** [bri:d] (bred)
**bring** [briŋ] (brought)
**build** [bild] (built)
**burn** [bə:n] (burnt, burned)
**buy** [bai] (bought)
**can** [kæn, kən, kn] (could)
**catch** [kætʃ] (caught)
**choose** [ʧu:z] (chose; chosen)
**come** [kʌm] (came; come)
**cost** [kɔst] (cost)
**cut** [kʌt] (cut)
**dig** [dig] (dug)
**do** [du:] (did; done)
**draw** [drɔ:] (drew; drawn)
**dream** [dri:m] (dreamt, dreamed)
**drink** [driŋk] (drank; drunk)
**drive** [draiv] (drove; driven)
**eat** [i:t] (ate; eaten)
**fall** [fɔ:l] (fell; fallen)
**feed** [fi:d] (fed)
**feel** [fi:l] (felt)
**fight** [fait] (fought)
**find** [faind] (found)
**fly** [flai] (flew; flown)
**forget** [fə′get] (forgot; forgotten)
**forgive** [fə′giv] (forgave; forgiven)
**freeze** [fri:z] (froze; frozen)
**get** [get] (got)
**give** [giv] (gave; given)
**go** [gou] (went; gone)
**grow** [grou] (grew; grown)
**hang** [hæŋ] (hung)
**have** [hæv] (had)
**hide** [haid] (hid; hidden)
**hit** [hit] (hit)
**hold** [hould] (held)
**keep** [ki:p] (kept)
**know** [nou] (knew; known)
**lay** [lei] (laid)
**lead** [li:d] (lead)
**lean** [li:n] (leaned, leant)
**learn** [lə:n] (learned, learnt)
**leave** [li:v] (left)

**lend** [lend] (lent)
**let** [let] (let)
**lie** [lai] (lay; lain)
**light** [lait] (lit)
**lose** [lu:z] (lost)
**make** [meik] (made)
**may** [mei] (might)
**mean** [mi:n] (meant)
**meet** [mi:t] (met)
**pay** [pei] (paid)
**put** [put] (put)
**read** [ri:d] (read [red])
**ride** [raid] (rode; ridden)
**ring** [riŋ] (rang; rung)
**run** [rʌn] (ran; run)
**say** [sei] (said)
**see** [si:] (saw; seen)
**sell** [sel] (sold)
**send** [send] (sent)
**set** [set] (set)
**sew** [sou] (sewed; sewn, sewed)
**shake** [ʃeik] (shook; shaken)
**shine** [ʃain] (shone)
**shoot** [ʃu:t] (shot)
**show** [ʃou] (showed; shown, showed)
**shut** [ʃʌt] (shut)
**sing** [siŋ] (sang; sung)
**sink** [siŋk] (sank; sunk)
**sit** [sit] (sat)
**sleep** [sli:p] (slept)
**smell** [smel] (smelt, smelled)
**speak** [spi:k] (spoke; spoken)
**spend** [spend] (spent)
**spoil** [spɔil] (spoilt, spoiled)
**spread** [spred] (spread)
**spring** [spriŋ] (sprang; sprung)
**stand** [stænd] (stood)
**steal** [sti:l] (stole; stolen)
**stick** [stik] (stuck)
**swear** [swɛə] (swore; sworn)
**sweep** [swi:p] (swept)
**swell** [swel] (swelled; swelled, swollen)
**swim** [swim] (swam; swum)
**swing** [swiŋ] (swung)
**take** [teik] (took; taken)
**teach** [ti:ʧ] (taught)
**tear** [tiə] (tore; torn)
**tell** [tel] (told)
**think** [θiŋk] (thought)
**throw** [θrou] (threw; thrown)
**understand** [ˌʌndəˈstænd] (understood)
**undo** [ˈʌnˈdu:] (undid; undone)
**wake** [weik] (woke; woken)
**wear** [wɛə] (wore; worn)
**win** [win] (won)
**write** [rait] (wrote; written)

**Abu Dhabi** [ə´bu:´dɑ:bi] Abu Dabi
**Addis Ababa** [´ædis´æbəbə] Addis-Abeba
**Adriatic Sea** [ˌeidri´ætik´si:] Adriatik deňzi
**Afghanistan** [æf´gænistæn] Owganystan
**Africa** [´æfrikə] Afrika
**Albania** [æl´beinjə] Albaniýa
**Algeria** [æl´ʤiəriə] Alžir
**Alma-Aty** [´ɑ:lməə´ti:] Alma Aty
**America** [ə´merikə] Amerika
**Amsterdam** [´æmstə´dæm] Amsterdam
**Amudarya** [ə´mu:də´rjɑ:] Amyderýa
**Angola** [æŋ´goulə] Angola
**Ankara** [´æŋkərə] Ankara
**Antarctic Continent** [ænt´ɑ:ktik´kɔntinənt] Antarktida
**Antarctic Region** [ænt´ɑ:ktik´ri:ʤən] Antarktika
**Arabia** [ə´reibjə] Arabystan ýarym adasy
**Arabian Sea** [ə´reibjən´si:] Arap deňzi
**Aral Sea** [´ɑ:rəl´si:] Aral deňzi
**Ararat** [´ærəræt] Ararat dagy
**Arctic Ocean** [´ɑ:ktik´ouʃən] Demirgazyk Buzly okean
**Arctic Region** [´ɑ:ktik´ri:ʤən] Arktika
**Argentina** [ˌɑ:ʤən´ti:nə] Argentina
**Armenia** [ɑ:´mi:njə] Ermenistan
**Ashgabad** [ˌæʃgə´bɑ:d] Aşgabat
**Asia** [´eiʃə] Aziýa
**Asia Minor** [´eiʃə´mainə] Kiçi Aziýa
**Astrakhan** [ˌæstrə´kæn] Astrahan
**Athens** [´æθinz] Afina
**Atlantic Ocean** [ət´læntik´ouʃən] Atlantik okean
**Australia** [ɔs´treiljə] Awstraliýa
**Austria** [´ɔstriə] Awstriýa
**Azerbaijan** [ˌæzəbai´ʤɑ:n] Azerbaýjan
**Azof, Sea of** [´si:əv´ɑ:zɔf] =
**Azov, Sea of** [´si:əv´ɑ:zɔv] Azow deňzi
**Bab el Mandeb** [´bæbel´mændeb] Bab-el-Mandeb bogazy
**Bag(h)dad** [bæg´dæd] Bagdat
**Bahrain, Bahrein** [bə´rein] Bahreýn
**Baikal** [bai´kɑ:l] Baýkal köli
**Baku** [bʌ´ku:] Baku
**Balkan Peninsula** [´bɔ:lkənpi´ninsjulə] Balkan ýarym adasy

**Baltic Sea** [ˈbɔ:ltikˈsi:] Baltika deňzi
**Bangladesh** [ˈbæŋgləˈdeʃ] Bangladeş
**Barents Sea** [ˈbɑ:rəntsˈsi:] Barens deňzi
**Basra** [ˈbæzrə] Basra
**Beirut** [beiˈru:t] Beýrut
**Belgium** [ˈbelʤəm] Belgiýa
**Bering Sea** [ˈberiŋˈsi:] Beriň deňzi
**Bering Strait** [ˈberiŋˈstreit] Beriň bogazy
**Berlin** [bə:ˈlin] Berlin
**Black Sea** [ˈblækˈsi:] Gara deňiz
**Bokhara** [bouˈkɑ:rə] = **Bukhara** [buˈkɑ:rə]
**Bolivia** [bəˈliviə] Boliwiýa
**Bombay** [bɔmˈbei] Bombeý
**Bonn** [ˈbɔn] Bonn
**Bosporus** [ˈbɔspərəs] Bosfor bogazy
**Brasilia** [brəˈzilia] Braziliýa
**Brazil** [brəˈzil] Braziliýa (ýurt)
**Britain** [ˈbritn] = **Great Britain**
**Brussels** [ˈbrʌslz] Brüssel
**Bucharest** [ˌbju:kəˈrest] Buharest
**Bukhara** [buˈkɑ:rə] Buhara
**Bulgaria** [bʌlˈgɛəriə] Bolgariýa
**Belarus** [ˌbʌelouˈrus] Belorus

**Cairo** [ˈkaiərou] Kair
**California** [ˌkæliˈfɔ:njə] Kaliforniýa
**Cambridge** [ˈkeimbriʤ] Kembrij
**Canada** [ˈkænədə] Kanada
**Caribbean (Sea)** [ˌkæriˈbi(:)ən(ˈsi:)] Karib deňzi
**Chile** [ˈʧili] Çili
**China** [ˈʧainə] Hytaý; Chinese People's Republic – Hytaý Halk Respublikasy
**Copenhagen** [ˌkoupnˈheigən] Kopengagen
**Crimea, the** [kraiˈmiə] Krym
**Cuba** [ˈkju:bə] Kuba
**Cyprus** [ˈsaiprəs] Kipr

**Damascus** [dəˈmɑ:skəs] Damask
**Danube** [ˈdænju:b] Dunaý (derýasy)
**Dardanelles** [ˌdɑ:dəˈnelz] Dardanel bogazy
**Denmark** [ˈdenmɑ:k] Daniýa
**Dublin** [ˈdʌblin] Dublin.
**Dushambe** [ dju:ˈʃɑ:mbə] Duşenbe

**Edinburgh** [ˈedinbərə] Edinburg
**Egypt** [ˈi:ʤipt] Müsür
**Elbrus, Elbruz** [elˈbru:z] Elbrus (dagy)
**England** [ˈiŋglænd] Angliýa
**English Channel** [ˈiŋgliʃˌʧænl] La-Manş bogazy

**Estonia** [es´tounjə] Estoniýa
**Ethiopia** [ˌi:θi´oupjə] Hebeşistan
**Europe** [´juərəp] Ýewropa
**Finland** [´finlænd] Finlyandiýa
**France** [frɑ:ns] Fransiýa
**Geneva** [ʤi´ni:və] Ženewa
**Georgia I** [´ʤɔ:ʤjə] Jorjiýa (ABŞ-da ştat ady)
**Georgia II** [´ʤɔ:ʤjə] Gürjüstan
**Germany** [´ʤə:məni] Germaniýa
**Gibraltar** [ʤi´brɔ:ltə] Gibraltar bogazy
**Great Britain** [´greit´britn] Beýik Britaniýa
**Greece** [gri:s] Gresiýa
**Greenland** [´gri:nlænd] Grinlandiýa

**Hague, the** [heig] Gaaga
**Hanoi** [hæ´noi] Hanoý
**Havana** [hə´vænə] Gawana
**Helsinki** [´helsiŋki] Helsinki
**Herat** [he´ræt] Hyrat
**Himalaya(s), the** [ˌhimə´leiə(z)] Gimalaý (daglary)
**Hindu Kush** [´hindu:´ku:ʃ] Hindiguş (daglary)
**Hiroshima** [ˌhirɔ´ʃimə] Hirosima
**Holland** [´hɔlənd] Gollandiýa
**Hong Kong** [hɔŋ´kɔŋ] Gonkong
**Hungary** [´hʌŋgəri] Wengriýa

**Iceland** [´aislænd] Islandiýa
**India** [´indjə] Hindistan
**Indian Ocean** [´indjən´ouʃən] Hind okeany
**Indonesia** [ˌindou´ni:zjə] Indoneziýa
**Iran** [i´rɑ:n] Eýran
**Iraq** [i´ra:k] Yrak
**Ireland** [´aiələnd] Irlandiýa
**Israel** [´izreiəl] Ysraýyl
**Istanbul** [ˌistæn´bu:l] Stambul
**Italy** [´itəli] Italiýa

**Jakarta** [ʤə´kɑ:tə] Jakarta
**Japan** [ʤə´pæn] Ýaponiýa
**Jerusalem** [ʤə´ru:sələm] Ýerussalim
**Jidda** [´ʤidə] Jidda
**Jordan** [´ʤɔ:dn] Ýordaniýa

**Kabul** [´kɔ:bl] Kabul
**Karachi** [kə´rɑ:ʧi] Karaçi
**Kashmir** [kæʃ´miə] Kaşmir
**Kazakhstan** [ˌkɑ:zɑ:hˌstɑ:n] Gazagystan
**Kiev** [´ki:jef] Kiýew
**Kyrg(h)yzstan** [kir´gizstɑ:n] Gyrgyzstan
**Kishinev** [ˌkiʃi´njɔ:f] Kişinýow
**Korea** [kə´riə] Koreýa
**Kuwait** [ku´weit] Kuweýt

**Laos** [lauz] Laos

**Latvia** [ˈlætviə] Latwiýa
**Lebanon** [ˈlebənən] Liwan
**Leipzig** [ˈlaipzig] Leýpsig
**Liberia** [laiˈbiəriə] Liberiýa
**Libia** [ˈlibiə] = **Libya** [ˈlibiə] Liwiýa
**Lisbon** [ˈlizbən] Lissabon
**Lithuania** [ˌliθu(:)ˈeinjə] Litwa
**Liverpool** [ˈlivəpu:l] Liwerpul
**London** [ˈlʌndən] London
**Los Angeles** [lɔsˈænʤili:z] Los Anželes
**Luxemburg** [ˈlʌksəmbə:g] Lýuksemburg

**Macedonia** [ˌmækiˈdɔnjə] Makedoniýa
**Madagascar** [ˌmædəˈgæskə] Madagaskar
**Madras** [məˈdrɑ:s] Madras
**Madrid** [məˈdrid] Madrid
**Malaysia** [məˈleiziə] Malaýziýa
**Manhattan** [mænˈhætən] Mänhäten
**Marmara (Marmora), Sea of** [ˈsi:əvˈmɑ:mərə] Mermer deňzi
**Mecca** [ˈmekə] Mekke
**Medina** [meˈdi:nə] Medine
**Mediterranean Sea** [ˌmeditəˈreinjənˈsi:] Ortaýer deňzi
**Mesopotamia** [ˌmesəpəˈteimjə] Mesopotamiýa
**Mexico** [ˈmeksikou] Meksiko
**Mexico (City)** [ˈmeksikou(ˈsiti)] Mehiko
**Milan** [miˈlæn] Milan
**Minsk** [minsk] Minsk
**Mississippi** [ˌmisiˈsipi] Misisipi
**Missouri** [miˈzuəri] Missuri
**Moldova** [mɔlˈdouvə] Moldowa
**Mongolia** [mɔŋˈgouljə] Mongoliýa
**Morocco** [məˈrokou] Morokko
**Moscow** [ˈmoskou] Moskwa
**Munich** [ˈmju:nik] Münhen

**Nagasaki** [ˌnægəˈsɑ:ki] Nagasaki
**Nairobi** [ˌnaiəˈroubi] Naýrobi
**Naples** [ˈneiplz] Neapol
**Nepal** [niˈpɔ:l] Nepal
**Netherlands** [ˈneðəlændz] Niderlandlar
**Neva** [ˈneivə] Newa derýasy
**New York** [ˈnju:ˈjɔ:k] Nýu Ýork
**New Zealand** [nju:ˈzi:lənd] Täze Zelandiýa
**Nicaragua** [ˌnikəˈrægjuə] Nikaragua
**Niger** [ˈnaiʤə] Niger
**Nigeria** [naiˈʤiəriə] Nigeriýa
**Nile** [nail] Nil (derýasy)
**North Korea** [ˈnɔ:θkəˈriə] Demirgazyk Koreýa
**North Pole** [ˈnɔ:θˈpoul] Demirgazyk Polýus
**Norway** [ˈnɔ:wei] Norwegiýa

**Nuremberg, Nürnberg** [ˈnjuərəmbə:g, ˈnju:rnberh] Nürnberg

**Oceania** [ˌouʃiˈeinjə] Okeaniýa
**Oder** [ˈoudə] Oder (derýasy)
**Odessa** [ouˈdesə] Odessa
**Oslo** [ˈɔzlou] Oslo
**Ottawa** [ˈɔtəwə] Ottawa
**Oxford** [ˈɔksfəd] Oksford

**Pacific Ocean** [pəˈsifikˈouʃən] Ýuwaş okean
**Pakistan** [ˌpɑ:kisˈtɑ:n] Pakistan
**Palestine** [ˈpælistain] Palestina
**Pamirs, the** [pəˈmiəz] Pamir daglary
**Panama** [ˌpænəˈmɑ:] Panama
**Paraguay** [ˈpærəgwai] Paragwaý
**Paris** [ˈpæris] Pariž
**Peking** [pi:ˈkiŋ] Pekin
**Persian Gulf** [ˈpə:ʃənˈgʌlf] Pars aýlagy
**Peru** [pəˈru:] Peru
**Poland** [ˈpoulənd] Polşa
**Portugal** [ˈpɔ:tjugəl] Portugaliýa
**Prague** [prɑ:g] Praga

**Qatar** [ˈkɔ:tə] Katar
**Reykjavik** [ˈreikjəvi:k] Reýkýawik
**Riga** [ˈri:gə] Riga
**Rio de Janeiro** [ˈri:oudəʤəˈniərou] Rio-de-Žaneýro
**Romania** [rɔˈmeinjə] = R(o)umania.
**Rome** [roum] Rim
**R(o)umania** [ru:ˈmeinjə] Rumyniýa
**Russia** [rʌʃə] Orusýet

**Sahara** [səˈhɑ:rə] Sahara çöllügi
**Saigon** [saiˈgɔn] Saýgon
**Sakhalin** [ˌsækəˈli:n] Sahalin
**Saudi Arabia** [ˈsaudiəˈreibjə] Saud Arabystany
**Scotland** [ˈskɔtlənd] Şotlandiýa
**Seoul** [səul] Seul
**Serbia** [ˈsə:bjə] Serbistan
**Shanghai** [ʃæŋˈhai] Şanhaý
**Siberia** [saiˈbiəriə] Sibir
**Singapore** [ˌsingəˈpɔ:] Singapur
**Sofia** [ˈsoufjə] Sofiýa
**Somalia** [souˈmɑ:liə] Somali
**South Korea** [ˈsauθkəˈriə] Günorta Koreýa
**South Pole** [ˈsauθˈpoul] Günorta polýus
**Spain** [spein] Ispaniýa
**Stockholm** [ˈstɔkhoum] Stokgolm
**Sudan, the** [su:ˈdɑ:n] Sudan
**Suez Canal** [ˈsu:izkəˈnæl] Sues kanaly
**Sweden** [ˈswi:dn] Şwesiýa
**Switzerland** [ˈswitsəlænd] Şweýsariýa

**Sydney** [ˊsidni] Sidneý
**Syrdarya** [ˊsirdɑ:rˊjɑ:] Syr deréya
**Syria** [ˊsiriə] Siriýa
**Tabriz** [təˊbri:z] Töwriz
**Ta(d)jikistan** [tɑ:ˏʤikiˊstɑ:n] Täjigistan
**Taiwan** [taiˊwæn] Taýwan
**Tallin(n)** [ˊtɑ:lin] Tallin
**Tanzania** [ˏtænzəˊnijə] Tanzaniýa
Tashkent [tæʃˊkent] Daşkent
**Tbilisi** [tbiˊli:si] Tbilisi
**Teh(e)ran** [tiəˊrɑ:n] Tähran
**Tel Aviv** [ˊteləˊvi:v] Tel-Awiw
**Thailand** [ˊtailænd] Taýland
**Thames** [temz] Temza deréyasy
**Thibet = Tibet** [tiˊbet] Tibet
**Tien Shan** [tiˊenˊʃɑ:n] Týan-Şan daglary
**Tigris** [ˊtaigris] Tigr deréyasy
**Tirana** [tiˊrɑ:nə] Tirana
**Tokyo** [ˊtoukjou] Tokio
**Tripoli** [ˊtripəli] Tripoli
**Tunis** [ˊtju:nis] Tunis
**Turkey** [ˊtə:ki] Türkiýe
**Turkmenistan** [ˏtə:kmeniˊstɑ:n] Türkmenistan

**Uganda** [ju:ˊgændə] Uganda
**Ukraine, the** [ju:ˊkrein] Ukraina
**Ulan Bator** [ˊu:lɑ:nˊbɑ:tə] Ulan-Bator
**United Arab Emirats** [ju:ˊnaitidˊærəbeˊmiərits] Birleşen Arap Emirligi
**United Kingdom of Great Britain and Northern Ireland** [ju:ˊnaitidˊkiŋdəməvˊgreitˊbritnənˊnɔ:ðənˊaiəlænd] Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Korollygy
**United States of America** [ju:ˊnaitidˊsteitsəvəˊmerikə] Amerikanyň Birleşen Ştatlary
**Urals, the** [ˊjuərəlz] Ural daglary
**Uruguay** [ˊurugwai] Urugwaý
**Uzbekistan** [ˏuzbekiˊstɑ:n] Özbegistan

**Vatican** [ˊvætikən] Watikan
**Venezuela** [ˏvenəˊzweilə] Wenesuela
**Vienna** [viˊenə] Wena
**Vietnam** [ˊvjetˊnɑ:m] Wýetnam
**Vilnius, Vilnyus** [ˊvilniəs] Wilnýus
**Volga** [ˊvolgə] Wolga deréyasy

**Wales** [weilz] Wels
**Warsaw** [ˊwɔ:sɔ:] Warşawa
**Washington** [ˊwɔʃiŋtən] Waşington

**Yalta** [ˊjæltə] Ýalta
**Yemen** [ˊjemən] Ýemen
**Yerevan** [ˏjereˊvɑ:n] Ýerewan

**Zambia** [ˊzæmbiə] Zambiýa
**Zurich** [ˊzjuərik] Sürih

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. **W. K. Müller** «English-Russian dictionary»; Moscow, Russian Language Publishers 1977.
2. Oxford English-Turkish and Turkish-English Dictionary, 75000 entries, 1988.
3. Practical English Dictionary. Holland Enterprises ltd., London. Printed in Cuba.
4. **Nicholas Horsburgh** «Vikas English Junior Dictionary». Consulting editor: David Horsburgh Madhuban Educational Books. Printed at NEW PRINTINDIA PVT LTD Sahibabad, U.P. (India).
5. **В. Д. Аракин, Г. М. Уайзер, С. К. Фоломкина** «Словарь наиболее употребительных слов английского языка» 3250 слов. Под общей редакцией И. В. Рахманова, издание 4-е, стереотипное; Москва «Русский язык»-1984.
6. **A. Gurbanov, L. Gurbanova, F. Nurgeldiýeva** «Iňlis dili, 9». Ashabat 2007.
7. **A. Gurbanov, L. Gurbanowa, A. Myradov** «Iňlis dili», Aşgabat.- 2006.
8. **O. O. Soltanova, G. L. Sariyeva** «English, 6». Ashgabat 2001.
9. **A. G. Gurbanov, E. Agamyradova** «English, 5» Ashgabat, 2008.
10. **D. G. Plaksin, G. D. Bayramov, N. S. Bayramov** «English, 4» Ashgabat, 2009.

**Mekdep kitaphanasy**

*Dörtguly Baýsähedow*

# IŇLISÇE-TÜRKMENÇE SÖZLÜK


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Pirnepesowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Babalyýewa* |

Ýygnamaga berildi 3.11.2008. Çap etmäge rugsat edildi 03.11.2009. Möçberi 60x90 1/16. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12.0. Şertli reňkli ottiski 24,28. Hasap-neşir listi 12,32. Çap listi 12,0. Sargyt 2777. Sany 25000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Lebap welaýat çaphanasy.
746100. Türkmenabat ş., Bitarap Türkmenistan köçesi, 105